TÜRKMENISTANYŇ YLYMLAR AKADEMIÝASY
MILLI GOLÝAZMALAR INSTITUTY

# TÜRKMEN HALK ERTEKILERI

## ( HAÝWANLAR HAKYNDAKY ERTEKILER )

**Çapa taýýarlan**

**Nury Seýidow**

**AŞGABAT - 2012**

***Halk döredijiliginiň iň meşhur we ýörgünli görnüşi bolan ertekileriň haýwanlar hakyndaky toparyny öz içine alýan bu ýygynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar institutynyň hazynasynda saklanýan ertekileriň iň kämil nusgalary alyndy. Çuň mazmunly, örän şüweleňli we ýeňil okalýan bu ertekilerde durmuşyň möhüm meseleleri, ynsan gatnaşyklarynda ýüze çykýan ýagdaýlar göçme manyda haýwanlaryň keşpleriniň üsti bilen teswirlenýär. Ata-babalarymyzyň paýhasy siňen, asyrlaryň dowamynda kämilleşip, nesilleriň edep mekdebine öwrülen ertekiler ýaşlary milli ruhy gymmatlyklar esasynda terbiýelemekde uly ähmiýete eýedir.***

## NESILLERIŇ EDEP MEKDEBI

Ata-babalarymyz asyrlarboýy ynsan durmuşynyň gözelligi, jemgyýetiň ruhy kämilligi, öz nesilleriniň ahlak terbiýsiniň ýokary bolmagy üçin hemişe alada edipdirler. Munuň şeýle bolmagyny gazanmak üçin edep-terbiýe mekdebiniň özboluşly ulgamyny döredipdirler. Nesillere terbiýe bermek gündelik durmuş we hojalyk ýagdaýlarynyň, däp-dessuryň, zähmetiň, ýaşy ululary göreldesiniň, mekdeplerde berilýän ylym-bilimiň, edebi mirasyň, halk döredijiliginiň üsti bilen amala aşyrylypdyr.

Häzirki wagtda ylmyň we tehnologiýanyň iň soňky gazananlary türkmen durmuşyna giňden ornaşsa-da milli edebi-medeni mirasymyzyň nesil terbiýesi üçin zerur bolan gymmatlyklary öz ähmiýetini ýitirmeýär. Gaýtam, häzirki zaman dünýäsiniň ösüşi çagalara bilim we terbiýe bermekde, olary beden taýdan sagdyn, ruhy taýdan kämil adamlar edip ýetişdirmekde adamzadyň ylymda we tehnologiýada gazananlary bilen milli edebi-medeni mirasyň iň ajaýyp gymmatlyklaryny sazlaşykly ulanmaklygy talap edýär. Şuňa görä, Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Watanymyzyň geljegi bolan çagalaryň, ýaşlaryň dünýä derejesinde kämil ylym-bilime eýe bolmagy, ata-babalarymyzyň miras goýan milli ýörelgeleri esasynda terbiýe almagy üçin möhüm işleri amala aşyrýar. Ýurdumyzda kompýuter, internet, multimediýa, interaktiw we beýleki häzirki zaman tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylan köp sanly mekdeplerdir çagalar baglarynyň, çagalar dynç alyş we saglyk merkezleriniň, ençeme sport köşkleriniň we beýlekli terbiýeçilik-medeni binalarynyň gurulmagy ýaş nesliň şu güni we geljegi üçin edilýän aladalaryň aýdyň şaýadydyr. Paýtagtymyzdaky çagalara hyzmat edýän ajaýyp Gurjak teatry we «Ertekiler dünýäsi» atly täsin dynç alyş şäherjigi hem bagtyýar zamanamyzyň çagalaryny

milli medeniýetimiziň we edebi mirasymyzyň gymmatlyklary ruhunda terbiýelemekde uly ähmiýete eýedir.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda Beýik Galkynyş zamanasynda amala aşyrylýan beýik işler, özgertmeler edebi-folklor mirasyny öwrenijileriň öňünde hem täze wezipeleri goýýar. Edebi-folklor baýlygymyzyň nesil terbiýesine degişli eserlerini okyjylara ýetirmek şol wezipeleriň biridir. Çünki çagalaryň terbiýesinde ata-balarymyzyň paýhasy siňen, asyrlaryň dowamynda kämilleşip, nesilleriň edep mekdebine öwrülen halk döredijilik eserleriniň aýratyn orny bar. Halkyň döreden täsin we gyzykly ertekileri bolsa, hemişe ýaş nesillerde giň dünýägaraýşy kemala getirmäge, olaryň aga-gara düşünmegine, ýagşy-ýamana göz ýetirmegine ýardam edip gelipdir. «Türkmen halk ertekileri» (Haýwanlar hakyndaky ertekiler) atly bu ýygyndy hem ertekileriň nesil terbiýesindäki şeýle gymmatlygy göz öňünde tutulyp taýýarlanyldy.

Ertekiler ata-balarymyzyň döreden edebi-ruhy gymmatlyklaryňyň naýbaşylarydyr. Halk paýhasyna eýlenen şol eserler dil hem ýazuw üsti bilen nesilden-nesle geçip, biziň günlerimize gelip ýetipdir. Olary toplamak we öwrenmek işleri yzygider alnyp barlypdyr. Şu ýerde şeýle möhüm işiň taryhyna ser salmak, ertekier ýaly milli mirasyň dürdänelerini toplan, halka ýetiren adamlaryň zähmetlerini hormat bilen ýatlamak möhümdir.

Türkmen ertekileri irki döwürlerden bäri daşary ýurt alymlarynyň, syýahatçylarynyň ünsüni özüne çekip gelipdir. XX asyryň başlarynda Ýewropada, Kawkazda, Daşkentde çykan kitaplarda, dürli neşirlerde türkmen ertekileri barada ylmy garaýyşlar, olardan türkmençe we rusça nusgalar gabat gelýär.

Rus alymy A. N. Samoýlowiçiň bu ugurdaky ylmy barlaglary we neşir işleri türkmen ertekileriniň öwrenilişinde ilkinji ähmiýetli sahypalardyr. Alym 1902, 1906, 1907, 1908-njy ýyllarda Türkmenistanyň dürli ýerlerinde ylmy saparlarda bolanda türkmen edebiýatynyň we folklorynyň nusgalary boýunça toplan nusgalarynyň arasynda türkmen ertekileri hem aýratyn orun eýeleýär. Onuň ertekiler baradaky teoretiki garaýyşlary, ertekileriň asyl we rusça nusgalary

«Живая старина», «Кафманскиский сборник», «Средняя Азия» ýaly dürli neşirlerde çap edilipdir.

Türkmen ertekileriniň toplanmagynda we neşir edilip, okyjylara ýetirilmeginde ilkinji türkmen gazeti bolan «Закаспийская туземная газета» uly işler bitirýär. Onuň neşir edilen 1914-1917-nji ýyllardaky sanlarynda türkmen edebiýatynyň we halk döredijiliginiň ajaýyp nusgalary çap edilipdir. Gazet okyjylary, türkmenleriň sowatly kişilerini edebi-folklor mirasyny ýazyp alyp toplamaklyga ruhlandyrypdyr, redaksiýanyň bu babatdaky çagyyşlary netijesinde ýerli awtorlar halk halk döredijiliginiň dürli nusgalarynyň, şol sanda ertekileriň köp sanlysynyň ýazgylaryny redaksiýa ibripdirler. Olardan Alyşbeg Alyýew, Hojaly molla Myratberdi ogly, Mämmet Gurban, Ata Myrat, Muhammetguly Atabaý, Körhan Balaka, Seýitahmet işan Durdy işan ogly, Molla Ýagmyr Äraly ogly, Ata Jänek ogly, Öwez Muhammetýar, Paşşy Sadyk ogly, Molla Ymamguly Nury Ýasawul ogly, Hojaguly Nyýazguly ogly, Seýit Täjibaý we beýlekiler XX asyryň başlarynda türkmen ertekilerini ilkinji toplaýjylar we ýazga geçirijiler hökmünde ýatlanmaga mynasypdyr.

Rus alymy I. A. Belýaýew XX asyryň başlarynda Aşgabatda işlän ýyllarynda türkmen halkynyň edebi-folklor mirasyny toplamakda we öwrenmekde köp işler bitirýär. Onuň «Грамматика тγркменского языка» (Асхабад–1915) atly okuw kitabynda dil materiallaryny öwrenmek üçin türkmen halk döredijiliginden dürli nusgalar bilen birlikde «Türkmen basnýasy» ady bilen, «Buz üstünde tozan arama» diýen atalar sözüniň manysy baradaky kiçijik erteki we awtoryň Nohur obasyndan ýazyp alan «Üç sany ogry şanyna nakyldyr» we «Mekir Aýaz» atly iki sany uly erteki ýerleşdirilipdir.

Türkmen ertekileriniň ýörite toplanylyp we öwrenilip başlanynan döwri XX asyryň 20-30-njy ýyllarydyr. Ertekileriň ilkinji ýygyndysy A. Alyýew tarapyndan 1926-njy ýylda neşir edilýär. Ýygyndy arap hatynda bolup, onda 10 sany erteki ýerleşdirilipdir. Soňra 1937-njy ýylda A. Ahundow-Gürgenliniň toplap, çapa taýýarlan 37 sany ertekini öz içine alýan ýygyndysy «Bir bar eken...» ady bilen neşir edilýär. Bu döwürde dürli ýerlerde guralyp geçirlen ylmy gözlegleriň

netijesinde birnäçe türkmen ertekileri toplanylýar. Olardan 1930-njy ýylda Mary welaýatyna guralan ylmy ekspedisiýany görkezmek bolar. Bu iş bilen diňe bir alymlar, hünärmenler däl, ýerlerdäki höwesjeň toplaýjylar hem meşgulanypdyrlar. Olardan Gypjak obasyndan bolan Ata Durdy ogly, Aşgabat şäherinden A. Allaşükürow, G. Taganow, Hojaly Atanyýaz ogly, A. Nepesow ýaly birnäçe halk dördijiligini toplaýjylaryň atlary bellidir.

Türkmen ertekileriniň ýygyndylary birnäçe gezek neşir edildi. Olary toplamakda, neşire taýýarlap, çap etmekde A. Gowşudow, M. Sakaly, M. Kösäýew, K. Osmanow, A. Nyýazow, B. Garryýew, B. Çaryýarow, G. Ataýew, D. Agamämmedow, N. Kürräýew, A. Taýymow, Ş. Halmuhammedow, B. Weliýew, N. Atdaýew, G. Nazarow, M. Çaryýew, Ý. Nurlyýew, N. Şükürow, A. Baýmyradow, Ş. Geldiýewa ýaly alymlar uly işler bitirdiler.

Türkmen ertekilerini ylmy taýdan öwrenmekde hem uly işler ýerine ýetirildi. Türkmen folkloryny öwreniji M.A. Sakaliniň ertekiler hakyndaky ylmy barlaglary, makalalary onuň «Туркменский сказочный эпос» (1956) atly monografiýasynda jemlenýär. Onda türkmen ertekileriniň sýužetleriniň köp dürliligi, olaryň aýdylyş we ýaýraýyş şertleri stilistik aýratynlyklary öwrenilýär. Ilkinji gezek türkmen ertekileri haýwanlar hakyndaky, jadyly ýa-da fantastik, durmuşy ýa-da nowellistik ertekiler diýlip, tapawutly görnüşlere bölünip görkezilýär. Ertekilerde halk durmuşynyň şöhlelendirilşi beýan edilýär. Alym dünýä folkloristikasynyň tejribesi esasynda türkmen ertekileriniň ulgamly görkezçijisini düzýär. Türkmen ertekileriniň düzümini sýužetini, toparlaryny, çeperçiligini öwrenmekde uly ähmiýeti bolan bu görkezgiç kitabyň ahyrynda ýerleşdirilipdir. Mundan başga-da kitapda türkmen ertekiçileri Ata Salyhyň, Ogulgerek Gowşudowanyň we Durdy Gylyjyň halk döredijilik eserlerini ýerine ýetiriş usullary, olaryň erteki baýlyklary hakynda maglumat berýän işleri hem kitaba girizilipdir. Alymyň bu işi türkmen ertekileriniň öwrenilişine uly goşant bolmak bilen, öz ylmy ähmiýetini şu günler hem ýitirenok.

Türkmen halk döredijilik ylmynda M.A. Sakaliden soň, Ş. Halmuhamedow, B. Weliýew, A. Baýmyradow ýaly alymlar ertekileriň ylmy meselelerini işlemekde

özboluşly ugur döretdiler. Ş. Halmuhamedowyň «Türkmen ertekilerinde halk satirasynyň çeper tärleri» (1984), «Türkmen ertekilerinde durnukly çeperçilik däpleri» (1989), «Система образов туркменской сказочной сатиры» (1990) atly işlerinde, ertekiler baradaky köp sanly makalalarynda, ýygyndylara ýazan sözbaşylarynda ertekileriň ylmy meseleleri giňişleýin seljerilýär.

Ertekileriň aýry-aýry görnüşleri boýunça hem ylmy işler ýerine ýetirildi. Muňa A. Baýmyradowyň «Haýwanlar hakdaky türkmen ertekileri» (Barlaglar we tekstler) (1986), B. Weliýewiň «Türkmen folklorynda durmuşy ertekileriň gelip çykyşy» (1990) ýaly işler degişlidir. Ertekiler boýunça Ö. Abdyllaýew tarapyndan «Türkmen halk döredijiliginiň erteki žanry» (1977) diýen talyplar üçin okuw gollanmasy hem döredildi. Bulardan başga-da, ertekileriň ylmy taýdan barlagyna bagyşlanan köp sanly aýratyn makalalaryň, ertekileriň ýygyndylarynda ýerleşdirilen sözbaşy makalalaryň birnäçesi bardyr. Olarda türkmen ertekileriniň dürli meseleleri ylmy taýdan öwrenilýär.

Türkmen halk döredijiligini öwreniş ylmynda ertekiler boýunça edilen işler onuň meseleleriniň doly çözülendigini aňlatmaýar. Edebi mirasy, halk döredijiligini öwrenmek baradaky ylmymyzyň ýeten derejesi, gazanylan tejribeler türkmen ertekilerini täze ylmy usullar bilen öwrenmäge ýol açýar. Türkmen halk ertekileriniň süňňündäki ruhy kämilligi, ahlak arassalygy ündeýän paýhaslary ýüze çykarmak we olary şu günki hem geljekki nesillerimize elýeterli etmek bilen birlikde, erteki nusgalaryny toplamak, olaryň üstüni dolduryp, gaýtadan çap etmek we okyjylara ýetirmek zerurdyr.

Şundan ugur alnyp taýýarlanylan bu ýygynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar institutynyň hazynasynda saklanýan ertekileriň iň kämil nusgalary alyndy. Ýygynda giren ýüze golaý ertekiniň arasynda öň okyjylara ýetirilmedik, öňki neşirlere girmedik erteki nusgalary hem bar. Geçen asyryň 20-nji ýyllaryndan bäri halk arasyndan ýazylyp alnyp, golýazma hazynasyna tabşyrylan ertekileriň ýazgylarynyň saklanýan bukjalarynyň onlarçasy işlenilip geçildi. A. Ahundow, M. Ataşow, K. Osmanow, A. Allaşükürow, Ç. Garabekow, G. Esenow, Ş. Tekäýew we başga-da köp sanly adamlaryň dürli

döwürde ýurdumyzyň dürli etraplarynda ýaşaýan erteki aýdyjylardan ýazyp alan ertekileri şu ýygynda esas boldy. Ýygyndyda haýsy ertekiniň haýsy bukjadan alnandygy, kimiň ýazyp alandygy we beýleki käbir maglumatlar çykgytlarda görkezildi. Çykgytlarda berlen şol maglumatlarda berilýän ýer-ýurt atlary golýazmalaryň taryhylyk we asyl nusgalyk gymmatyny saklamak üçin ertekileriň ýazylyp alnan döwründe atlandyrylyşy ýaly almagy makul bildik.

Haýwanlar hakyndaky ertekileri jadyly we durmuşy ertekiler bilen deňeşdireniňde göwrüm taýdan çaklaňlaňlygy, ýordum gurluşy taýdan sadalygy bilen tapawutlanýar. Muňa garamazdan, haýwanlar hakyndaky ertekiler çuň mazmunly bolup, olar örän şüweleňli, ýeňil okalýar. Olarda ynsan durmuşynyň möhüm meseleleri çuňňur açylyp görkezilýär. Adamzat gatnaşyklarynda ýüze çykýan ýagdaýlar teswirlenýär. Ynsan durmuşyna degişli meseleler göçme manyda haýwanlaryň keşpleriniň üsti bilen berilýär.

Ertekileri dörediji pähimdar ata-babalarymyz il başynyň amanlygynyň, ýurduň abadanlygynyň girewi bolan agzybirligi öz nesillerine pent etmek üçin ertekileriň terbiýeçilik güýjüne daýanypdyrlar. Muny şu ýygyndydaky «Kyrk kelleli ýylan», «Agzybir keýikler», «Üç öküz we bir ýolbars» atly we başga-da birnäçe ertekileriň mazmuny görkezýär.

Ösüp gelýän ýetginjekleri durmuşyň her hili aldawyndan, käbir betpäl adamlaryň hilesinden habardar etmek üçin tilkiniň hilegärli bilen baglanyşykly ertekileriň tutuş toplumyny döredilipdir. Olardan «Möjek, tilki we kirpi», «Tilki bilen şagal», «Tilkiniň ýolbarsy ýeňşi», «Möjegi aldan tilki», «Tilkiniň Käbä gidişi», «Tapyşyk ýeri» ýaly birnäçe ertekilerde tilkiniň hilegärligi ýüze çykýar.

Dürli hili haýwanlaryň gatnaşmagynda döredilen ertekilerde adamlar arasynda halanmaýan ulumsylyk, ýalançylyk, ýaltalyk, gorkaklyk ýaly ýaramaz häsiýerler ýazgarylýar. Onuň tersine, ynsan bezegi bolan mertlik, batyrlyk, dogruçyllk, ruhubelentlik, zähmetsöýerlik ýaly häsiýetler wasp edilýär. Bular bolsa, türkmeniň owal-ahyr ganyna siňen milli häsiýetlerdir.

Ata-babalarymyzyň paýhasy, şirin zybany bilen nesilme-nesil geçip gelen ertekler dürli döwürde halkyny, halkyň ruhy gymmatlyklaryny söýýän bilimli-

ylymly adamlar, folklory öwreniji alymlar tarapyndan toplanylyp gelnipdir, neşir edilip halka ýaýradylypdyr. Bu sogaply däbi her bir döwrüň nesilleriniň mynasyp döwam etmegi zerurdyr. Pederlerimiziň öňündäki borjy amal etmek üçin taýýarlanan şu ýygyndydaky täsin hem gyzykly ertekiler hem Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň bagtyýar ýaş nesillerini milli ruhda terbiýelemekde uly ähmiýetiniň boljakdygyna ynanýarys.

**Nury SEÝIDOW,**
***Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň***
***Milli golýazmalar institutynyň***
***uly ylmy işgäri.***

## KIMIŇ ÝAŞY ULY?[1]

Bir gezek möjek, tilki we kirpi gezip ýörkäler, özlerine iýer ýaly bir olja tapypdyrlar. Tilki derrew seslenip:

− Biz üç sany, tapan olja-awumyz bolsa kiçi, bu biziň üçimize ýokam bolmaz, şonuň üçin, geliň, kimiň ýaşy uly bolsa, şol hem oljany iýsin. Hany, aýdyň çaltyrak, kim näçe ýaşynda?

Möjek:

− Men müň bir ýaşymda – diýipdir.

− Sen näçe ýaşyňda bolarsyň? – diýip, tilki kirpiden sorapdyr. Kirpi bolsa oňa:

− Biler bolsaňyz, dostlar, entek Ýeri çoýmak üçin Gün döremänkä, Ýer bolsa kiçiräk top ýalyka, men ýedi ýaşymdadym.

Muny eşiden tilki uly ili bilen perýat edip aglap başlapdyr.

− Ýeri, tilki dost, saňa näme boldy? − diýşip, möjek bilen kirpi geňirgenipdirler. Tilki hem:

− Wah, nädip men aglamaýyn, köne derdimi gozgadyňyz, Ýer ýüzi ýaňy dörän wagty, keramatly nurly Gün bolsa, entek döremedik wagty, meniň iki sany dokuz ýaşly ogullarymy ogurladylar − diýip, zordan horkuldap düşündiripdir.

Möjek bilen kirpi özleriniň tilkiden kiçidiklerini bilip, alaçsyz ýagdaýda tilkini köşeşdirip, oljany oňa bermeli bolupdyrlar.

## MÖJEK BILEN TILKINIŇ DOSTLUGY[2]

Möjek bilen tilki gaty dostlaşyp, bile aw edip gezer eken. Günlerde bir gün tilki bir olja tapyp, ony möjege duýdurman çägä gömüp gizläpdir. Ertesi tilki möjege handan hat alyp geljekdigini we şol hatda sürülerden goýundyr taýçanaklary alyp iýibermelidigi barada rugsat boljakdygyny aýdypdyr.

---

[1] Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar instituty. №696b F bukja (mundan beýläk diňe bukja belgisi görkeziler). Ertekini 1936-njy ýylda Ahmet Ahundow ýazyp alypdyr.

[2] №94 bukja. Ertekini 1928-nji ýylda Gazanjyk raýonyndan (häzirki Bereket etraby) Ýarmuhammet Ahunow ýazyp alypdyr.

Tilki melgun ýola düşýär we ýerden bir bölek hatly kagyz tapyp, ony guýrugyna ýelmäp, möjegiň ýanyna gaýdýar. Aç ýatan möjegiň ýanynda häzir bolan tilki:

− Eý, möjek, men handan hat alyp geldim. Indi islän sürüňden goýun we taý alyp bilersiň − diýýär.

Möjek muny eşiden badyna kagyza topuldy we ony guýrugyna ýelmäp, sürüdäki taýçanaklaryň birini tutup, damagyny çaldy.

Tilki möjege şeýle şert goýdy:

− Möjek dost, eti burnumyzdan çykýança iýeris.

Biraz wagt geçensoň, mekir tilki burnunyň her demligine bir bölek et dykyp, möjege görkezdi. Möjek tilkä garap:

− Tilki dost, arkaýyn gidiber, galan eti özüm ýalmaryn − diýipdir. Tilki usulluk bilen jeňňellikde gizlenýär. Taýçanagyny aldyran çopan az salymdan möjegiň üstünden barýar we itlerini küşgürip, möjegi bogdurýar. Ölmeziniň öň ýanynda möjek dönük tilkä nälet okap:

− Biwepa tilki, meniň dostlugymyň hakymydy şu?! − diýip, jan berýär.

## ÝYLAN, ÇYBYN WE GARLAWAÇ[1]

Ýylan öz hyzmatkäri çybyny kimiň ganynyň süýjüdigini bilip gelmäge iberýär. Çybyn köp jandarlaryň ganyny dadyp görýär we iň süýji gan adamyňky diýen netijä gelýär. Bu habary ýylana ýetirmäge barýarka, öňünden garlawaç çykýar. Garlawaç çybynyň howlugyp barýanyny görüp, onuň sebäbini bilýär hem-de çybyna:

− Çybyn! Sen adamyň ganynynyň tagamyny öz diliňde alyp barýarsyň, men hem dadyp göräýin-dä! − diýýär.

Çybyn dilini çykarýar. Garlawaç bolsa ony ýolup alýar. Ýylanyň ýanyna baranda, çybyn oňa bir zat hem aýdyp bilmän, diňe üm bilen dilini garlawajyň

[1] №383 F bukja. Ertekini 1936-njy ýylda Muhammet Ataşow ýazyp alypdyr.

ýolandygyny düşündirýär. Ýylanyň muňa biçak gahary gelýär. Ol irde-giçde garlawajyň başyna ýetmegi ýüregine düwýär.

Bir gezek garlawaç ýylanyň golaýyndan uçup geçende, ýylan topulyp, garlawajyň guýrugyndan ýapyşýar, emma dogumly guş güýç bilen asmana göterilýär we ýylan patlap ýere düşýär. Ýere gaçanda aýylganç ýylan garlawajyň guýrugynyň bir bölegini ýolup gaýdýar. Şondan soň garlawajyň guýrugy gaýçy sypatda bolup galýar. Şondan bäri garlawaçlar çybynlary tutup iýýär.

## AÝRYLMAZ DOSTLUK[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda ýekelikden içi gysyp, ýalňyz özi ygyp ýören bir güjük bar eken. Ol göwnüm açylar diýip, kä daga, kä düze gidýärmiş. Ýöne hiç ýerde-de göwni aram tapmanmyş. Halys bolmansoň, bir gün ol towşana duşup:

− Towşan, aý, towşan, gel, ikimiz bile ýaşaly − diýýär.

− Bolýar, güjük, seniň diýeniň bolsun − diýip, towşan onuň bilen bile ýaşamaga razy bolupdyr.

Onsoň bular jeňňelde ikisi ýerleşer ýaly öýjagaz gurupdyrlar-da, gün ýaşýança hersi öz eklenjiniň ugruna çykypdyr. Gije bolsa ikijigi şol öýde ýatypdyr. Öý gurmagyň hem-de garny doýurmagyň aladasy bilen halys ýadan towşan derrew uka gidipdir. Onsoň hem ýanynda batyr dosty bolansoň, ol gije hiç zatdan ätiýaç etmän, örän arkaýyn ýatypdyr. Özüne ýoldaş tapan güjügiň weli begenjine ukusy tutanokmyş. Ol şu ýeri özlerine mekan edinendiklerini, bu taýyk başga hiç kimiň aýak sekmäge hakynyň ýokdugyny töwerekdäki ýaşaýan haýwanlara duýdurmak üçin, batly sesi bilen üýrüpdir weli, süýji ukuda ýatan towşan gorkusyndan böküp turupdyr. Ol ýüz ugra gaçmaga hyýallanypdyr. Emma birden ýanynda çommalyp oturan güjük bilen dostlaşandygy ýadyna düşüp, biraz ynjalypdyr-da:

[1] №1163 bukja. Erteki 1970-nji ýylda Ýylanly raýonyndan (häzirki Gurbansoltan etraby) ýazylyp alnypdyr.

− Näme ýoldaşyň uklap ýatyrka üýrýäň? Gorkusyna onuň ýüreginiň ýarylaýmagy mümkin diýip pikir etmeýärmiň? Onsoňam seniň sesiňi möjek eşitse, ikimizi-de bölek-bölek edip iýer − diýip, güjüge igenipdir. Muňa güjügiň gahary gelip:

− Seniň ýaly gorkak bilen bile ýaşanymdan, ýeke gezenim gowy − diýipdir-de, öýden çykyp gidiberipdir. Şol barşyna ol «Ýoldaş bolsaň, möjek ýaly batyr hem mert bilen ýoldaş bolmak gerek» diýip oýlanypdyr. «Gurt agzasaň, gurt geler» diýenleri. Edil şol wagt bir goňur möjek onuň garşysyndan gelip, deňinden geçiberjek bolupdyr weli, güjük oňa garap:

− Möjek halypa, bir aýak çek-le − diýen.

− Näme hyzmat?− diýip, möjek saklanypdyr.

Güjük oňa ilki towşanly wakany, soň bolsa, arzyny aýdan:

− Ýekelikden halys irdim. Özüm ýaly merdiräk biri bilen ýaşaýsam diýýän.

− Gel bäri, bile ýaşasak içimiz gysmaz − diýip, möjek güjügi yzyna tirkäp gidiberipdir. Bular aw edip ýadanlaryndan soň, arkalaryny bir-birine degrip, bir ýerde ýatypdyrlar. Ýene-de it itligini edipdir. Ol gijäniň bir wagty hüwiniň sesine oýanypdyr-da, haýbat bilen töwerek-daşyna garap üýrüpdir. Onuň sesine möjek towşandanam beter gorkup turupdyr. Emma ol özüniň gorkandygyny bildirmejek bolup:

− Güjük halypa, bu gylygyň bilen sen ahyrynda aýa aw bolarsyň. Men-ä näme, ondan çynymy etsem, öz başymy sypdyraryn. Ol gaty zordur − diýip, itiň ýüregine wehim salyp, gylygyny goýdurjak bolupdyr.

Muny eşiden güjügiň möjekdenem göwni geçipdir. Ol içinden: «Hä, diýmek, aýy mundanam zor eken-ow. Gowusy aýy bilen ýaşaýyn» diýip, möjegi terk edipdir. Ine, bir günem dagyň arçaly jülgesinden seňkildäp barýarka, aýa duşup, oňa bile ýaşamagy teklip edipdir. Aýy-da razy bolup, agşam onuň bilen bile ýatypdyr. It janaweriň endigi-dä. Sähel şygyrdy bolsa oýanyp, üýrmän durup bilenok. Onsoň hem aýynyň ýanynda özüniň eýleň-beýleň jandarlaryň hilinden däldigini bildirjek bolup, bu gije hasam batly üýrüpdir. Aýynyň gorkuşy möjegiňkiň-de çaky bolmandyr. Süýji ukuda ýatyrkaň, biri aýylganç ses etse, kim

gorkmaz? Düýşünde bal iýip ýatan aýy pahyr zyňlyp honda düşüpdir, Äm-säm bolup, töweregine seretse, hälki dostlaşan güjügi, geň iş edýän ýaly, henizem üýrüp dur diýýä. Muňa bolmajasy bolan aýy:

− Ýat gapyl-da, birden adam geläýse, ikimizem bir naýzadan geçirer − diýen.

Aýydan bu sözi eşiden güjük «Jandarlaryň içinde iň batyry adam eken, şeýle bolmasa, aýy ondan gorkmazdy» diýen pikir bilen ýüzüni gijä tutup gidiberipdir. Şol gidip barşyna gür jeňňelligiň çetinden gelipdir. Ine, görse, bir adam odun çapyp durmuş. Güjük onuň ýanyna baryp, başdan geçirenlerini birme-bir aýdyp berip, oňa bile ýaşamagy teklip edipdir. Adam oňa:

− Baş üstüne, asyl sen tüýs maňa gerek ýoldaş ekeniň. Towşana, möjege, aýa ýaramadyk gylygyň meniň göwnümden turýar. Saklyk janly-jandaryň iň gowy gylyklarynyň biridir − diýen. Adam bilen itiň aýrylmaz dostlugy şol günden başlananmyş.

## HORAZ BILEN IT[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda bir garryja är-aýal bar eken. Bularyň bir horazy bilen itinden başga hiç zady ýok eken. Günlerde bir gün it horaza garap:

− Horaz dogan, eýämiz garrap, halys sandan galdy. Ol bizi şu güne çenli har-hor etmän saklady. Gel, bizem indi bulary idetjek bolup göreli − diýen.

Bu maslahaty horaz hem makul görüp, it bilen ikisi maşgalanyň eklenjine çykypdyrlar. Olar miwe ýygmak üçin dagyň jülgesi bilen tirkeşip gidiberipdirler. Gün ikindi boluberende, bularyň öňünden almaly, injirli agaçlar çykyp başlapdyr. It agzyndaky sebedi bir ýerde goýupdyr-da, horaza:

− Uzak gidip ýygjagymyzam şulardan gowy däldir. Şu ýerde düşläýeli − diýen.

[1] №1163 bukja. Erteki 1970-nji ýylda Ýylanly raýonyndan (häzirki Gurbansoltan etraby) ýazylyp alnypdyr.

Horaz itiň maslahatyny makul görüp, agaçlaryň üstüne çykypdyr-da, almadyr injirleriň iň gowularyny çokup, ýere gaçyrmaga başlapdyr. It bolsa olary çöpläp, sebede salýarmyş. Bular, şeýdip, garaňky düşenini hem bilmän galypdyrlar. It:

− Horaz dogan, sebet doldy. Derrew düş. Öýe baryp garrylary begendireli − diýen.

Horaz oňa:

− Wah, öňräk tapsaň bolmadymy bu maslahaty. Meniň eýýäm gözüm baglandy − diýen.

Horazyň gijesine hiç zat görüp bilmeýändigi itiň ýadyna düşüpdir-de:

− Şol oturan ýeriňde uklaý onda. Menem hol agajyň köwegine girip ýataryn − diýip, äpet çynaryň iki adam sygar ýaly köwegine sümüpdir. Şeýdip, bular bu gijäni şol ýerde geçiripdirler. Ertesi daň saz berende, ygyp ýören bir tilki agajyň üstünde oturan horazy görüp:

− Wah, horaz halypa, bu çugutdyryp oturan senmidiň asyl? Men seni uzakdan görüp, betnyşan birisiň öýtdüm. Şu görküň, şu syratyň bilen näme üçin bu çola ýerde ýatdyň? Düş ýere, seni öýe äkidip, mazalyja zatlardan naharlaýyn − diýipdir.

Tilkiniň niýetini bilip duran horaz:

− Tilki dogan, bizi doýurmak saňa agyr düşer. Men ýeke däl. Hol çynaryň köweginde ýoldaşym hem uklap ýatandyr − diýen.

Muny eşiden tilkiniň hasam agzy suwarypdyr. Munuň uklap ýatyr diýen ýoldaşy towukdyr ýa-da özi ýaly semiz horazdyr öýdüp, tilki çynaryň köwegine garşy ýumlugaýypdyr. Horazdanam ir oýanyp, ýaňky gürrüňleri diňläp ýatan it hilegär tilkiniň gelerine garaşyp otyr eken. Mundan bihabar tilki horazyň ýoldaşyny gapyllykda basmasam, gaçyraryn diýip, köwege towsup giripdir. Çemelenip duran it onuň kekirdeginden tutupdyr-da, iki ýaňa silkeläpdir weli, tilki şol bada jan beripdir. Şundan soň horaz bilen it ýygan miwelerini öýe getirip, iki garrynyň öňünde goýupdyrlar. Şeýdip, horaz bilen it özleriniň dostlugy bilen tilkiniň şumlugyny ýeňip, öz eýelerine ýardam berip, haýyrly iş edipdirler.

# AÝDYMÇY HORAZ[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, hiç zadyň gaýgy-aladasyny etmän, petekesini göge tutup ýören bir horaz bar eken. Ol günleriň birinde dünýäni seýil edip geleýin diýip, obadan çykyp barýarka, onuň aýagyna tiken urupdyr. Horaz agsaklap barşyna, tamdyra nan ýapyp duran bir aýaly görüpdir-de, onuň ýanyna gelip:

− Aýagymyň tikenini alyp bersene − diýipdir.

Ýaňky aýal onuň aýagyna çümen tikeni sogrup alypdyr-da, tamdyra atypdyr. Muny gören nadara horaz dawa edip başlapdyr.

− Meniň tikenimi nädäýdiň?

− Tamdyra atdym.

− Iliň zadyny soraşman ýakaýmalymy sen? Derrew ony oduň içinden alyp berersiň ýa-da deregine bir köke berersiň.

Aýal onuň bilen dawalaşmakdan utanyp:

− Gygyryp meni masgara etmesene, horaz. Me, geregiň köke bolsa − diýip, oňa uly kökeleriň birini beripdir.

Horaz kökäni alyp gidiberipdir, gidiberipdir. Ol bir ýapydan aşanda, çal içip oturan bir çopanyň üstünden baryp, oňa salam beripdir. Çopan onuň salamyny alyp:

− Gel, çal içeli − diýipdir.

Horaz:

− Çal bilen şu meniň kökämem iýeli. Ýöne häzir men şol ýapyň aňyrsyna bir aýlaň-çaýlaň edip geleýin − diýip, kökesini onuň öňünde goýup gidiberipdir.

Bir köke, onda-da bal ýaly ýumşajyk köke aç çopanyň ýanynda nämejik. Ol bäş-alty agyz uranda, kökäni gutarypdyr. Horaza-da geregi şol eken. Ol indi-hä gutaraýan bolsaň gerek diýip, gelipdir-de dawa başlapdyr:

− Hany meniň kökäm?

− Iýdim.

---

[1] №1163 bukja. Erteki 1970-nji ýylda Ýylanly raýonyndan (häzirki Gurbansoltan etraby) ýazylyp alnypdyr.

− Bir özüň iýäýmelimi ony? Men bile iýeli diýdim ahyry. Ýa-ha çal bilen iýer ýaly ýarty köke taparsyň, ýa-da deregine bir geçi beresiň.

Çopan:

− Ýarty köke üçin goh turzup durmasana, horaz. Geregiň bir geçi bolsa, me − diýip, oňa bir semiz kelek geçini berip goýberipdir.

Horaz geçini alyp ýola düşüpdir. Ol az ýöräp, köp ýöräp, bir obanyň çetinden barypdyr. Görse, biri toý tutupdyr-da, märekäniň ýarysyna nahar ýetirip bilmän, dogan-garyndaşlary bilen nireden mal tapyp bolarka diýip, maslahatlaşyp duranmyş. Horaz oňa:

− Bu töwerekden mal tapmak başartmaz. Şu geçini soýaýyň, menem garnymy doýraryn − diýip, oňa geçisini beripdir-de, özi obadan çykyp gidipdir.

Agyr märekäniň ýanynda bir geçiň dagy nämejik. Ony derrew iýip gutarypdyrlar. Horaz bolsa şol gidişine toý sowlansoň gelip, dawa başlapdyr:

− Hany meniň geçim?

− Soý diýip gitdiň. Soýduk, iýdik.

− Soýup iýiň diýende, hemmesini iýäýmelimi onuň? Ynsabyňyz nirede? Hany meniň paýym? Ýa-ha meni geçiniň etinden doýrarsyň, ýa-da alan gelniňizi maňa beresiň.

Toý eýesi igenip, ony köşeşdirjek bolupdyr:

− Nadara horaz ekeniň. Paýyňy iýjek bolsaň, owarra bolup gitmän, sokulyp otursaň bolmadymy il deňinde.

Horaz bujagaz sözler bilen köşeşer ýaly dälmiş. Ol gaýta beýik ýere çykyp:

− Aý, halaýyk, bu adamdan meniň hakymy alyp bereweriň − diýip, barha beter gygyrmaga başlapdyr.

Toý eýesi biçäre nätjegini bilmän, oňa:

− Horaz, gelin eýýäm ogla nikalandy. Geçi iýlip gutaryldy. Gowusy, sen gyzymy al-da, gümüňi çek şu obadan − diýen.

Horaz ylalaşyp, onuň ýetişip oturan gyzyny alypdyr-da, ýola düşüpdir. Şol gidişine, ol bir çopanyň goşunyň üstünden barypdyr. Görse, çopan bularyň

baranyny hem duýman, dutar çalyp oturanmyş. Dutaryň owazy horaza gaty ýarapdyr. Ol gulak gerip, sazy diňläpdir-de, çopana:

– Eý, çopan, dutaryňy berseň, saňa şu gyzy bereýin – diýipdir.

Aý ýaly gyza gözi düşen çopan:

– Wah, geregiň şu dutar bolsun – diýip, gyzy beýläk geçiripdir.

Horaz bolsa düzülgi dutary eline alyp:

Bir tikene bir köke,
Bir kökä kelek geçi,
Kelek geçä bir gelin,
Bir gelne bir dutar –

diýip, aýdym aýtmaga başlan. Şeýdip, horazyň nadaralygynyň soňy haýra öwrülipdir. Şol günden bäri hem, horaz henizem şol aýdymyna gygyryp ýörmüş diýýärler.

## TOWUK BILEN TILKI[1]

Gadym zamanlarda bir garry mamanyň her gün bir sany altyn ýumurtga guzlap berýän bir akyllyja towugy bar eken. Günlerde bir gün ol towugyň keteginiň agzynda bir aç tilki peýda bolupdyr-da, dişlerini gyjyrdadypdyr. Towuk aljyraman, ketegiň agzyndaky agajyň üstüne uçup çykyp, tilkä ýüzlenipdir:

– Eý, tilki, näme üçin seniň dişleriň ýiti?

– Duşmanlaryň menden heder etmegi üçin.

– Seniň duşmanlaryň kim?

– Kimiň etini iýýän bolsam, şolar.

– Diýmek, menem duşmanyň-da?

– Hawa, sen-ä birinji duşmanym.

Tilki şeý diýip, towugyň oturan ýerine towsupdyr. Towuk ondan sypyp, ketege giripdir-de, gapynyň agzyndaky burça sowlupdyr. Tilki hem onuň yzyndan kürsäp urupdyr weli, maňlaýy ketegiň törüne degip seňseläpdir. Towuk ketegiň

[1] №292 F bukja. Ertekini Muhammet Ataşow ýazyp alypdyr.

gapysyna süýkenip, daşaryk böküp çykypdyr. Gapynyň ilgençegi sypypdyr-da, ýapylypdyr. Tilki özüni dürsäp seretse, towuk ketegiň üstüne çykyp, wak-waklap dur diýýä. Akylly towugynyň gylygyna belet kempir bu biderek ýere gygyrýan däldir diýip, onuň ýanyna ylgapdyr. Gelip görse, towugy mekir tilkini ketege gabap goýupdyr. Kempir tilkiniň hamyny aldyryp, ony towugyň keteginiň gapysynyň ýüzüne çüýledipdir. Şondan soň towugy iýjek bolup, ketege ýekeje tilki-de gelip bilmändir.

## MÖJEKLERI GORKUZAN GEÇI BILEN GOÝUN[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym eýýamda bir adamynyň bir geçisi bilen bir goýny bar eken. Bu adam bulary baga bakyp, semredip ýören eken. Bir gün geçi eýesiniň öldürjek diýen gürrüňini eşidip, goýnuň ýanyna ylgap baryp:

− Goýun dost, eşitdim-eşitmedim diýme, eýämiz biziň ikimizem öldürjek, biziň gaçmagymyz gerek − diýipdir.

Onda goýun gözlerini mölerdip:

− Geçi dost, onuň ýaly bolsa, gaçmagymyz gerek − diýip, ikisi ogrynlyk bilen çykyp ugranlarynda, geçi ýüzüniň ugruna eýesiniň ot çekýän haltasyny hem şahyna ildirip göterip giden. Bu ikisi çöl beýewana çykyp gaçyp barýarkalar, bir möjegiň kellesiniň üstünden barypdyr. Geçi möjegiň kellesini görkezip:

− Goýun dost, hol ýatan seniň duşmanyň kellesi, sen ýüňli batyrsyň, bar-da şol kelläni alyp, şu halta sal − diýip, özi gorkup, gaýra çekilip duran.

Onda goýun:

− Herniçik-de bolsa, dost, sen sakgally batyrsyň, sen bar-da, ony haltaňa sal − diýen.

Onda geçi:

− Gel, dost, onda her haýsymyz haltaň bir ýanyndan tutup, kelläni içine ataly-da, göterip gidibereli − diýen.

Goýun hem:

---

[1] №692 F bukja. Ertekini 1939-njy ýylda Kerim Osmanow ýazyp alypdyr.

− Bolýar dost − diýip, möjegiň kellesini halta salyp, hersi bir taýyndan tutup alyp gidenler.

Şol gidip baryşlaryna bularyň öňlerinden bir beýik depe çykan. Bular depä çykyp, töwereklerine seredip, bir ýerde ot görüp, şol oda garşy gidipdirler. Ol oda baryp görseler, ynha, ýedi sany möjek palaw bişiren bolup oturanlar. Geçi bilen goýun bulara salam berip baranda, möjekler:

− Heýjan, palawa et geldi − diýşip, begenip, heşerlenişip, aýak üstüne galyp başlanlar.

Onda geçi möjeklere garap:

− Dostlar, siz gaýgy etmäň, et bizde näçe diýseňiz tapylar, siz ýöne palawy tiziräk bişiriberiň − diýipdir.

Möjekler:

− Hany onda et? − diýenler.

Geçi:

− Goýun dost, bar, ol haltadaky möjek kelleleriniň birini alyp gel, bularyň palawyna ataly − diýipdir.

Goýun derrew haltadaky kelläni alyp gelipdir. Onda geçi:

− Dokuz möjek kellesiniň içinden saýlap alyp gelýäniň şumy, bar, uluragyny alyp gel − diýipdir weli, möjekler: «Ba, bular-a tüýs kellehor ekenler, bular biziňem kellämizi alar» diýip, howsala düşüp, gorkuşyp, her haýsy bir tarapa gaçyp giden.

Geçi bilen goýun palawy iýip, aýaklaryny uzadyp, rahat ýatypdyrlar.

## GARGANYŇ, TILKINIŇ WE SYÇANYŇ DOSTLUGY[1]

Bir garga, bir tilki, bir syçan − üçüsi dost bolanlar. Bular ýurt-ýurt gezip ýörkäler, tilki bir tamdyryň körüginden ullakan bir tegelek ýagly külçe tapypdyr, ony hem gizläpdir.

[1] №41 F bukja. Erteki 1927-nji ýylda Ata Allaşükürow tarapyndan ýazylyp alnypdyr.

Bular gezip-gezip ajygypdyrlar, iýer-içer ýaly hiç zat tapmandyrlar. Ahyry tilki:

‒ Men bir zat tapdym, emma üçümize hiç zat boljak däl. Ýöne birimiz iýsek, doýup, hezil edäýjek ‒ diýen.

Syçan:

‒ Eýle bolsa, bije atyşaýalyň ‒ diýen.

Olaryň hemmesi syçanyň maslahatyna razy bolanlar.

Onda garga:

‒ Iň gowusy ýaş sanaşalyň, kimiň ýaşy uly bolsa, şol iýmeli ‒ diýip, bir maslahat tapan.

Syçan:

‒ Meniň-ä ýaşym on alty ‒ diýen.

Garga bolsa:

Tilki:

‒ Bow, siz-ä oglanjyk ekeniňiz, şu agajy görýärsiňizmi? Men jahyl wagtymda, ynha, şu agaç ýaňyja gögeripdi ‒ diýen.

Şunluk bilen, ýagly külçäni tilki iýen, agzyndan galanyny hem murtuna çalan.

## ÝYLAN BILEN GARGA[1]

Gadym zamanda belent dagyň gaýasynda bir garga ýaşar eken. Munuň golaýyndaky köwekde hem bir ýylan ýaşar eken. Ol garga haçan çagalasa, bu ýylan onuň çagalaryny iýýär eken. Ýylan köp wagtlap, munuň çagasyny iýip gezipdir. Ahyry ýylanyň zulumy garganyň etinden ötüp, süňküne ornapdyr. Çagalarynyň aladasynyň derdinden ol bar ömrüni hasrat bilen geçiripdir. Bu garganyň şagal dosty bar eken. Bir gün ol dostunyňka gezmäge baryp, ýylandan görýän jebirlerini aýdyp, köp ah çekipdir.

Şagal:

[1] №874 F bukja. Erteki 1951-nji ýylda Kalinin raýonyndan (häzirki Boldumsaz etraby) Şakir Baýkenow tarapyndan ýazylyp alnypdyr.

− Ol jaýyňy taşla, başga bir ýana göç, gutularsyň − diýipdir.

Garga:

− Eý, şagal dost, şol jaýy taşlaman, ýa ýylany öldürerin, ýa-da özüm ölerin − diýipdir.

Şagal:

− Nähili öldürersiň? − diýip sorapdyr.

Garga:

− Uklap ýatyrka, baryp çüňküm bilen gözüni çokaryn, gözi kör bolar, ondan soň her zat edip hem öldürerin − diýipdir.

Şagal:

− Bu işiň bolmaz. Git-de, obalardan biriniň gözüniň öňünden bir ýaglyk ýa-da bir köýnek alyp gaç, olar hem yzyňdan kowarlar, sen hem ýetdirmän getirip, ýylanyň üstüne taşla. Olar gelip, ýylany öldürip, öz zadyny alyp giderler. Sen hem gutularsyň − diýipdir.

Ondan soň garga oba gelip, bir kir ýuwup oturan aýalyň ýaglygyny alyp gaçýar. Munuň yzyndan hem birnäçe adam kowýar. Ahyr garga ýaglygy getirip, ýylanyň üstüne zyňýar. Adamlar hem gelip, ýylany öldürip, ýaglygy alyp gidýärler.

Garga-da ýylandan gutulyp, döwran sürmäge başlaýar.

## EŞEGIŇ, HORAZYŇ HEM GEÇINIŇ DÖWLERI ALDAÝŸŞLARY[1]

Bir eşek, bir horaz, bir geçi − üçüsi dost bolupdyrlar. Bir köne horjunyň gözüni külden dolduryp, eşegiň üstüne ýükläp, üstüne-de horazy mündüripdirler. Geçi öňünden ýöräp, üsti horazly eşek yzyragyndan gidip barýan.

Bir galanyň içinde üç sany baý döw bar eken. Bular: «Heý, bu döwleri aldap, zat alyp bolmazmyka?» diýşip, şolaryň üstüne ugraýarlar. Döw halky ynanjaň

[1] №699a F bukja. Ertekini Muhammet Ataşow ýazyp alypdyr.

bolýarmyş. Geçi eşek bilen horazdan ozup, galanyň içine girse, ynha, üç döwüň üçüsi hem otyrlar, üç gazan tüwi hem buguna duranmyş. Geçi salam berip baran.

Döwler jogap berip:

− Bu ýerlere guş gelse, ganatyndan, gulan gelse, toýnagyndan aýrylýandyr. Büçe salam bermedik bolsaňyz, iki üzüp bir ýalmardyk! − diýýärler we  habaryny soraýarlar.

Geçi:

− Aý, meniň-ä bir ullakan habarym ýok, ýöne pylan patyşa siziň üstüňize goşun çekip gelýär welin, siz bu ýerde bihabar ýaly − diýýär.

Bu habara döwleriň gözleri hanasyndan çykjak bolup, derrew biri-birlerine: «Galanyň üstüne çykyp seret» diýip buýurýarlar. Döwüň biri galanyň üstüne ylgap çykyp:

− Holha, aňyrrakdan bir inçe tozan-a gelýär − diýýär.

Horaz bolsa eşegiň üstünde aýaklary bilen küli peşäp, tozadyp gelýär, ýakyn geldigiçe hem tozany köpelýär. Döwüň ýene biri çykyp:

− Beý, öz-ä gelýär-ow − diýip düşýär.

Ýene bir salymdan döwüň biri galanyň üstüne çykyp:

− Aý, ynha, ýetip gelýär-le! Atlarynyň tozany aldy-la!− diýip düşýär.

Soňra döwleriň üçüsi hem galalaryny taşlap, ökjäni göterýärler. Horaz bilen eşek gala girip, geçi bilen tapyşyp, bu üç gazan tüwüni iýip gutaryp, döwleriň bar hazynalaryny horjunlaryna salýarlar. Bular ugramakçy bolup durkalar, birden döwleriň gaýdyp gelýänini görüp, gaçyp agaja çykýarlar. Horazjyk  agajyň iň ýokarsyndaky bir şahada, geçi onuň aşagynda, eşek bolsa, ýokary çykyp bilmän, has aşagrakda bir şahada oturýar. Döwler: «Hany, bir barlap göreli» diýip gelseler, galanyň içinde eşek, geçi we horazyň yzlaryndan başga jandaryň yzy ýok. Döwler bulary yzlap, agajyň  düýbüne gelen batlaryna eşegiň münüp oturan şahasy döwlüp, aşaklygyna gaýdýar. Horaz bilen geçi hem:

− Waý, gök ýykyldy! − diýip, ýokardan gygyryşýarlar.

Döwleriň zähresi ýarylyp, ýene-de gaçyp gidýärler. Eşek, geçi, horaz bu döwleriň bar malyny alyp, obalaryna baryp paýlaşýarlar. Horaz dänesini alýar, geçi

ýorunjany alýar, eşek samany alýar, gyzyllary bolsa: «Bu hiç birimize hem gerek däl» diýşip, gömüp goýýarlar.

## IKI TILKIJIGIŇ DOSTLUGY[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanlarda bir tilkijik bar eken. Ol tilkijik Yspyhandan öýkeläp gaýdýar, ýene bir tilkijik Horasandan öýkeläp gaýdýar-da, ikisi birigýär. Şunluk bilen, bu ikisi dost bolup geziberýärler. Bir gün ikisi: «Gel, şu gün bir guýrujak gözläli, şorsuradyk» diýşip, maslahat edip, ýola düşüp ugrapdyrlar.

Bular gidip barýarkalar, ynha, bir üsti guýrukly gapanyň üstünden barýarlar. Yspyhan tilkisi Horasan tilkisine:

− Dost, sen aýagyň bilen gapany bas, men guýrugy alaýyn. Emma ahmal bolup aýagyňy gapana düşüräýmegin! − diýipdir. Horasan tilkisi sadarak eken. Ol Yspyhan tilkisine:

− Bolýar, dost! − diýip, derrew gapany aýagy bilen basýar.

Yspyhan tilkisi bolsa ýagly guýrugy agzyna alyp, hol beýläk aýrylýar-da:

− Dost, indi gapany usullyk bilen goýberäý − diýýär.

Horasan tilkisi ýuwaşlyk bilen gapany goýberjek bolýar welin, bolmaýar, gapana düşüp galýar.

Yspyhan tilkisi:

− Hany, dost, eýläk-beýläk bir urnup gör, belki, syparsyň − diýýär.

Horasan tilkisi şubela urunýar welin, urundygyça gapan onuň aýagynda has gaýymlaşýar.

Yspyhan tilkisi:

− Dost, seniň-ä eliň işli boldy. Bolmasa, guýrugy ýeke özüm iýerin-dä, nädeýin, başyma düşüpdir − diýip, guýrugy ýekeje özi lak-luk ataýypdyr.

Horasan tilkisi bolsa, jan gaýgysynda urnup galyberýär.

---

[1] №872 F bukja. Ertekini 1951-nji ýylda Mary raýonynyň (häzirki Mary etraby) 2-nji Gökje obasyndan Gurandurdy Esenow ýazyp alypdyr.

Yspyhan tilkisi:

− Dost, soňrak gapan eýesi gelende, sen ýalandan ölen bolgun-da ýatybergin. Ol gelip seni birnäçe gezek urar welin, onda-da ölen bolup ýatgyn, oňa deňiç menem hol beýleräkde gara bererin. Gapan eýesi: «Aý, bu tilki eýýäm ölüpdir, indi muny gapandan aýryp, gapany ol tilkä guraýyn» diýip, maňa baka ugrar welin, sen derrew turup gaçgyn, men hem ony güýmäp, onsaň seniň yzyňdan ýeterin − diýip, nesihat beripdir-de, özi hol beýlede garawullap ýatyberipdir.

Oňa deňiç gapan eýesi gelip görse, ynha, onuň gapanyna bir tilki düşüpdir. Hol beýleräkde bolsa ýene bir tilki görünýär. Gapan eýesi tilkini eýläk-beýläk agdarypdyr welin, görse, bu eýýäm ölüpdir. Bir-iki ýola uran bolýar welin, onda-da gymyldy ýok. Ondan soň gapan eýesi: «Aý, munuň boljagy bolupdyr, gapany oňa guraýyn» diýip, muny gapandan aýryp, hol beýläk taşlaýar. Soňra ýuwaşlyk bilen bukulyp baryp, ol tilkiniň bäri ýanynda, görünmeýändirin öýdüp, gapany guran. Oňa deňiç gapandan sypan tilki turup, ýazzyny berip giden. Gapançy gapany gurup, garawullap ýatyrka, Yspyhan tilkisi gapana golaý-golaý gelen bolup, edil gapana düşäýjek ýaly ymsyndyryp, gapançyny egläpdir. Oňa çenli Horasan tilkisi hem gelip, ikisi tirkeşip, ökjäni göteripdirler. Ýaňky gapançy tilkiler gidensoň: «Aý, onymy bir ýygnaýyn» diýip, yzyna gaýdyp gelip seretse, ne tilki bar, ne zat bar. Gapançy: «Wah, tilkiniň sapalagyna düşdüm-ow» diýip, içini tutup, öýüne gaýdan.

Bu tilkiler bolsa tirkeşip barýarkalar, bir garrynyň öýüniň üstünden barypdyrlar. Ol garrynyň bolsa, on iki sany horazy bilen dört sany mäkiýany bar eken. Tilkiler: «Gel, şu gije garrynyň ketegine çozaly. Çozmazymyzdan öň ikimizem guýrugymyzy suwa sokup oturaly, çünki guýrugymyzyň tüýlerinden doňan buzlar sallanyşyp dursa, has haýbatly görneris» diýip, maslahat edýärler. Şeýdip, bular guýruklaryny suwa sokup oturyberýärler. Horasan tilkisi bu gezek ahmal galmajak bolup, käwagt-käwagt guýrugyny bulap oturypdyr, şonuň üçinem onuň guýrugy doňmandyr. Emma Yspyhan tilkisiniň guýrugy suw bile saň gaty bolup doňupdyr, ýelmeşipdir, tilkiniň ondan habary hem ýok eken. Gün ýaşyp, ýassy çemesi boluberende, häki Horasan tilkisi:

− Entek, dost, sen otur, men baryp, birnäçesini awlap getireýin − diýip, baryp bir-iki sany horazy tutup, uly gykylyk turzup ugrapdyr.

Towugyň eýesi bolsa, ýüregi ýarylan ýaly bolup:

− Wah, towugym gitdi!− diýip, tilkiniň yzyndan kowup ugrapdyr.

Horasan tilkisi bolsa, derrew gelip, Yspyhan tilkisiniň ýanynda ýaňky horazlary iýmäge başlan we:

− Hany, dost, gel, bulary iýeli — diýipdir.

Yspyhan tilkisi gozganjak bolsa, guýrugy suw bilen doňup, sypyp bilmändir. Ol:

− A-how, dost, men-ä sypyp bilemok, hany, gel, kömek bersene, meniň guýrugym buz bilen bile doňupdyr − diýen.

Horasan tilkisi:

− Aý, dost, senem men gapana düşemde maňa kömek bermän, guýrugy ýeke özüň iýipdiň, gatyrak eýläk-beýläk dyzabersene, syparsyň-la, bolmasa-da howlukma, ynha, garry gelip, seniň guýrugyňy sypdyrar, hoş wagtyň, ölmeseň, ýene görşeris! − diýip, towuklary iýip, guýrujagyny bulaýlap gidiberen.

Bir salymdan garry ýanynyň kömekçileri bilen gelip görse, ynha, bir tilki suwuň gyrasynda ýatyr, towuklaryň ýeleklerem töwereginde çalam-çaş bolup ýatyr. Garrynyň jany ýanyp, tilkini urup-urup öldüripdir.

## TOTY WE TILKI[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, bir totuguş bar eken. Ol bir agajyň başynda höwürtge edinip, şonda ýumurtgalapdyr. Muny bir tilki görüp, onuň ýanyna baryp:

− Häý, toty dost, ýumurtgalaryňdan birini bäri okla, ýogsam, özüňi iýerin − diýipdir.

Toty näbilsin, tilkiniň agaja çykyp bilmeýänini: «Özümi iýeninden ýumurtgamy iýsin» diýip, gorkusyna bir ýumurtga oklapdyr. Muny tilki alyp

[1] №692 F bukja. Ertekini 1939-njy ýylda Kerim Osmanow ýazyp alypdyr.

iýipdir. Ertesi ýaňky tilki gelip, totyny gorkuzyp, ýene-de bir ýumurtgasyny iýipdir.

Şeýlelik bilen, tilki totynyň guzlaýan ýumurtgasyny günde gelip iýer eken. Bir gün toty aglap otyrka, munuň ýanyna garga gelip:

− Ýeri, toty dost, nämä aglaýarsyň?− diýip sorapdyr.

Onda toty:

− Dogan, men aglaman kim aglasyn!? Men çaga çykarjak, nesil öndürjek bolup, her gün bir ýumurtga guzlaýaryn, ony-da her gün bir tilki gelip, iýip gidýär. Bermejek bolsam hem «Özüňi iýerin» diýýär. Men hem: «Özümi iýeninden ýumurtgamy iýsin» diýip, nalaç bermeli bolýaryn. Şonuň üçin men hiç çaga çykaryp bilemok − diýipdir.

Onda garga:

− Sen näme üçin tilkä ýumurtgaňy oklaýarsyň? Tilki agaja çykyp bilenok ahyry, indi gelse, hiç zat berme, adyňy tutsa, «Merez, zäher» diýip jogap ber. «Muny kim saňa öwretdi?» diýse, «Garga dostum öwretdi» diýäý − diýip aýdypdyr.

Ondan soň, toty «Bolýar» diýip galypdyr. Ertesi ýumurtga iýmäge öwrenen tilki ýene-de gelip:

− Toty dost, aman-sag ýatyrmyň? − diýip sorapdyr.

Toty sesini çykarmandyr.

Tilki:

− Toty, toty, ýumurtga okla! − diýip gygyran.

Toty:

− Merez, zäher, ýumurtga ýerine belany iý! − diýenmiş.

Tilki:

− Muny saňa kim öwretdi? − diýip sorapdyr.

Toty:

− Muny maňa garga dostum öwretdi − diýen.

Mundan soň tilki: «Hop, bolýar, gargajyk, seni özüm görerin» diýipdir-de gidiberipdir. Şol gidip barşyna görse, garga hol gökde uçup, agyp-dönüp, keýp

edip ýaşap ýörenmiş. Tilki bukula-bukula baryp, garganyň göräýjek ýerinde ölen bolupdyr-da ýatyberipdir. Garganyň şol agyp-dönüp ýörşüne tilkä gözi düşüpdir. Görse, bir tilkijik ölüp ýatanmyş. Ol tilkiniň ýanyna baryp, tilkiniň kellesine münüp, onuň dilinden çokjalap başlaýar welin, tilki birden garganyň kellesini agzyna salypdyr. Ana, şonda garga tilkä:

− Meniň saňa bir sözüm bar, şony aýdaýyn, ondan soň sen meni iýseň-de razy − diýipmişin.

Onda tilki:

− Hany, aýt, göreýin − diýen.

Garga:

− Sen meniň imanymy öwür-de, soňra iýäý − diýipdir.

Tilki:

− Seniň imanyň näme? − diýip soran.

Garga:

− «Zak-zak garga baý» diýip üç ýola aýt, ana, şol meniň imanym bolar − diýen.

Tilki garganyň sözlerini aýtjak bolup, sanamaga başlapdyr welin, tilkiniň agzy açylypdyr, garga-da onuň agzyndan sypyp, uçup gidipdir. Tilki bolsa ymsynyp galyberen.

## GUŞ TOÝY[1]

Gadym wagtlarda bir durna bar eken. Bu durna bilen bir tilki dost bolupdyr. Tilki bir gün durnany myhmançylyga çagyrýar. Durna gelip, tilkiniň öýüniň töründe oturýar. Tilki çorba bişirip, ony bir ýasy tabaga guýup, durnanyň öňünde goýýar. Durna iýjek bolup, çüňküni tabaga urýar. Onuň agzyna hiç zat düşmeýär. Tilki bolsa tabakdaky çorbany içip gutarýar. Durna biçäre garny aç halda öýüne gaýdýar.

[1] №559 F bukja. Ertekini Mary raýonynyň (häzirki Mary etraby) 2- nji Gökje obasyndan Kakajan Seýidow ýazyp alypdyr.

Tilkiden aldanan durna aryny almak üçin köp pikir edýär. Ahyrda bir emel tapýar. Ol bir gün palaw bişirip, tilkini çagyrýar. Tilki hem durnanyň öýüne myhmançylyga ugraýar. Ýolda barýarka, öňünden düýäniň köşejigi çykýar. Bu köşejik tilkä garap:

− Tilki hojaýyn, ýol bolsun, nirä ugradyň? − diýip soraýar.

− Aý, şu ýerde biriniň toýy bar, şoňa çagyrypdyrlar. Şolara diýip barýan.

− Men hem gitsem bolmazmy?

− Aý, ýok, özüm doýsam bolýar. Meni çagyran bir guş-la. Onuň näme toýy bolar öýdýäň. Ýöne guş naharydyr-da!

− Aý, tilki hojaýyn, toýa her kim barsa hem bolýar ahyry. Sen gorkma, aç galaryn öýdüp. Sen meniň göwräme bakma, men göwräme görä köp zat iýip bilýän däldirin.

− Bolýar, onuň ýaly bolsa. Ýöne sen meni arkaňa mündürip alyp git. Yzyňa hem mündürip getir.

Şunluk bilen, tilki köşegi çökerip, onuň iki örküjiniň arasyna münüp oturýar. Bular ýola düşüp ugrap, az ýöräp, köp ýöräp, üç gün diýende häki durnanyň öýüne barypdyrlar.

Durna bularyň öňünden çykyp, hormat bilen garşy alypdyr. Ol bişiren palawyny üç sany küýzä salyp, birinjisini tilkiniň, ikinjisini köşegiň, üçünjisini hem öz öňünde goýupdyr. Tilki küýzä kellesini sokup, palawy iýjek bolýar welin, bolmaýar. Ol ýöne palawyň ysyny alyp, ýalandan agzyny şapbyldadyp, iýen kişi bolýar. Durna bolsa, küýzä çüňküni sokup, palawy hezil edip iýýär. Köşek hem küýzä agzyny sokjak bolup, köp azara galypdyr, ýöne tumşugy küýzä girmändir. Ahyry jany ýanan köşek çep tarapynda oturan tilkä garap:

− Meni alyp gelen toýuň şu boldumy?! − diýip, küýzäni ýokary galdyryp, bulap-bulap, tilkiniň ýeňsesine urupdyr. Tilkiniň şol ýerde takga jany çykypdyr.

Köşek ýere saçalanyp ýatan palawlary iýip, garnyny doýrupdyr. Ol ölüp ýatan tilkä garap:

− Tilki dost, muňa guş toýy diýmezler, tilki toýy diýerler − diýip gidiberipdir. Köşegiň şol gidişimiş. Ol häzirem gidip barýarmyş.

## KÜÝZEDEN ÝEŇLEN TILKI[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Bir tilkijik bar eken. Ol tilkiniň ýöreýän belli bir ýoly bar eken. Hemişe şol ýolundan ýörär eken.

Bir gün onuň geçýän ýolunda bir küýze galypdyr. Bu küýzä ýel düşüp seslenipdir. Tilki hemişekisi ýaly geçip barýarka, küýzeden çykýan sesi eşidip, gorkusyna başga tarapa sowlupdyr. Şol gezek kän azar görüp, öňki ýoluna zordan düşüpdir.

Ertesi ýene küýzäniň deňine gelende, şemal öwsüp, küýzeden ses çykypdyr. Tilki görse, düýnki gorkuzan hem şu küýze eken. Ondan soň, tilkiniň gahary gelip:

− Sen küýze düýn meni heläk edensiň. Gör, bu gün men seni nähili heläk ederkäm! − diýip, küýzäniň boýnuna ýüp dakyp, ujuny bolsa, öz guýrugyna daňypdyr-da, küýzäni süýräp ugrapdyr. Barýarka öňünden bir derýa çykypdyr.

Tilki küýzä:

− Seni bir suwa çümdüreýin-le − diýip, derýa giripdir.

Az salymdan küýze suwdan dolup, derýanyň düýbüne çöküp ugrapdyr. Küýzäniň agramyna tilki-de aşak çümüpdir. Onsaň tilki küýzä:

− Senem goýber, menem goýbereýin − diýip ýalbarypdyr. Emma tilkiniň ýalbarmasynyň peýdasy bolman, küýze bilen derýanyň düýbüne çümüp, gark bolupdyr.

## TILKI BILEN ŞAGAL[2]

Bir gün bir tilkijik bir ýana barýarka, öňünden üstüne et taşlanyp gurlan gapan çykýar. Tilkijik gapany tanamasa-da, şoňa meňzeş bir zat bardygyny güman edip:

− Heý, sen etjagaz, howaýy goýlan däl bolsaň gerek. Seniň bir belaň, bir hokgaň bar bolsa gerek − diýip, çekilibiräk etiň ýanyndan geçýär-de gidiberýär. Şol barşyna onuň öňünden bir şagal çykýar.

---

[1] №872b F bukja. Ertekini 1951-nji ýylda Mary raýonynyň (häzirki Mary etraby) 2-nji Gökje obasyndan Gurandurdy Esenow ýazyp alypdyr.

[2] №692 F bukja. Ertekini 1939-njy ýylda Kerim Osmanow ýazyp alypdyr.

Tilkijik:

− Ýeri, şagal dost, ne haldasyň, güzeranyň niçik? – diýip soraýar.

Şagal:

− Sag bol, tilki dost, garnym dok, aladam ýok, alanyň, talanyň özüňki. Garaz dünýäde kem zadym ýok − diýipdir.

− Dogry diýýäň, şagal dost, bu zamanda baran ýeriň bolluk, ynha, menem, ýaňy şu gelşime, ýüzümiň ugruna her ädimimde bir tokga et iýip geldim. Şu wagt hem meniň yzyma düşüp gitseň, şol etler ýatandyr.

− Bä-ä, dost, sen haýsy ýol bilen geldiň? Hany, görkez, men bir nahar edineýin-le − diýip, şagal gyssandy.

− Ine, şu ýol bilen geldim. Şunuň bilen göni gitseň, dogry üstünden bararsyň − diýip, tilki hälki gapanly eti salgy berdi. Şagal howlugyp, derrew ugrady, tilkijik bolsa, ogrynça onuň yzyna düşüp gitdi.

Şagal şol barşyna ýaňky etiň üstünden baryp, ete agzyny urdy welin, gapan şagalyň boýnundan düşdi. Şagal iki baka urunyp, gapandan sypjak bolup, jan etse-de sypyp bilmän, ýadap, hassyldap ýatyrka gapanyň eýesi geldi. Ol şagaly öldürip, derisini soýup alyp gitdi.

Biraz wagt geçenden soň, tilkijik gelip:

− Bä-ä, awçylar-a diňe tilkiniň derisiniň hyrydarymyka diýýärdik weli, şagalyňky bolsa hem alýar ekenler. Elhepus, dünýäde derege geçmejek zat ýok eken-ow. Aý, ynha, indi biz hem şu etden nahar edineris − diýip, şagalyň etini iýdi. Garnyny doýrup:

− Eý, dostlar, azman, tozman şunuň ýaly azan samsyjak şagala duçar bolubereýin − diýip, tilkijik guýrujagyny dik ýokary tutup, kellejigini oýnadyp gidiberdi.

## GURT BILEN TILKI[1]

[1] №303 F bukja. Ertekini Muhammet Ataşow ýazyp alypdyr.

Geçen zamanda bir gurt bilen tilki dost eken. Bular gijesine her haýsy bir ýere aw awlamaga gidip, gündiz bir gowakda bile ýatýan ekenler. Bir gije bularyň ikiside bile aw awlamaga gidipdirler. Olar gezip ýörüşlerine aşak çöken bir tegelejik ýeriň üstünden barypdyrlar. Ony ilki gören gurt:

− Dost, bu gapan bolsa gerek − diýdi.

Onda tilki:

− Ýok, bu gapan däldir, gapan bolsa mentegi[1] bolardy − diýdi.

Gurt:

− Mentegini bir zat iýen bolmaga çemeli − diýdi.

Onda tilki:

− Mentegi ýok bolsa-da şol ýerde näme bardygyny men bilerin − diýip, ýeri ysgap: − Bu ýerde gapan-a ýok − diýdi.

Gapanyň ýokdugyna göz ýetiren iki dost ol ýeri agtaryp, bir küýze tapdylar. Küýzäniň agzy ýapyk eken.

Gurt:

− Tilki dost, sen ys bilýän ekeniň. Belki, şu küýzäniň içinde näme bardygyny hem bilersiň? − diýip sorady. Tilki küýzäniň agyz tarapyny ysgap:

− Gurt dost, küýzäniň içindäki ýag bolmaga çemeli. Agzyndan ýagyň ysy gelýär − diýdi.

Onda gurt:

− Tilki dost, munuň ýagyny haçan iýeris? − diýip sorady.

Onda tilki:

− Gurt dost, bu günler ýaz wagty, her zatlar iýip oňmak bolar. Meniň pikirimçe, şu ýagy häzir iýmän, sowuk düşende iýsek ýagşy bolar − diýip, maslahat saldy. Gurt tilkiniň maslahaty bilen razylaşdy. Şeýlelik bilen, bular küýzäni öňküsi ýaly edip gömüp goýdular.

Günlerde bir gün tilki möjekden ogrynça gelip, häki küýzäni agtaryp tapdy. Içindäki ýagdan iýip, ony küýzäniň bokurdagyna getirip goýdy.

---

[1] Mentek — gapanyň üstünde goýulýan aldawaç.

Ertir bular jaýlaryna gelende: «Näme tapyp iýdiň?» diýip, biri-birinden soraşardylar. Bu gün hem tilki gurtdan sorady:

− Gurt dost, bu gün näme tapyp iýdiň?

Onda gurt aýtdy:

− Tilki dost, bu gün men aç galdym. Sebäbi ýatan goýun sürüsine degmekçi bolup, ýakynlap barýarkam iki sany itiň üstünden bardym. Olar maňa topuldylar. Gaçyp zordan gutuldym. Başga zat tapman, boş geldim.

Ol tilkiden sorady:

− Tilki dost, sen näme tapdyň?

− Gurt dost, «Bokurdak» baý toý etdi. Men şondan doýdum.

− «Bokurdak» baý diýeniň kim? − diýip, gurt sorady.

− «Bokurdak» baý diýenim bir tanyş baýdy − diýip, tilki aýtdy.

Ikinji gije bular ýene aw gözlegine gitdiler. Agzy tagam alan tilki ýene baryp, şol ýagdan garnyny göjedi. Ýag küýzäniň ýarsyna geldi. Tilki küýzäni öňküsi ýaly edip gömüp goýdy.

Ertesi ýygnandylar. Tilki:

− Gurt dost, näme tapdyň? − diýip sorady.

Onda gurt:

− Bir süri goýna degdim. Bir goýnuň guýrugyny alyp iýdim. Şonuň bilen garnym doýdy. Tilki dost, sen näme tapdyň? − diýdi.

− Men ýene bir toýuň üstünden bardym.

− Ýene kim toý etdi?

− «Ýarty» baý toý etdi.

− «Ýarty» baý diýeniň kim?

− «Ýarty» baý diýenim hem bir baýyň ady − diýip, tilki jogap berdi.

Üçülenji gije aw awlamaga gidenlerinde tilki ýene baryp, küýzedäki ýagy iýip gutardy.

Ertesi irden ýataklaryna gelende tilki gurtdan sorady:

− Gurt dost, bu gün näme tapdyň?

Onda gurt aýtdy:

– Tilki dost, men-ä ýorta-ýorta hiç zat tapmadym. Sen näme tapdyň?

– Gurt dost, bu günem men bir toýuň üstünden bardym.

– Kim toý etdi?

– «Gutaran» baý toý etdi.

– «Gutaran» baý diýeniň kim?

– «Gutaran» baý diýenim bir baýyň ady – diýip, tilki jogap berdi.

Dördünji gün Gün batandan soň, bular adatdakysy ýaly aw awlamaga gitdiler. Gurt bir ýana gitdi, tilki başga ýana gitdi. Gurduň garasy ýitenini gören tilki küýzäni açyp, içini tämiz edip ýalady. Boldum edip, onuň içini hapalady.

Ertiri ýygnandylar. Tilki:

– Gurt dost, bu gün näme tapdyň? – diýip sorady.

Onda gurt:

– Tilki dost, awum oňdy. Bir süri goýna degdim. Goýnuň eti ýaramaz eken. Bir çebiş alyp, rahat iýdim – diýdi.

– Tilki dost, sen näme tapdyň?

– «Ýalama» baý toý etdi. Şondan nahar edindim.

– «Ýalama» baý diýeniň kim?

– «Ýalama» baý diýenim hem bir adamdyr – diýip, tilki jogap berdi.

Soňra tilki her gün baryp küýzäniň içini hapalap durdy. Ahyry bir gün küýze hapadan doldy. Tilki ýene küýzäni öňküsi ýaly edip gömüp goýdy.

Bir gün gurt:

– Tilki dost, indi salkyn düşdi. Tapan küýzämiziň içindäki ýagy iýsek niçik bolar? – diýdi.

Onda tilki:

– Ol ýag ikimize azlyk edýär. Gel, şert edişeli – diýip aýtdy.

Gurt:

– Näme şert edişeli? – diýip sorady.

Onda tilki:

– Ikimiz şu ýerden ýortaly, kim öňürti ýagyň ýanyna barsa, ýagy şol iýsin – diýdi. Gurt bu şerte-de razy boldy.

Ikisi ýataklaryndan çykyp, ýaga garşy ylgadylar. Ýolda tilki ýalandan ýykylan boldy. Ol ýatan ýerinden halymjyrap:

− Gurt dost, aýagyma tiken girdi. Ýagdan maňa-da bir azajyk goýaweri! − diýdi.

Gurt derrew gelip, küýzäniň agzyny açdy. Görse, küýzäniň içi hapadan doly. Şol wagt tilki gelip:

− Gurt dost, maňa ýag goýduňmy? − diýip sorady.

Onda gurt:

− Küýzäniň içinde goýdum − diýdi. Tilki küýzäniň agzyna ýakyn baran bolup:

− Gurt dost, munuň içindäki ýag däl-de, tilkiniň hapasy ýaly-la? − diýdi. Tilkiniň bu sözüne jany ýanan gurduň gahary gelip:

− Ony eden tilki bolsa, onda seniň ajalyň geldi − diýip, tilkini tutup iýdi.

## TILKINIŇ ÝOLBARSY ÝEŇŞI[1]

Günlerde bir gün ýolbars, tilki, möjek − üçüsi dost bolupdyr. Olar birleşip aw awlamaga gidipdirler. Ilki keýik tutupdyrlar, soňra şagal bilen towşan awlapdyrlar. Oljany orta üýşürenlerinden soň, ýolbars möjege:

− Awy paýla! − diýipdir.

Möjek:

− Bolýar − diýipdir-de: − Keýigi ýolbars iýsin, towşany tilki iýsin, a men bolsam şagaly iýerin − diýip, awy aňsat bölüpdir. Muňa ýolbarsyň gaty gahary gelipdir. Ol aýagy bilen möjegiň boýnundan tutup, ýere pylçap urupdyr. Ölen möjegiň derisini aýryp zyňandan soň, tilkä:

− Heý, tilki, indi sen paýla! − diýipdir.

Tilki:

− Bolýar − diýipdir-de: − Keýigi sen iý, şagaly sen iý, eger-de doýmasaň, onda towşany hem sen iý − diýipdir.

[1] №1033F bukja. Erteki Mary raýonyndan (häzirki Mary etraby) ýazylyp alnypdyr.

Ýolbars:

− Heý, tilki, beýle paýlamany kimden öwrendiň? − diýip sorapdyr.

Onda tilki:

− Sen möjegiň hamyny sypyryp, gyzyl et edeniňde öwrendim − diýipdir.

Şeýdip, ýolbars keýigi, şagaly, towşany iýipdir. Şundan soň ikisi ýene ýollaryny dowam etdiripdirler. Barýarkalar öňlerinden uly gorp çykypdyr. Tilki aglamjyrapdyr. Ýolbars:

− Heý, tilki, sen näme üçin aglaýarsyň? − diýip sorapdyr.

− Men seniň kakaňy ýatladym − diýip, tilki aýdypdyr. − Seniň kakaň şu gorpdan elmydama bökerdi. Ol batyrdy. Şol ýadyma düşdi. Şoňa hem agladym.

− Menem kakam ýaly güýçlüdirin. Şu gorpdan menem böküp bilýän − diýip, ýolbars gorpdan böküpdir. Emma ol gorpuň ortasyna baranda aşak gaýdyp, heläk bolupdyr.

Şeýdip, tilki hilegärlik bilen adalatsyz, zalym ýolbarsdan dynypdyr.

## TILKINIŇ AW AWLAÝŞY[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Bir tilki bar eken. Ol oňly aw tutup bilmän, horlanýar eken. Bir gün bu tilkä bir ýolbars duş gelipdir. Ýolbars bilen tilki dost bolupdyrlar. Ýolbars tilkiden:

− Eý, dost, sen näme üçin beýle hor? − diýip sorapdyr.

Onda tilki:

− Eý, dost, men uly haýwanlary tutaýyn diýsem güýjüm ýetenok, kiçiräkleri hem gaçyp gutulýarlar. Meniň güýjümiň ýetýäni porsy alaka. Ony hem işdäm almaýar. Alaçsyz iýsem hem garnym doýmaýar. Şonuň üçin hem hor − diýipdir.

Onda ýolbarsyň tilkä rehimi inip:

− Ýör onda, men saňa bol aw tutup bereýin − diýýär.

[1]№692 F bukja. Ertekini 1939-njy ýylda Kerim Osmanow ýazyp alypdyr.

Ýolbars bilen tilki gidip barýarkalar öňlerinden dört sany ýaby çykypdyr. Ýolbars gizlenipdir. Tilki hem onuň ýanynda busupdyr. Ýabylar ýakyn gelende, ýolbars tilkä garap:

− Murtum syh-syh boldumy? − diýipdir.

Tilki:

− Boldy − diýipdir.

Ýolbars:

− Gözüm gyzardymy? − diýip sorapdyr.

Tilki:

− Gyzardy − diýipdir.

Ýolbars:

− Depe saçym hüžžerdimi? − diýipdir.

Tilki:

− Hüžžerdi − diýipdir.

Ýolbars:

− Onda ýabylaryň birisi! − diýip, ýabylaryň üstüne zyňypdyr weli, bir ýabyny eýýäm alypdyr.

Ýolbars ýabynyň etinden ilki öz geregini edinip, galanyny tilkä beripdir. Tilki ony bir aýlap iýipdir. Indi bu tilki semräpdir.

Bir gün bu tilkä başga tilkiler duşup, onuň nädip semränini sorapdyrlar. Onda ol tilki:

− Men ýolbars bilen dost boldum. Aw awlamagy öwrendim. Size hem aw awlamagy öwredeýin − diýipdir.

Onda beýleki tilkiler:

− Öwretsene! − diýipdirler.

Onda ol tilki:

− Ýörüň − diýipdir-de, öňe düşüp gidiberipdir.

Bir ýerde bulara bir ýaby duşupdyr. Ol ýabyny görüp, beýleki tilkilere:

− Geliň, şu ýerde gizlenip ýatalyň − diýipdir.

Bular gizlenipdirler. Tilki bolsa:

− Gözüm gyzardymy? − diýip sorapdyr.

Beýleki tilkiler görseler, gyzaran göz ýok. Onda olar:

− Ýok − diýipdir.

Ol tilki:

− Gyzardy diýseňiz-le! − diýipdir.

Tilkiler:

− Gyzardy − diýipdirler.

Bu tilki ýene:

− Murtum syh-syh boldumy? Depe saçym hüžžerdimi? − diýende, tilkiler:

− Ýok − diýipdirler.

Onda ol tilki beýlekilere ýalbaryp «Boldy» diýdiripdir.

Soňra tilki:

− Ine, şol ýaby! − diýip, ýaba topulypdyr.

Ýaby hem tilkiniň maňlaýyna goşa toýnak bilen bir ýapypdyr weli, tilki agzyny açyp, gözüni ýumup, şol ýatyşyna ýatyp galypdyr.

## ŞERMENDE ŞAGAL[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym eýýamda bir şagal bar eken. Ol hiç öz hakyna kaýyl bolmaz eken. Her hili şerraýlyk bilen hemişe iliň hakyna-da dawa eder eken. Şoň üçinem özi ýaly haýwanlaryň arasynda munuň ýörgünli ady «Şermende şagal» bolupdyr.

Şermende şagal soňabaka ejizje haýwanlary awlap ýörmek bilenem oňman, obalara-da aralaşyp ugrapdyr. Jüýje-towuklary ogurlapdyr, daşarda goýlan gap-gaçlardaky naharlary hem başyna çekip ötägidýän wagtlary bolupdyr.

Ol şeýdip ýörşüne bir nilgäriň[2] naharyna hasam düşünipdir. Ahmalyna garap, garaňky gijeler gelip, onuň naharyny iýip gitmäge başlapdyr.

---

[1] №1033F bukja. Erteki Mary raýonyndan (häzirki Mary etraby) ýazylyp alnypdyr.

[2] Nilgär — boýagçy

Nilgär hem muny aňyp, günleriň birinde özüniň nahar guýýan gabyny nilden dolabara edipdir-de, ýüzjagazyna hem ýag guýup, daş işiginde goýup, arkaýyn ýatypdyr. Öwrendikli bolan şagal hem gelipdir-de, ýaňky okaradaky ýagy ýalap ugrapdyr. Barha işdäsi açylyp, burny süsňäp, birdenkä bütin kellesini oňa sokupdyr. Görse, ýagyň aşagy nahar däl diýýär. Şagal siltenjiräp kellesini çykarypdyr. Emma giç bolupdyr. Sebäp diýseň, kellesi nile çümüp, ýap-ýaşyl reňke boýalyp çykypdyr. Ol näderini bilmän kellesini silkeleşdiripdir. Suwuk nil aýrylmakdan-a geçen, gaýta, bütin endam-janyna-da syçrap, ýaňky şagaly başdan-aýaga alabeder bir zat edip taşlapdyr.

Onsoň şagal dagy alaç tapman, gadymky mekanyna tarap, tokaýçylyga sümüp ötägidipdir. Ýalançy ýagtylansoň, muňa gabat gelen haýwan oňa geň galyp seredipdir hem-de aralaryna görlüp-eşidilmedik bir güýçli jandar gelendir öýdüp, mundan gorkupdyr.

Şermende şagal bu ýagdaýy derrew aňypdyr. Özüni hondanbärsi tutup, olaryň ellerindäki awlaryny-da alyp iýmäge durupdyr. Soňabaka mundan hatda ýolbars, gaplaň, möjek ýaly haýwanlar hem heder edip ugrapdyrlar.

Günleriň birinde muňa tilki gabat gelipdir. Ol siňe seredip, munuň şol şermende şagaldygyny tanapdyr.

Onsoň tilki:

− Haý, şagal dost, göterinip biläýseň-ä bir döwletiň gyrasyndan-a baryp bilipsiň − diýipdir.

Onda şagal:

− Wah, göterinip bilemok-da! Mesligime çydaman, uwlasym gelip, içimi it ýyrtyp barýar − diýipdir.

Tilki:

− Gör-dä, indi şagaldygyňy bildiräýseň-ä, hemişelik şermendeligiň bilen sypar ýaly bolan dälsiň. Meňkä bir aýtmak − diýip, öz ýoluna gidiberipdir.

Şeýdip, ýene birnäçe gün geçipdir. Edenine «däl» diýilmän ýören şagal tilkiniň bu maslahatyny hem ýadyndan çykarypdyr. Meslige çydaman, bar güýji bilen uwlamaga başlapdyr. Munuň sesine tokaýdaky ähli haýwanlar üşerilişip, oňa

tarap seredipdirler. Görseler, gorkup, haklaryny iýdirip ýörenleri gadymkyja şerraý şagal eken. Onsoň bir ýandan möjek, bir tarapdan gaplaň, ýene bir gapdaldan ýolbars dagy üýşüp gelipdirler-de:

− Hä, sen şermende şagal! Ählimizi aldap ýören asyl sen ekeniň-ow! − diýip, hähini-mähini bermän, muny derrew düýt-müýt edip taşlapdyrlar.

## ÖKÜZ BILEN EŞEGIŇ MÖJEKLERI GORKUZYŞLARY[1]

Öküz bilen eşek − ikisi dost bolup, bir gün: «Başga bir ýere gidip, otlap geleli» diýip, ýola düşüpdirler. Olar bir otluk ýere barypdyrlar. Otdan garny doýan eşek:

− Wah, meniň ýagdaýym erbet. Men azajyk hem bolsa aňňyrmasam, içime ýel düşüp ölüp barýan − diýipdir.

Onda öküz:

− Eý, gadyrly dostum eşek, bu ýerde aňňyrmak bolanok. Sen bu ýerde biziň duşmanlarymyzyň köpdügini bileňokmy? Aňňyrsaň başymyza müň belany indererersiň − diýipdir.

Eşek azajyk çydapdyr. Ahyry mesligine çydaman, bar güýji bilen aňňyrypdyr. Öküz:

− Heý-de şeýle gygyrmak bolarmy?! Demiňi içiňe salyp aňňyrsaň bolmadymy?! − diýip käýinipdir.

Eşek «a-a!» diýip, ýuwaşja aňňyrjak bolupdyr, başarmandyr. Ol öňki endigine görä ýene «i-a-i-a!» diýip, sesinde baryny edip aňňyrypdyr. Onuň ýiti sesi uzaklara ýaýrap gidipdir. Eşegiň sesini aw tapyp bilmän ýören bir topar möjek hem eşidipdir. Olar:

− Aňsatja ýerden aw tapyldy! – diýip, sesiň çykan tarapyna gaýdypdyrlar. Topar bolup gelýän möjekleri gören iki dost gorkup, bir agaja münüpdirler.

Möjekler agajyň aşagyna gelip:

---

[1] №692 F bukja. Ertekini 1939-njy ýylda Kerim Osmanow ýazyp alypdyr.

– Ses şu ýerden çykdy. Kim aňňyrdyka? – diýşip, agajyň aşagynda halka gurap oturypdyrlar. Şol wagt öküz:

– Aý, dost, men çydamok, häzir aşak gaýdýan – diýýär.

Onda eşek:

– Öküz dost, çydajak bolaweri! – diýip, haýýş edýär. Öküziň agramyna çydamadyk şaha döwülýär. Öküz maslahatlaşyp oturan möjekleriň ortasyna patylap duşýär. Öküziň gaçanyny gören eşek:

– Haý, öküz dost, möjekleriň birini hem sypdyrma! Biz häzir saňa kömege ýetişeris – diýip gygyrýar.

Ýokardan gaçan ala-beder belany görüp, ýürekleri ýarylara gelen möjekler ýokardan eşidilen sesden has hem gorkupdyrlar.

Olar:

– Ýene birkisi bar bolmaga çemeli, olar duşmänkä janymyzy gutaralyň! – diýip, pikir ýüwürdip, dumly-duşa gaçyp gidipdirler.

Şeýdip, möjeklerden sag-aman sypan iki dost tirkeşip, öz obalaryna gaýdypdyrlar.

## ALMYTYNY ALAN MÖJEK[1]

Keselden ýaňy aýaga galyp, işdäsi açylyp barýan bir möjek bar eken. Bu möjek birnäçe gün aw tapman gezensoň, ahyrda, günleriň bir gününde uklap ýatan bir towşan bilen bir keýigiň üstünden barypdyr. Möjek bulary ukudan turzup:

– Men sizi iýmäge geldim – diýen.

Keýik bilen towşan hem:

– Eý, möjek aga. Bizi iýseň iý weli, entek hol jaryň aňry ýanynda sürüden galan bäş-alty sany goýun bar, şolary iýip gel. Ondan soň bizi iýseň hem bolar – diýen.

Möjek:

[1] №696b F bukja. Ertekini 1936-njy ýylda Ahmet Ahundow ýazyp alypdyr.

− Bolýar onda, ilki olary iýip geleýin − diýip gidipdir. Möjek keýik bilen towşanyň diýen ýerinde otlap ýören goýunlary görüp, olaryň ýanyna baran. Olara ýüzlenip:

− Goýunlarym, sizi iýmäge geldim − diýen.

Goýunlaram:

− Hawa, gurt aga, seniň bizi söýmäge gelmändigiňi bilýäris. Biz hem şu günler janymyzdan bizar bolupdyrys. Ölmäge ýer agtaryp ýörüs. Seniň geleniň ýagşy boldy. Emma biz ölmänkäk, saňa bir ýagşylyk edeli. Ynha, şu öň ýanyňda duran depäniň aňrysynda bir gatyr ýatyr. Öňi bilen şony bir iýip gel. Biz hiç ýere gaçyp gidesimiz ýok − diýdiler.

Möjek bulara hem «Bolýar» diýip, gatyra tarap giden. Ol aýdylan depäniň üstüne çykyp, göz gezdiren. Depäniň eteginde ýatan bir mele gatyra gözi düşen. Ol gatyryň ýanyna baryp:

− Eý, gatyr, sözüň tümmek ýeri, men-ä örän aç, seni iýmäge geldim − diýen.

− Eý, möjek, päliň azmasyn, ugruňa gidiber, düýeden uly pil bar. Şu sag ýanyňdaky çägelik depäniň aňry ýanynda bir at gezip ýör. Şony iý-de gel, soň meni hem iýersiň.

Möjek gatyryň sözüne ynanyp, atyň ýanyna baryp:

− Eý, at dost, men-ä ajykdym, içim dagy üzülip barýar. Iň soňky demimde seniň ýanyňa geldim. Men seni hökman iýjek − diýen.

− Möjek dost, ömrümde bir ýumşuň düşdi. Ony bitirmesem bolmaz. Emma dost, men jany örän gowy görýärin. Meni birugra  öldürip iýme. Ilki azajyk ýerimi iý.

− Men seniň niräňi iýeýin?

− Art aýagymy iý.

Möjek atyň syrtyna geçip, onuň artky aýagynyň ýanyna bardy. Ol agzyny açyp topulanda, at möjegi bat bilen depdi. Möjegiň agzy gan ýalan ganjygyň agzyna döndi.

Möjek et iýmeden geçen, agzynyň ganyny syrkdyryp aglamaga başlan. Ol şol aglap oturşyna:

– Wah, arman, ilki öňümden çykan keýik bilen towşanjygy iýsem bolmaýarmy! Pälim azdy-da! Pälimiň azanyny gatyr pahyr hem aýtdy-la. Keýik bilen towşandan aldanypdyryn, ýagşy edipdirin, häli-şindi aşym-tüwim bolan goýunlardan aldanypdyryn. Hany gatyr! – diýip, zar-zar aglapdyr.

## MÖJEGIŇ GEÇIDEN ÝEŇLIŞI[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Bir ekiz owlakly geçi bar eken. Bu geçiniň owlaklarynyň bir tamjagazlary bar eken. Ýaňky geçi her gün owlaklaryna ot getirmäge gidende, owlaklaryny şol tama salyp, agzyny gulplap gider eken.

Owlaklaryna ot getirip, tamyň gapysyny açdyrjak bolanda owlaklaryna:

– Emjegim bilen süýt getirdim,
Şahym bilen gül getirdim,
Agzym bilen ot getirdim,
Açyň gapyny –

diýip aýdar eken. Owlajyklar hem gapyny açar ekenler.

Günlerde bir gün geçiniň gapyny açdyran wagty owlaklaryna aýdan sözüni gapdalynda ýatan möjek eşidýär. Ol geçiniň aýdan sözlerini mäkäm belleýär.

Bir gün geçi tamdan çykyp gidende, möjek gelip, owlaklaryň enesi bolan bolup:

– Emjegim bilen süýt getirdim,
Şahym bilen gül getirdim,
Agzym bilen ot getirdim,
Açyň gapyny –

diýýär.

Ýaňky owlajyklar eneleridir öýdüp, gapyny açýarlar. Möjek owlaklaryň ikisini hem dirije ýuwudyp gidiberýär. Bir wagtdan geçi gelip, owlaklaryna hemişeki aýdan sözüni bir ýola aýdypdyr. Gapy açylmandyr. Ikinji ýola aýdypdyr,

[1] №402 F bukja. Ertekini 1937-njy ýylda Jepbarow ýazyp alypdyr.

açylmandyr, ahyrda geçiniň gahary gelip, getiren zatlarynyň hemmesini döküp, gapyny döwüp açypdyr. Görse owlajyklary ýok. Geçi tamyň daşyna çykyp töweregine garapdyr. Ol uzakda gezip ýören bir möjegi görüp, ýanyna barypdyr. Ol möjege:

− Eý, möjek, gel ikimiz böküşeli. Emma her kim böken ýerinden süýt çykarmaly − diýip şert goýupdyr. Möjek hem «Bolýar» diýip, geçiniň şertini kabul edipdir.

Bu ikisi böküşmäge başlapdyrlar. Geçiniň emjeginden süýt ýere akyp, geçiniň böken ýerini öl edipdir.

Şunluk bilen geçi möjegi ýeňipdir. Möjegiň bökýän ýerinden süýt çykmandyr. Ol köp böküpdir. Ahyrda möjegiň garny ýere degip ýarylýar. Möjegiň içinden owlajyklar «mä-de, mä...» edişip çykýarlar. Geçi owlajyklaryny öýüne alyp gaýdýar.

## GOÝUN BILEN MÖJEGIŇ DAWASY[1]

Günlerde bir gün bir goýun jülgede otlap ýör eken. Onuň ýanyna bir möjek gelip:

− Eý, goýun, bu ýer meniň ýerim. Sen näme üçin meniň ýerimde otlap ýörsüň? − diýipdir.

Onda goýun:

− Ýok, jülgäniň hakyky eýesi men. Köp wagtdan bäri bu ýerde men hiç kimi görmedim. Oty ösen bu jülge saňa gerek däl. Bu ýer meniňki. Möjek dost, sen öz ugruňa gidiber − diýipdir.

Möjek bolsa:

− Bu jülge maňa ata-babalarymdan miras galan ýer. Ynanmasaň şaýat taparyn. Goýun dost, seniň şaýadyň barmy? − diýip sorapdyr.

− Men şaýady aňsatja taparyn. Jülgäniň maňa degişlidigini hemme bilýär − diýip, goýun aýdypdyr.

[1] №303 F bukja. Ertekini Muhammet Ataşow ýazyp alypdyr.

Şeýdip, olar aýrylyşypdyrlar. Möjek tilkini tapyp:

− Eý, tilkijik, men ikimize hem bolar ýaly ýagly olja tapdym. Soňuny sorama-da, yzyma düş − diýipdir.

Tilki:

− Ol nähili olja, möjek dost? − diýip sorapdyr.

Möjek:

− Bir jülgede semiz goýun otlap ýör. Men onuň bilen jedelleşdim. Men şaýat taparyn diýip gaýtdym. Sen «Jülge meniňki» diýseň bolany − diýip, tilkini ynandyrypdyr.

Göwni galkan tilki:

− Örän gowy boldy, möjek dost, ýör gideli! − diýipdir.

Goýun bolsa oba gelip, gara ite duş bolupdyr. Ol ite:

− It dost, şu gün jülgede otlap ýörkäm, ýanyma möjek geldi. Ol: «Bu jülge meniň ata-babamdan galan ýer. Bu ýerleriň eýesi men. Sen näme üçin meniň ýerimde otlap ýörsüň?» diýdi. Men oňa: «Bu ýeriň hakyky eýesi men. Menden başga hiç kim bu ýere gelenok. Möjek dost, sen öz ugruň bilen gidiber» diýdim. Ol maňa: «Seniň şaýadyň barmy?» diýdi. Menem oňa: «Men şaýady aňsatja taparyn. Jülgäniň maňa degişlidigini hemme bilýär» diýdim. It dost, sen maňa kömek et − diýipdir.

− Goýun dost, gaýga batma! Saňa kömek ederin − diýip, it göwünlik beripdir. Ertesi goýun it bilen jülgä barypdyr. Görse, möjek heniz gelmändir. It goýna:

− Goýun dost, üns berip diňle. Men şu buky ýerde ýataryn. Üstümi ýandak bilen ört. Möjek bilen onuň şaýady meni görmesinler − diýip aýdypdyr.

It gaýym gizlenipdir. Möjek bilen tilkijik gelipdir.

Möjek:

− Tilki dost, görýäňmi, işimiz oňjak öýdýän. Ol-ha bir özi gezip ýör. Şaýat tapmandyr. Biz jülgäni goýundan tartyp alarys we etini iýeris − diýip, tilkä ýüzlenipdir.

Tilkijik goýnuň ýanyna ylgap gelip:

− Eý, goýun, sen näme kesekiniň ýerinde gezip ýörsüň? − diýip sorapdyr.

− Sen şu jülgäniň kimiňkidigini bilýärmiň?

− Hawa bilýärin. Bu ýer möjekden başga hiç kime degişli däl. Biz bu jülgäniň möjegiňkidigini bilýäris.

Şol wagt möjek:

− Goýun  dost, seniň şaýadyň görnenok-la − diýip sorapdyr.

Onda goýun:

− Dostum, maňa şaýat gerek däl. Eger seniň sözüň dogry bolsa, şu ýandagyň üstünden böküp aňry we bäri öt. Şondan soň jülge, goý, seniňki bolsun! − diýen.

Tilkijik:

− Munuň näme kynçylygy bar. Men böküp görkezäerin − diýip, ýandagyň üstünden böküpdir. Tilkijik bökende itiň tumşugyny görüp:

− Ýok, men aldawçy däl, ýalan söz berip biljek däl − diýip, gaçyp gidipdir.

Möjek ýandagyň üstünden bökjek wagty it onuň  bokurdagyndan tutupdyr. Bu ahwaly gören tilki gidip barşyna:

− Wah, möjek dostum, seni ýalan töhmet tutdy − diýip gygyrypdyr. It möjegi öldüripdir. Goýun bilen bile obalaryna gaýdypdyr. Şeýdip, otly jülge olara degişli bolupdyr.

## GÜLKI BOLAN TILKI[1]

Bir oba bir gün ozalky oturýan ýerinden başga bir ýere göçüp gidýär. Obada bir garry horaz bilen garry köpekden başga hiç janly-jemende galmandyr. Horaz bilen köpek ondan-mundan zat çöpläp, gün görüp ýören ekenler. Bir gün olaryň gezip ýören ýerine bir aç tilki sümsünip barypdyr. Horaz ýatanda iň beýik tamyň birine münüp ýatar eken. Tilki hernäçe sermense-de, iýer ýaly zat tapman aýlanyp ýörkä, birden horaza gözi düşüpdir. Tilki şobada halymsyran bolup:

− Eý, horaz dost, näme beýle ýokaryk çykypsyň-la. Ýere düş ahyry. Gel, ikimiz dost bolaly, beýdip hor-homsy ýaşap ýörenden özümiz bile ekin ekeli, hasyl

[1] №112 F bukja. Ertekini 1929-nji ýylda Hojaly Atanyýaz ogly ýazyp alypdyr.

alaly. Tohumyny men taparyn. Sen ýöne ýygnap, eýe bolsaň bolýar − diýip başlaýar.

− Wah, şony meniň hem göwnüm isleýär. Menem harmanyň ýanynda bolsam gowy görýän weli, ýöne muňa agam razy bolmazmyka diýýän − diýipdir. Onda tilki:

− Hany agaň? Men ony özüm derrew razy ederin − diýýär. Horaz:

− Ho-on-ha, hol tamyň içinde ýatandyr. Arkaýyn baryber, ýeke özi ýatandyr − diýip, ala köpegiň ýatan tamyna iberýär.

Tilki horazyň «agam» diýýäni hem özi ýaly horazmyka öýdüp, begenip ugraýar. Ol salgy berlen tamyň işiginden baryp, içine boýnuny uzadyp äňedýär. Görse, ynha, bir ullakan ala köpek ýatyr. Ony gören tilkiniň ýüregi ýarylan ýaly bolup ökjäni göterýär. Ala köpek hem onuň münýär söbügine. Tilki näçe sapalak atyp gaçsa-da, satanlak ala köpek ony sypdyrmandyr. Häli ýetdim, şindi ýetdim diýip, ahyry tilkiniň guýrugyndan agyz salypdyr. Tilki dyzap ugrapdyr, köpegem sypdyrmandyr. Aralykda tilkiniň guýrugy üzülip, ala köpegiň agzynda galýar. Ala köpek guýruk bilen güýmenýänçä, tilki mazaly arany açypdyr. Tilkiniň bu bolup barşyna horazyň gülküsi tutup gygyrypdyr:

− Eý, tilki dost, bolup barşyň nähili, how! Hany, bärik gel, menem, ynha, tamdan düşeýin, ekin ekeris − diýip gygyrypdyr. Onda tilki:

− Aý, horaz dost, seniň agam diýýäniň ýaňky ala köpek bolsa, ekin ekjegem ikimiz boljak bolsak, onda meniň ekinim ekilipdir − diýip, guýrugyny görkezenmiş. Onda horaz:

− Wiý, tilki dost, sen-ä tüýs gülki dost bolaýypsyň − diýip gülüpdir. Tilki bolsa, öz hilesi paşmansoň, yzyna garaman gidipdir.

## YLGASY GELEN TILKI[1]

---

[1] №696b F bukja. Ertekini 1936-njy ýylda Ahmet Ahundow ýazyp alypdyr.

Gadym zamanlarda bir tilki bar eken. Bu tilki özünden güýçli haýwana duş gelmänsoň, hemişe özünden ejizje haýwanlary horlap gezer ýörer eken. Ol hiç bir gara görmän, öz bolşundan örän göwni hoş bolup: «Dünýäde meniň ýaly, özünden göwni hoş haýwan barmyka» diýip, güpüläp, öwner eken.

Ol şol gezip ýörşüne bir gün beýik bir depäniň üstüne çykyp: «Meniň şu günler ylgasym gelýär. Wah, şu wagt öňümden bir towşan turup gaçsa, men hem şony kowup, keýpden çyksam» diýip, arzuw eden.

Tilkiniň bu sözlerini bir awçy eşiden. Ol awçynyň ýanynda bir tazysy hem bar eken. Ol depäniň gapdalyndan tazysy bilen bukdaklap gelip, şol ylgap, aýagynyň ýelini çykarjak bolýan tilkini tazysyna görkezýär. Tazy hem oňa tarap topulýar. Tilki görse, ine, bir tazy ýetip gelýär. Ol tazyny gören badyna, «Assa gaçan namart» diýip, göterýär ökjäni. Häli aldym-da, şindi aldym bolup barýarkalar, gapdallaryndan bir towşanjyk çykyp:

− Tilki aga, ne beýle gaty gidýärsiň, örän ylgasyň gelipdir öýdýän. Hany, dur ahyry! Bir görşeli-le! − diýipdir.

Onda tilki:

− Aý, towşan dost, bu wagt «Dur» diýmäweri. Soň görüşäeris − diýip, ylgawyny ýazman jogap beripdir.

Onda towşan:

− Nirede görüşerkäk, tilki dost! − diýip, gülümjiräp gygyran.

Onda tilki:

− Haý, dost, tazynyň rehimi inäýmese, meniň nirede boljagymy hol awçydan soraýmasaň, men-ä bilmedim-ow − diýip, sözüni soňlap ýetişmänkä, tazy tilkiniň yzyndan ýetip, gabyr-gubur basypdyr. Onýança awçy hem gelip ýetipdir.

## MÖJEGI ALDAN TILKI[1]

[1] №872 F bukja. Ertekini Annamämmet Nepes ýazyp alypdyr.

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda bir tilkijik bar eken. Ol aw tapman, ajyndan selpäp ýörkä, birden, bir möjegiň bir towşany tutjak bolup, kowalap barýanyny görüpdir. Möjek näçe kowalasa-da, towşanyň yzyndan ýetip bilmän, kän kowalaşypdyr. Şonda ýaňky tilki:

− Gel, menem bulara goşulaýyn. Eger towşany tutaýsak, bir hile bilen menem öz ýetdik paýymy alaryn − diýip, möjegiň gapdalyndan ylgap başlapdyr. Ahyry ýaňky towşan halys ýadap durupdyr. Möjek hem ýadap durupdyr. Olaryň ikisiniňem gymyldamaga mejaly bolman, haslaşyp ýatypdyrlar. Tilki hem bularyň ýanyna baryp, hasyldan bolup ýatypdyr. Onda möjek:

− Ýeri, tilki dost, biz-ä kowalaşyp, ýadap ýatyrys weli, sen näme hasyldap ýatyrsyň? − diýýär. Onda tilki:

− Eý, möjek dost, näme seniň habaryň ýokmy, men bu towşanyň öňüni gabalap, saňa garşy gaýtaryp ýörün ahyry − diýýär. Onda möjek:

− Eý, tilki dost, bu towşany ikimiz iýjek bolsak-ha, hijimize-de ýok bolmaz. Onuň üçin muny haýsymyzyň ýaşymyz uly bolsa-da, şol iýmeli edeli − diýýär. Onda tilki:

− Gaty bolýar, möjek dost. Hany, sen onda ýaşyňy aýt, eşideli − diýýär. Möjek:

− Tilki dost, men gaty uludyryn. Men baryp ant eýýamynda hem bardym − diýýär. Onda tilki:

− Wah, şeý diýsene − diýip aglaberýär.

Möjek:

— Näme boldy? — diýir soranda, tilki:

− Wah, şol seniň bolan ant eýýamynda meniň Ant atly kyrk ýaşly bir oglum ölüpdi, şol ýadyma düşäýdi − diýýär. Şeýdibem, tilki möjegi aldap, towşany özi iýipdir.

## HOKGAR BILEN ŞAGAL[1]

[1] №696b F bukja. Ertekini 1936-njy ýylda Ahmet Ahundow ýazyp alypdyr.

Bir bar eken, bir ýok eken, günleriň birinde hokgar atly bir guş bar eken. Bu guş beýik bir agajyň başynda höwürtge ýasap ýumurtgalapdyr. Muny bir şagal görüpdir. Bu şagal hokgaryň ýanyna baryp:

− Heý, hokgar, derrew ýumurtgaňdan birini okla, ýogsam özüňi iýerin − diýenmiş.

Ol guş şagalyň şeýle beýik agajyň başyna çykyp bilmejegini näbilsin! Hokgar ondan gorkup, bir ýumurtgasyny agzyny açyp duran şagala oklapdyr. Şagal hem ony iýip gidipdir.

Ol günüň ertesi şagal ýene gelip:

− Ýene ýumurtgadan birini okla, ýogsam, özüňi iýerin − diýen. Hokgar biçäre ýene gorkup, ýumurtgasynyň birini berýär.

Şunluk bilen bu şagalyň agzy süýjäp, her gün gelip, hokgaryň bir ýumurtgasyny iýip gidip duran.

Hokgar mundan bizar bolup, näme alaç ederini bilmändir. Ol biçäräniň işi ýöne aglamak bolupdur. Her gün aglap-aglap, gözleri kör bolmaga az galypdyr.

Günlerde bir gün bu hokgaryň üstünden bir ala garga duş gelýär. Ala garga oňa garap:

− Ýeri, hokgar daýza, nämä aglaýarsyň − diýip soran.

Hokgar hem öz derdini ala garga aýdan. Ala garga hokgaryň ýüzüne bakyp, gülüp, şeýle diýen:

− Hokar-hokar, çalja hokar,
Gökde durup ganat kakar.
Ýumurtga bilen şagal bakar,
Öz-özüniň öýün ýykar.

Onda hokgar:

− Eýsem, näme alaç edeýin? − diýip soran.

Ala garga hem:

− Onuň alajy örän aňsat. Bir agyz «Berjek däl, belany iý, awyny iý» diýäýmeli. Ol näme şu agajyň üstüne çykyp biler öýdýärmiň − diýen.

– Bolýar, dogan jan. Şagal indi geläýse onuň petigulusyny bererin – diýip, hokgar örän begenýär.

Soň ala garga:

– Eý, hokgar daýza, eger-de şagal: «Şu sözleri saňa kim öwretdi» diýip soraýsa: «Çar çeşmäniň başyndaky çarbagyň eýesi ala garga öwretdi» diýip aýdaý – diýýär. Şeý diýýär-de ala garga uçup gidýär.

Bir az wagtdan soň, bir ýerden höltülläp, hälki şagal ýetip gelýär. Şagal bu gün hem öňki günlerdäki ýaly, hokgara boýnuny uzadyp:

– Hany, bol basym, ýumurtga okla, garaşyp durmaga wagtym ýok – diýýär.

Hokgar hem:

– Ýumurtga ýerine belany iý, zäher iý, zakgun iý – diýip jogap berýär.

Şagal munuň bolşuna haýran galyp, näme ederini bilmän:

– Bu sözleri saňa kim öwretdi? – diýýär.

– Çar çeşmäniň başyndaky çarbagyň eýesi ala garga öwretdi – diýip, hokgar jogap berýär.

Garganyň adyny eşiden şagal şol çarbaga tarap gidiberýär. Ol çarbaga baryp, çarbagyň içini aýlanyp çykansoň, ahyrda ullakan bir çynaryň başynda gagyldap oturan ala gargany tapýar. Garga hem ol gelmezden öň, onuň geljegini bilip, gamyny iýip goýupdyr.

Şagal ala garganyň ýanyna baryp:

– Çal hokgara akyl öwredip gaýdan ala garga senmi? – diýýär.

– Hawa, şol-a men.

– Onuň ýaly bolsa, bir aşak düşsene, meniň saňa bir maslahat salmaly işim bar.

– Şagal aga, aşak düşmäge hiç kuwwatym ýok. Ýaňy hokgaryň ýanyndan gelenim üçin ganatlarymyň güýji ýok. Ýere hem uçup düşüp biljek däl.

– Uçup düşüp bilmejek bolsaň, özüňi ýere taşla, men tutaýyn.

– Aý, şagal aga, men hemişeki görýän ala gargaň däldirin, men örän semredim, şu günlerde her gün üç ýumurtga iýýärin. Örän agyrdyryn, maňa güýjüň ýetmez.

– Onuň  ýaly bolsa, maňa hem iki-üç sany ýumurtga taşlasana, men hem iýip güýçleneýin-dä! Ondan soň sen dag başyndan ýykylsaň hem tutaryn.

– Bolýar, ýumurtga taşlaýyn weli, ýere gaçyrma, döwler.

– Ýok-la, sen göni meniň agzyma taşla, men agzymy açyp oturaýyn – diýip, şagal garga garşy garap, agzyny açyp oturýar.

Ala garga ýumurtga meňzeş iki sany ak daşy öň häzirläp goýan eken. Şol daşlaryň ikisini hem yzly-yzyna şagalyň açyp duran agzyna taşlaýar. Bu daşlaryň ikisi-de dogruja gelip, şagalyň damagyna dolýar. Şagal diňe bir «hyk» edýär-de, ýanyn ýykylýar. Şol ýerde-de onuň takga jany çykýar.

## «AÝ, ŞAGALDYR-DA…»[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Öň zamanlarda bir ata gaplaň bilen bir ene gaplaň bar eken. Olaryň hem bir topar çagalary bar eken. Olaryň hemmesi bir gowakda jaý tutup, ýaşaýar ekenler. Işleri awçylyk bolup, töwerekden aw awlap, özlerini hem-de çagalaryny eklär ekenler. Olar bir gezek köp wagtlap aw tutup bilmän, birnäçe günlerini aç geçirmeli bolupdyrlar. Ahyrda bir gün ata gaplaň ýene awa diýip, gowagyndan çykyp ugraýar. Ol köp wagtlap gezse-de, aw tapyp bilmeýär. Ol gezip ýörşüne bir tilkijige duşup, ony tutýar. Gaplaň tilkijigi iýmekçi bolanda, tilki:

– Gaplaň dost, sen meni iýme, men saňa gaty gowy aw salgy bereýin – diýip, çagalan şagalyň hinini salgy berýär. Ýaňky gaplaň bu tilkijige zat diýmän, onuň salgy beren ýerine gelýär. Görse, ol hinde ýekeje çaga şagaljykdan başga hiç bir zat ýok eken. Gaplaň muny iýmän, agzyna alyp, öz çagalarynyň ýanyna eltýär. Soňra hem ata gaplaň ene gaplaňa ýüzlenip:

– Men-ä şu çaga şagaly iýmäge dözmedim, eger sen dözseň, onda çagalaryň bilen üýş-de muny iýäýiň – diýipdir.

Onda ene gaplaň:

[1] №696b F bukja. Ertekini 1936-njy ýylda Ahmet Ahundow ýazyp alypdyr.

− Bä, ata gaplaň bolup, seniň muňa rehimiň inen bolsa, men ene gaplaň halyma asyl iýip bilmen. Men açlygyma çydaryn. Eger sen rugsat berseň, men şu şagaljygy öz çagalarymyň biri ýaly idedeýin − diýýär.

Onda ata gaplaň:

− Bolýar, gaty gowy, idedesiň gelse idedeweri − diýýär.

Ene gaplaň hem:

− Bolýar − diýip, ýaňky şagaljygy öz çagalarynyň ýanyna eltýär. Gaplaňyň çagalary hem bu kiçijik şagaljygy oňat görüp, oňa hiç zat diýmändirler. Gaplaňyň çagalary ýaňky şagal çagasy bilen öwrenişip, höwür bolup, oýun edişip, hut öz biri-birleri ýaly bolup gidipdirler.

Şeýdip, ene gaplaň bu şagal çagasyny öz çagalary ýaly edip idedip geziberipdir.

Çagalar barha ulalyp başlapdyrlar. Bir gün çagalaryň hemmesi üýşüp, özleri aw awlamaga gidipdirler. Olaryň arasynda ýaňky şagal çagasam bar eken. Olar şol aw gözläp ýörüşlerine bir pile duçar gelýärler. Gaplaňyň çagalary pili gören wagtlary pile topulypdyrlar. Emma şagalyň çagasy gorkup, yzyna gaçypdyr. Baryp bir gizlin ýerde bukulyp duruberipdir. Gaplaňyň çagalary bir görseler, ýaňky öz doganlary hasaplap ýören şagal çagasy bularyň arasyndan gaçyp gidipdir.

Şonlukda, bular ol gün aw tutup bilmän, yzlaryna boş gaýtmaly bolupdyrlar. Bular öz gowaklaryna baryp, piliň üstüne topulyşlaryny, emma ýaňky doganlarynyň gorkup gaçyşyny enelerine gürrüň beripdirler.

Şonda olaryň enesi:

− Balalarym, ol nireden batyr bolsun, ol şagal çagasy ahyry. Onuň ata-enesiniň hem iň uly awy jüýjedir. Aý, ol hem şolar ýaly şagaldyr-da − diýipdir.

## KYRK KELLELI ÝYLAN[1]

[1] №904 F bukja. Ertekini 1958-njy ýylda Şahan Teke ýazyp alypdyr.

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanlarda bir tokaýda iki sany ýylan ýaşaýar eken. Ol ýylanlaryň biriniň kyrk kellesi bilen bir guýrugy, beýlekisiniň bolsa kyrk guýrugy bilen bir kellesi bar eken.

Günleriň birinde ýaňky ýylanlaryň ýaşaýan tokaýlygyna ot düşüp, ýanyp başlapdyr. Onsoň ýaňky bir kelleli, kyrk guýrukly ýylan otdan gaçmaga başlapdyr. Ol aýak aldygyna gaçyp barýarka kyrk kelleli, bir guýrukly ýylana sataşypdyr. Otdan gaçyp barýan ýylan beýlekä garap:

− Eý, dost, sen näme beýle gökden düşen ýaly bolup dursuň. Ýör, gaçyp, janymyzy halas edeli. Bolmasa ýanyp öleris − diýipdir.

Onda kyrk kelleli ýylan:

− Meniň özüme galsa, näler gaçjak weli, şu kellelerim oňşanok. Olaryň birnäçesi günbatara, başga birnäçesi gündogara, ýene birnäçesi günorta, galanlary bolsa demirgazyga gaçaly diýip, her haýsy bir tarapa çekýär. Ýedi-sekiz sanysy bolsa: «Asyl hiç ýere-de gaçmalyň. Otdur-da, ýansa ýanar-da, öçer gider-dä» diýýärler − diýip, zeýrenmäge başlapdyr.

Bu gürrüňleri eşiden bir kelleli, kyrk guýrukly ýylan:

− Eger onuň ýaly bolsa, men-ä gitdim − diýipdir-de, otdan gaçyp gutulypdyr weli, emma kyrk kelleli, bir guýrukly ýylan belli bir netijä gelip bilmän, ýanyp ölüpdir.

## SÜTEMKÄR ÝOLBARS[1]

Gadym wagtda bir ýolbars haýwanlaryň patyşasy bolupdyr. Şagal hem onuň baş wezirimiş. Patyşa ýolbars her günde bir haýwany iýýän eken. Onuň weziri şagal bolsa, öz patyşasynyň iýjek haýwanyny bir gün öňünden görkezýän eken.

Bir gün ýaňky şagal ýolbarsy yzyna tirkäp, oňa ertirki iýjek towşanyny görkezipdir. Ýolbars gidenden soň, towşan ýoldaşlaryna garap:

---

[1] №1573 E bukja. Erteki 1952-njy ýylda Ýylanly raýonyndan (häzirki Gurbansoltan etraby) ýazylyp alnypdyr.

− Doganlar, geliň şu ýolbarsy öldüreliň. Eger biz ondan şeýdip dynaýmasak, ol ertir meni iýse, birigün sizi iýer − diýipdir.

Beýleki towşanlaryň hemmesi bujagaz towşanyň aýdan pikirini makul bilipdirler. Emma ýolbars ýaly äpet haýwany nädip öldürjeklerini bilmändirler.

Şol günüň ertesi hälki ýolbars şagalyň görkezen towşanyny iýmäge gelipdir.

Towşan bolsa oňa garap:

− Hormatly patyşamyz, eger diňleseňiz, bir aýtjak sözüm bar − diýipdir.

Ýolbars oňa:

− Aýt − diýip, rugsat beripdir.

Onda towşan:

− Şu haýwanlaryň patyşasy diňe sizmi ýa-da başga-da patyşasy barmy? − diýip sorapdyr.

Ýolbars:

− Şu haýwanlaryň menden başga hiç bir patyşasy ýokdur. Eger bardy-geldi başga biri patyşalyk edäýjek bolsa, onda men ony öldürip, külüni asmana sowraryn − diýip, haýbat atypdyr.

Towşan:

− Ýok, şahym. Siz ýalňyşýarsyňyz. Patyşa iki. Sebäbi şu gün ýoldaşym bilen siziň gelip meni iýmegiňize garaşyp otyrdyk weli, başga bir ýolbars gelip, meniň ýoldaşymy iýip gitdi − diýipdir.

Towşandan bu habary eşiden ýolbarsyň gahary gelip, gözleri gyzaryp, murtlary syh-syh bolup:

− Hany, şol patyşasumagy maňa görkez. Men ony şu ýagty jahana inmedik ýaly edeýin − diýip, arlamaga başlapdyr.

Towşan ýolbarsy yzyna tirkäp, bir çuň suwly guýynyň agzyna alyp barypdyr. Ýolbars guýynyň ýanyna baryp:

− Hany ýaňky diýýän ýolbarsyň? − diýip, gözüni alardyp sorapdyr.

Towşan:

− Meniň boýum kelte. Eger men ony görkezmek üçin guýynyň agzyna barsam, birden içine gaçyp, meni hem ol ýolbars iýip, sen aç galaýma. Gowusy,

sen meni agzyňa alyp, bilimden gaty gysman, guýynyň içine seret. Men hem ony saňa görkezeýin − diýipdir.

Ýolbars towşanyň diýşi ýaly edipdir. Ol guýynyň içine seretse, onuň kölegesi guýudaky suwa düşüpdir. Görse, ynha, bir ýolbars agzyna towşan alyp durmyş. Muny gören ýolbarsyň gany beýnisine urup, agzyndaky towşany guýynyň daş gyrasyna zyňyp, özüni guýa oklapdyr. Ol pagşyldap, suwuň içine düşüpdir. Ýöne guýynyň içinden hiç zat tapmandyr.

Ýolbars diňe şundan soň, towşanyň özüni aldandygyny bilip galypdyr. Ol şol guýudan çykyp bilmän hem ölüpdir.

## GURBAGANYŇ GYZYNY ALAN GÖGEÝIN[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, bir kölde bir gögeýin bilen bir gurbaga bar eken. Günlerde bir gün gögeýin gurbagynyň gyzyna söz aýdyjy bolup barypdyr. Gurbaga oňa:

— Kyrk gysrak berseň, guda bolaýyn — diýipdir. Gögeýin kyrk gysrak getirmegiň ugruna çykypdyr. Ol wyz-wyz edip barýarka, otlap ýören bir topar baýtallara gözi düşýär. Gögeýin muňa begenip, wyzzyldap barýar-da, baýtallaryň gulagyna, burnuna girip, olara ynjalyk bermeýär. Gysraklar eýläk-beýläk urnup, hernäçe çydajak bolýarlaram welin, gögeýin olara maza bermeýär. Ahyry olar çydaman gaçyp, köle giripdirler. Şeýdip, gögeýin elli-altmyş sany gysragy köle salypdyr-da, gurbaganyň ýanyna baryp:

— Ynha, sanap al, geregiň gysrak bolsun — diýipdir. Gurbaga gysraklary sanap görüp, olaryň öz diýeninden hem köpdügine gözi ýetipdir-de, gyzyny gögeýine bermeli bolupdur. Gögeýin gurbagynyň gyzyny alyp gaýdypdyr. Gurbaga bolsa, warryk-warryk edip, gysraklara guwanyp aýdyma başlapdyr.

Gurbaga aýdymyny gutaryp, gysraklaryna garasa, gögeýin gidensoň, jany ynjalyk tapan gysraklar dargaşyp ugrapdyrlar, gurbaga olary gaýtarjak bolup, näçe warryk-warryk edip gygyrsa-da bolmandyr. Onuň sesine gysraklar gulak hem

[1] №112 F bukja. Ertekini 1929-njy ýylda Hojaly Atanyýaz ogly ýazyp alypdyr.

asmandyrlar. Gurbaga bolsa şol warryk-warryk edip gygyryp durupdyr. Onuň häli-häzir hem şol gysraklary çagyryp, warryk-warryk edip ýörşümiş.

## GARGADAN ÝEŇLEN TILKI[1]

Gadym zamanlarda bir garga bilen bir tilki dost bolupdyrlar. Günlerde bir gün tilki gargany myhmançylyga çagyrypdyr. Garga baransoň, tilki nahar bişiripdir-de, ony giň gapagyň ýüzüne ýazyp getiripdir. Onsoň tilki:

‒ Al, garga dost, iýiber, örän süýjüdir ‒ diýýär. Garga iýjek bolup, näçe jan etse-de, çüňki gapaga degip, agzyna oňly zat ilmändir. Tilki bolsa dili bilen nahary ýalap gutarypdyr. Şeýlelik bilen, garga aç galýar, nahary tilkiniň özi iýip gutarýar. Muňa garganyň gahary gelýär-de, irde-giçde tilkiden ar almagy ýüregine düwýär.

Günlerde bir gün garga hem tilkini myhmançylyga çagyrýar. Tilki gargalara barýar weli, garga hem süýji nahar bişirip, ony bir kädä salyp getirýär. Kädiniň agzynyň giňligi bolsa, garganyň çüňki sygaýsa boldugy ekeni.

Ol:

‒ Al, tilki dost, tizräk iýeli, nahar sowamasyn ‒ diýip, iýip başlaýar. Tilki näçe iýesi gelse-de, kädiniň agzyndan kellesi sygmansoň, diňe kädiniň daşyndaky çyrşaklary ýalaşdyryp oňmaly bolýar. Garga bolsa hiç zat bilmedik bolup, kädiniň deşiginden çüňküni sokup, tä doýýança hezil edinip iýýär. Käwagt hem:

‒ Tilki dost, iýsene, näme çalt yza çekildiň-le? ‒ diýýär. Ol bolsa:

‒ Sag bol, garga dost, mazalyja iýdik ‒ diýip, hoşlaşyp gaýdýar.

Tilki şondan bäri garganyň özüni aldanyna namys edip ýören eken. Onsoň ol bir gün ýene-de gargany çagyryp, aryny almakçy bolýar:

‒ Garga dost, ýör, meýdana gezmäge gideli. Men saňa tilki oýnuny öwredeýin ‒ diýýär. Olar «Bolýar-da, bolýar» diýşip meýdana çykýarlar. Tilki:

‒ Garga dost, gel, oýnumyza başlaly. Sen meniň guýrugymdan mäkäm tut. Men «Boldy» diýýänçäm goýbermegin ‒ diýýär. Garga-da:

[1] №2112 E bukja. Ertekini 1961-nji ýylda Tejen raýonyndan (häzirki Tejen etraby) Ata Hojagulyýew ýazyp alypdyr.

— Bolýar — diýip, tilkiniň guýrugyndan mäkäm tutýar weli, tilki bar güýji bilen çöpden-çöre, çörden-çöpe aýlanyberýär, aýlanyberýär. O çöpden bu çöpe, ondan-oňa, mundan-muňa urlup, garganyň ýelegi, ganaty gyrylýar, halys gyzyl etene bolýar. Garga ahyry çydap bilmän:

− Waý, tilki dost, boldy. Men tilki oýnuny öwrendim, öldürmejek bolsaň duraweri − diýýär.

− Öwrenen bolsaň, bolýar onda − diýip, tilki aýak çekip, yzyna seretse, garga halys gyzyl etene bolup giden eken. Onsoň garga süýrenip, zordan ketegine özüni atýar. Aradan birnäçe gün geçýär. Garga oňat özüni dürseýär. Ýaralary gutulýar, ýelekleri ösüşýär. Ol ýene öňki kaddyna ýetýär. Günlerde bir gün garga tilkini çagyryp:

— Ýör, meýdana gezmäge gideli, men saňa garga oýnuny görkezeýin — diýýär. Tilki hem muňa razy bolýar. Olar giň meýdana çykansoňlar, garga:

− Tilki dost, sen meniň arkama mün, özüňem berk ýapyş − diýýär. Tilki hem onuň arkasyna münüp, mäkäm ýapyşýar weli, garga «Hop ýagşy» diýip, ýuwaş-ýuwaşdan bat alyp, asmana göteriliberýär. Ol käte tilkiden:

− Tilki dost, ýer görünýärmi? − diýip soraýar. Eger tilki: — Hawa, görünýär — diýse, garga ýene ýokary galýar. Ahyry tilki:

− Garga dost, indi ýokary galma, men gorkýaryn. Ýeriň dagy garasy ýitdi gitdi − diýýär.

Garga ony eşidip: «Indi zyňaýsam boljak öýdýän» diýip, şondan tilkini agdaryp goýberýär. Tilki bolsa: «Ýa suw, ýa saman» diýip şaglap gaýdýar. Ol bir haýukdan soň, ýere düşüp, çym-pytrak bolýar.

Tilkiniň sapalagy näçe köp bolsa-da, niýeti ýaman bolany üçin gargadan aldanyp ölýär.

## «GÜLME GOŇŞYŇA...»[1]

---

[1] №95 F bukja. Ertekini 1928-nji ýylda Karasnowodsk raýonyndan (häzirki Türkmenbaşy etraby) B. Öwezow ýazyp alypdyr.

Gadym eýýamda bir tilkijik bar eken. Bu tilkijik güýz günleriniň birinde aw gözläp ýörkä, gurlup goýlan gapana düşüpdir. Tilki gapandan sypjak bolup, hernäçe urunsa-da, hiç sypyp bilmändir.

Bir wagtdan soň, gapanyň eýesi gelip, tilkini gapandan sypdyrypdyr. Tilki öz-özüne: «Bu adam indi meni boşatsa gerek» diýip, pikir edip durka, gapan eýesi tilkiniň guýrugyna ýüp dakypdyr-da, arkasyna alyp gidiberipdir. Şol barşyna tilki guýrugyny üzüp, gaçyp gidipdir.

Şol gaçyp barşyna bu tilkijik başga bir süri tilkiniň ýanyna barypdyr. Ol tilkiler bujagaz tilkiniň guýrugynyň jontaryp durşuna gülşüpdirler.

Hernäme-de bolsa bu tilkijik olaryň gülkülerine öwrenişip geziberipdir.

Şeýlelikde, ýaňky tilkiler bujagaz tilkä «Jotda tilki» diýip at goýupdyrlar.

Günleriň bir gününde ýaňky jotda tilki ýoldaşlaryna garap:

− Geliň, gurt oýnuny oýnalyň − diýipdir.

Ol tilkiler hem bu jotdaja tilkiden:

− Gurt oýny diýýäniň näme? Ol oýun nähili oýun bolýar? Ol oýny nädip oýnamaly? − diýip sorapdyrlar.

Jotda tilki bolsa:

− Bu oýun örän gyzykly oýundyr. Ýöne siz: «Bu oýny kimden öwrendiňiz?» diýip sorasalar, meniň adymy berersiňiz. Men bolsa häzir size bu oýny öwredeýin − diýipdir.

Ol tilkileriň guýruklarynyň düýbünden ýüp bilen pugta daňyp, olaryň hemmesini bir agaja baglap goýuşdyrypdyr. Şundan soň ol: «Siz häzir duruň, men bir depä çykyp, töwerege seredişdirip geleýin. Birden heläk bolaýmalyň!» diýip, öň ýanlaryndaky depä garşy ugrapdyr. Ol depä çykyp, töweregine seredipdir-de:

− Haý, gaçaweriň, zaluwatlar. Bir atly mergen ýetip gelýär − diýip, sesiniň ýetdigine gygyryp, özi hem bir tarapa gaçan bolupdyr.

Agaja bagly tilkiler «Mergen gelýär» sesini eşidip, biri-birinden öň gaçjak bolup, urunmaga başlapdyrlar. Şol barmana aňsatlyk bilen sypyp bilmejeklerine gözleri ýeten tilkileriň hemmesi guýruklaryny ýolup, zut gaçyp gidipdirler.

Şondan soň bu tilkiler hem jotda bolup galypdyrlar. Bu wakadan soň birnäçe gün geçenden soň, şol jotda tilkijik bularyň ýanyna gelip: «Gülme goňşyňa, geler başyňa», «Köp gülen bir aglar» diýlenine indi düşündiňizmi?» diýip, olara gyjalat beripdir.

## TILKINIŇ BAÝRAMY[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, bir çölüstanlykda bir tilki bar eken. Ol aw gözläp, aýlanyp ýörkä, birden bir goýnuň guýrugynyň üstüden baraýypdyr. Tilki oňa seredip, öz ýanyndan özi: öBir belasy bolmasa, munda guýruk neýlesin» diýip oýlanypdyr. Soňra ol: öHer hili bolsa-da men muny iýmeli» diýip pikir öwürýärde, daş-töweregine seredişdirýär. Görse, ynha, bir möjek geçip barýar diýýär. Tilki ony çagyryp, guýrugy görkezipdir-de:

− Möjek dost, sen örän argyn görünýäň welin, şujagaz guýrugy iýäý − diýýär. Onda möjek:

− Tilki dost, özüň näme üçin iýmediň? − diýip soraýar.

− Bu gün meniň guýruk iýmeli günüm däl. Ertä galsa-da zaýalanjak ýa-da başga biri iýjek, şonuň üçin sen iýäý − diýýär. Telim wagtlap zat tapman surnugyp ýören aç möjek:

− Sag bol, tilki dost, men näçe günüň ajydym − diýip, ýatan guýrugyň üstüne topulýar. Açgöz möjegiň heniz agzy guýruga degmänkä, aýagy gapana düşýär. Onsoň möjek guýrukdan ellibizar geçip, aýagyny gapandan sypdyrjak bolup, iki ýana urunýar. Tilki bolsa indi gapanyň ýoklugyny bilip, arkaýyn baryp guýrugy iýip başlaýar. Möjek oňa jany ýanyp:

−Tilki dogan, hany sen ýaňy bu gün meniň guýruk iýýän günüm däl» diýýädiň-le − diýýär. Onda tilki:

− Möjek dost, ýaňy men tumşugymy asmana tutup gördüm weli, asmandaky aýa gözüm düşäýdi. Asyl şu gün biziň baýramymyz eken. Men asyl bilmän ýören

[1] №595 F bukja. Ertekini Nurýagdy Aşyrow ýazyp alypdyr.

ekenim. Baýramda bolsa men hökman guýruk iýäýmeli − diýipdir. Onda aýagy gapanly uwlap ýatan möjek:

− Tilki dogan, biziň aýt baýramymyz haçan bolarka? − diýýär.

Onda tilki:

− Seniň aýt baýramyň, gapan eýesi gelende bolar − diýip, guýrugy lak-luk atýar-da gidiberýär. Onýança-da gapan eýesi gelip, möjegi taýak bilen urup öldürýär.

## GUÝA DÜŞEN TILKIJIK[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda birje tilki bar eken. Günleriň bir gününde bu tilki meýdanda gezip ýörşüne, birden bir tüweleý muny göterip, äkidip bir guýa atýar. Tilkijik guýudan çykmaga köp jan çekse-de, ahyry başarman halys bolýar. Bu tilkijigiň ýeke özi şol guýuda galyberýär. Guýynyň böwründe ýatan bir ak daşdan başga onuň ýanynda zat ýok eken. Tilki birnäçe gün şol ýerde ýatansoň, bir günden bir gün guýynyň daşyndan bir ses eşidipdir. Ýagşyja durup, diňläp görse, ol ses aýynyň sesi eken. Tilki derrew pursatdan peýdalanyp:

− Eý, aýy dost, bäri gel, bu ýerde bir hezillik bar − diýýär. Aýy guýynyň agzyna gelip görse, guýynyň düýbünde bir tilki ýatyr eken. Onsoň aýy:

− Ýeri, tilki dost, o taýda näme beýle hezillik bar? − diýip soraýar. Tilki oňa:

− Hezillik mundan öňe geçermi?! Ynha, bu guýrugy görsene. Salkyn ýerde şu guýrugy iýip ýatmakdan beterem hezillik bolarmy?! − diýip, ýaňky daşy görkezýär. Aýy oňa:

− Aý, tilki dost, guýruk bolsa, senden artasy ýok-la — diýýär.

Onda tilki:

− Munuň ýaly guýrukdan bu guýynyň içi doly ahyry, onsoň artmabilse artmasyn. Men ýöne halys gerk-gäbe bolamsoň, seni çagyraýdym. Aç bolmasaň gidiber, aýy dost − diýýär.

---

[1] №696b F bukja. Ertekini 1936-njy ýylda Ahmet Ahundow ýazyp alypdyr.

Aýy tilkiniň sözüne ynanyp, guýa girip, guýrukdyr öýdüp, agyz urany daş bolup çykýar. Aýy şondan soň, aldanandygyny bilip galýar. Şeýlelik bilen, olar guýuda iki bolup galyberýärler.

Birnäçe günden şol guýynyň ýanyndan bir möjek geçip barýarka, bularyň sesini eşidip, guýynyň gyrasyna gelýär. Şonda tilki:

− Guýrukdan meýliň bolsa, aşak düş, biz-ä gerk-gäbe bolduk. Muny bolsa iýip bilmän otyrys. Sen şuny iýsene, bu guýruk porsamasyn − diýip, oňa-da şol ak daşy görkezýär. Guýruk sesini eşiden möjek derrew guýa bökýär, baryp iýjek bolsa, agzy daşy garbaýar. Şeýdip, bu möjek hem bialaç gurrukda galybermeli bolýar. Bular şeýdip bir gün guýynyň gyrasyna gelen bir doňzy-da aldaýarlar. Onsoň doňuz hem olaryň arasynda galyberýär. Şeýdip, bular gaplaňy-da aldaýarlar.

Şeýlelik bilen tilki, aýy, möjek, gaplaň, doňuz — bäşisi şol guýuda boluberýärler. Birnäçe gün geçýär. Olaryň açlykdan ýaňa içleri eljuk diýip başlaýar. Onsoň ahyry tilki saklanyp bilmän:

− Eý, dostlar, beýdip otursak açlygymyzdan öleris. Şonuň üçin meniň bir maslahatym bar. Isleseňiz aýdaýyn − diýýär. Ýoldaşlary oňa öAýt-da, aýt» boluşýarlar.

− Aýtsam, dostlar − diýip, tilki söze başlaýar − Aýy biziň akmagymyz, doňuz biziň tokmagymyz, gurt bizin gudamyz, gaplaň biziň gapymyz, tilki-de biziň onbegimiz. Akmak bize nämä gerek, geliň şu aýyny iýeliň − diýýär. Ýoldaşlary «Geliň-de, geliň» boluşýarlar. Hemmesi birleşip, aýynyň daşyna geçýärler. Derrew ony elem-tas edip, etini bolsa «kim aldy» edýärler. Şeýdip, olar birnäçe günläp, aýynyň etini iýip oňýarlar. Wagt geçýär, olar ajygyp başlaýarlar. Tilki ýene:

− Dostlar, biz ýene ajygýarys. Men bir maslahat bereýin − diýýär. Ýoldaşlary: «Aýt-da, aýt» bolanlarynda tilki:

− Doňuz biziň tokmagymyz, gurt biziň gudamyz, gaplaň biziň gapymyz, tilki-de biziň onbegimiz, tokmak bize nämä gerek. Geliň, doňzy iýeliň − diýýär. Tilkiniň ýalmanşyp duran ýoldaşlary derrew doňzuň daşyna geçýärler. Olar doňzy-da elem-tas edip, etini paýlaşýarlar.

Bir-iki gün geçenden soň, olar ýene ajygýarlar. Içleri «eljuk» diýip, ysgynlary gaçyp başlaýar. Ahyry olar ýene tilkiden maslahat soraýarlar. Tilki:

− Gurt biziň gudamyz, gaplaň bizin gapymyz, tilki-de biziň onbegimiz. Gaplaň aga, öýerip-çykarar ýaly oglumyz-da, gyzymyz-da ýok. Onsoň bize guda nämä gerek. Geliň, gurdy hem iýeliň − diýýär. Tilkiniň maslahatyny makul bilip, gurdy hem it alan sanaja dönderýärler. Şeýde-şeýde ahyry tilki bilen gaplaň galypdyr. Bir gün ajygan wagtlarynda tilki doňuzdan gizläp alyp galan içegelerini gizlenip iýip otyrka, gaplaň ony aňýar-da:

− Eý, tilki dost, näme iýýärsiň? Iýýän zadyňdan bize-de ber ahyry – diýýär.

− Gaplaň dost, men-ä açlygyma çydaman öz içegämi iýmäge başladym − diýýär. Onda gaplaň:

− Onuň ýaly bolsa, menem iýeýin. Ýöne nädip alýarsyň? − diýip soraýar.

Onda tilki:

− Dost, men-ä gözümi ýumup, dişimi gysyp, pyçagy garnymdan sokaýdym − diýýär.

− Tilki dost, men-ä öz elim bilen garnyma pyçak sokup biljek däl. Sen meniň garnyma-da pyçak urup bersene − diýip, gaplaň tilkä ýalbarýar. Onda tilki:

− Urardym weli, gaplaň dost, sen gaharyňa meni dalarmykaň diýip gorkýaryn − diýýär.

− Ýok, zat degmerin. Ynanmasaň, şu daşy meniň gulaklarymyň üstünde goýaly. Çydaman gaharlanjak bolanymda sen hem şu daşyň üstünden basarsyň − diýýär. Gaplaňyň gulagyny daşyň astyna gysdyrýarlar. Tilki gaplaňyň turup bilmejegini bilip, pyçagyny alyp, gaplaňyň çep böwründen urýar. Gaplaň janagyrly dyzamaga başlaýar. Tilki hem ýene birküç gezek urup, daşyň üstünden basyp durýar. Şeýdip, tilki gaplaňy hem öldürip iýýär. Gaplaňyň eti birnäçe gün tilki üçin hörek bolýar. Ýöne tilki hernäçe mekirlik edip ýoldaşlaryny öldürip iýse-de, ahyry özi hem şol gurrukda açlygyndan ölmeli bolupdyr.

## «GORKANA GOŞA GÖRNER»[1]

[1] №696b F bukja. Ertekini 1936-njy ýylda Ahmet Ahundow ýazyp alypdyr.

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym eýýamda bir sygyr, bir eşek, bir geçi we bir tilki bar eken. Bu dördüsi hemişe bile ýaşar eken. Bir gün bular: «Pylan ýerde bir otluk meýdan bar, şoňa ýazlamaga gideliň» diýip, maslahat edýärler. Emma «Ol ýerde gaplaň känmiş» diýip, birneme gorkýarlar. Iň soňunda hernäme-de bolsa, gitmekçi bolýarlar. Bular şol otluk ýere baryp, ýazlap geziberýärler.

Bir gün tilkijik: «Şu çep tarapdaky tokaýlykda bir topar gaplaň gördüm» diýip, ýoldaşlaryna habar berýär. Şondan soň, bu dördüsi öz aralarynda: «Ses çykarman gezmeli» diýip şert edýärler. Günleriň birinde eşek öz ýoldaşlaryna garap:

− Meniň-ä demim içime syganok, bir aňňyryp içimi boşatmasam, boljak däl − diýýär.

Onda ýoldaşlary:

− Ýok, seniň bu aýdýanyň bolmaz. Sen aňňyran bolup, biziň şu ýerdedigimizi bildirersiň. Sen aňňyrma − diýip, eşege köp ýalbarýarlar. Emma eşek:

− Meň-ä aňňyrasym gelýär − diýip, hiç gulak asmaýar. Onda ýoldaşlary:

− Juda aňňyrasyň gelýän bolsa, onda gaty aňňyrma-da, ýöne «hyňk-hyňk» edip, hynçgyr-da içiňi boşadaý − diýýärler.

Eşek muňa razy bolup, bir depäniň üstüne çykyp, hynçgyrmakçy bolýar. Ol birinji gezek hynçgyran bolsa-da, ikinji gezek hynçgyrmagyň deregine ähli sesi bilen gygyryp aňňyrýar. Eşegiň sesi daglardan, derelerden aşyp, baryp, bir gaplaňyň gulagyna ýetýär. Gaplaň eşegiň sesini eşidip, sesiň gelen tarapyna ugraýar. Şol wagt tilkijik eşegiň ýanyna gelip:

− Eý, eşek, saňa aňňyrma diýip näçe aýtdyk. Emma sen gulak asmadyň. Indi seniň işiň gaýtdy. Ana, gaplaňam-a gelýär − diýipdir. Onda eşek:

− Dat, tilki dost, seniň sapalagyň, hileleriň köpdür. Şolaryň birini tapaweri, ýogsam, işimiz gaýdar − diýip ýalbarypdyr.

Onda tilki:

– Mundan beýläk hemişe meniň diýenimi edip gezerin diýseň, men bir hile tapaýyn – diýýär.

Eşek bolsa:

– Tilki jan, sen şu gezek meni şu gaplaňyň deminden halas et, onsoň sen meni münüp ýörseňem razy – diýýär.

Tilki oňa «Bolýar onda» diýip, eşegi iki artky aýagynyň üstünde oturdýar. Özi hem eşegiň boýnuna münüp, gaplaň ýakynrak geliberende:

– Hany, indi ikimiz hem birden deň gygyraly. Biziň ikimiziň sesimiz goşulşyp çykar weli, biziň aýylganç sesimizden gaplaňyň  ýüregi ýarylyp gaçar – diýýär.

Şonluk bilen eşek agzyny açyp aňňyryp başlanda, tilki hem uwlap başlaýar. Ikisiniň sesi sazlaşyp, tokaýyň içini lerzana getirýärler. Aňyrdan haýbat atyp gelýän gaplaň aňk-taňk bolup, aýak çekýär. Sebäbi beýle ses gaplaňyň heniz ömründe eşiden sesi däldi. Gaplaňyň saklananlygyny gören eşek bilen tilki ýamaşgandan bir gygyrşyp başlaýarlar weli, gaplaň olardan howatyr edip, yzyna gaçýar. Şol barşyna ýaňky gaplaňyň öňünden bir aýy çykýar.

Aýy gaplaňa:

– Ýeri, gaplaň aga, nämeden gaçyp barýaň – diýýär.

Onda gaplaň:

– Aý, aýy dost, ýaňy hol depäniň üstünde biri aňňyrdy. Men onuň sesine eşekmikä diýip, şol tarapa ugradym. Ýanragyna baramsoňam, şeýle bir aňňyrdylar weli, ol ses ne eşegiňkä meňzeýär, ne pişigiňkä meňzeýär, ne-de başga bir zadyňka meňzeýär. Beýle sesi men bütin ömrümde eşiden däldirin. Özi hem iki aýakly, boýnam göwresinden ýogyn, aýagy hem boýnundan uzyn. Onuň nämedegini bilmän gorkyma gaçyp gaýtdym – diýip, gören zadyny aýa aýdypdyr.

Onda aýy:

– Aý, gaplaň dost, bu ýerlerde beýle üýtgeşik haýwan bolup bilmez. Ol hökman eşekdir. Ýöne seni aldandyrlar.

– Eşegem meni aldap bilermi?

− Onuň ýeke özi däldir. Meniň eşidişime görä, bir eşek, bir geçi, bir sygyr, birem tilki dost bolupdyrlar. Özleri hem uzak ýerden şu ýere ýazlamaga gelenmişler. Megerem, şol eşegiň ýanynda ýa geçi, ýa-da tilki bardyr − diýip, gaplaňy yzyna gaýtarjak bolýar. Emma gaplaň razy bolmaýar. Ahyrda ikisi birlikde ýamaşgan gitmekçi bolýarlar. Gaplaň aýy gaçaýmasyn diýip, boýunlaryny biri-birine çatmagy teklip edýär. Aýy muňa razy bolýar. Olar ýogyn kendir tanap bilen boýunlaryny çatyp ugraýarlar.

Bularyň gelýändigini eşek dagy görüp: «Olar-a ýene gelýär weli, indi näme etsekkäk?» diýişýärler.

Şonda sygyr:

− Meniň-ä diňe läşim bar, başga ýaragym ýok − diýýär.

Geçi hem:

− Meniň ýaragym bar weli, ony işledip bilemok − diýýär.

Tilki bolsa:

− Meniň diňe sapalagym bar, başga zadym ýok − diýýär.

Eşek hem:

− Meniňem diňe ýogyn sesimden başga zadym ýok − diýýär.

Şeýdip, bu dördüsi şol ýerdäki ullakan bir agajyň düýbüne barýarlar. Tilki agajyň depesine çykýar. Geçi hem onuň aşak ýanyndaky bir şahanyň üstüne çykýar. Eşek bilen sygyr bolsa agajyň düýbünde galýarlar.

Aýy bilen gaplaň ýakyn gelýärler weli, tilki gorkusyna sandyrap, agajyň ýokarsyndan patylap ýere gaçýar. Geçi hem gorkusyna sandyrap, tilkiniň yzy bilen patylap, agajyň düýbüne gaçýar. Sygyr duran ýerinden bogazyna sygdygyndan molap başlaýar. Eşek hem bar sesi bilen aňňyryp, uly galmagal bolup topulýarlar. Agajyň düýbi uly basgy bolýar. Öňem gorkubrak gelýän gaplaň bu uly galmagaldan gorkup, yzyna ökjäni göterýär. Aýy ony duruzjak bolup aslyşýar weli, gaplaň bady bilen aýynyň boýnuny sogrup, kellesini alyp gidýär. Aýynyň boýnuny sogrup gidenliginden gaplaňyň habaram ýok eken. Bir salymdan soň, gaplaň yzyna öwrülip seretse, yzyndan bir zat hallanlap gelýär. Oňa siňe seredip görse, ol hallanlap gelýän zat aýynyň kellesi eken. Gaplaň öz içinden «Baý, boww, olar

eýýäm aýyny iýen ekenler. Men bir gaçawereýin» diýip, öňküsinden hem beter gaçypdyr.

## «AZYRGANAN AÇ GALAR»[1]

Gadym eýýamda çöl-beýewanda bir tilkijik ýaşaýar eken. Bu tilkijik hemme zatdan sülgüniň etini gowy görer eken. Bir ýyl bu tilkiniň ýaşaýan ülkesinde örän sowuk bolup, sülgünleriň köpüsi gyrlypdyr. Onuň üçin hem bu tilki sülgün etine zar bolupdyr.

Bir gün bu tilki köne dostlarynyň biri şagalyň ýanyna baryp, oňa derdini aýdypdyr. Şagal bolsa, oňa towugyň etiniň sülgüniň etinden kem bolmaýandygyny aýdypdyr. Soňra bu tilkiniň bar küýi-köçesi bir towuk tutmak bolupdyr. Tilkijik bir gün bir obanyň gyrasyndan geçýän jary syryp, obanyň alkymyna gelipdir. Ol bu jarda towuklaryň ýanyna gelerine garaşyp, ýatyp-ýatyp, halys bizar bolupdyr. Ahyrda özlerine iým gözläp, bir topar horazdyr towuk bu jaryň gyrasyna gelipdir.

Tilki hem olaryň birini tutup, öz sürenine baka ýelk ýasaýypdyr. Ol tutan towugyny birden iýmän, ony oýnamaga başlapdyr.

Bu tilkiniň hininiň ýanynda bir uly agaç bitip oturan eken. Şol agajyň üstünde hem jaň asylyp goýlupdyr. Ol jaňyň dili bolsa öküziň hamyndan eken. Ýel ösüp, bu agajyň şahasyna degende, ol jaň eýläk-beýläk yranyp, bir hili owaz edýär eken. Çykýan owaz bolsa, sülgüniň sesine örän meňzeş eken. Bu owaz ozal hem birnäçe gezek ýaňky tilkijigi aldan eken.

Tilkijik ýaňky towujagy oýnap, onuň sülgün bilen nähili garyndaşlygynyň bardygyny sorap otyrka, birden şol jaň seslenmäge başlapdyr. Tilki ol owazy eşidip, towugy taşlap ylgapdyr. Ol giden dessine ýaňky towuk obalaryna gaçyp gaýdypdyr. Tilki ol agajy baryp barlasa, ýene-de şol gadymky jaň eken. Ol bu görnüşe jany ýanyp: «Wah, arman, sülgün däl eken. Eger sülgün bolan bolsa,

[1] №696b F bukja. Ertekini 1936-njy ýylda Ahmet Ahundow ýazyp alypdyr.

towujygyma garyp, uly toý gazanynda aş bişirip, şagal dostumy hem çagyrardym» diýipdir.

Ol öz hinine dolanyp gelipdir. Baryp görse, tutan towujagy bireýýäm gaçyp giden eken. Şonuň bilen tilkijik sülgüne gözüni dikip, ikisinden hem boş galypdyr.

## «KÖR HASASYNY BIR ALDYR»[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym eýýamda birje tilki bar eken. Bu tilkijik hemişe towuk ogurlap iýer eken. Ol ahyry bir gün towuk etinden irip, garga etini iýmegiň kül-külüne düşüpdir. Ol ýatsa-tursa şu hakda pikir edip gezipdir. Ol ahyrsoňy gargany aldap tutmagyň ugruna çykypdyr.

Ine, onsoň bir gün ýaňky tilkijik gargalaryň köp geçýän ýerinde aýaklaryny uzadyp, ölen bolup ýatypdyr. Şol ýoldan geçip barýan bir garga, bu tilkiniň süýnüp ýatanyny görüp, şagalyň ýa-da gurduň maslygydyr öýdüp, munuň ýanyna gelipdir. Garga çüňki bilen onuň guýrugyna, aýagyna dürtüp görüpdir. Tilki bolsa demini hem alman, öňküsi ýaljak bolup ýatyberipdir.

Garganyň şeýle edip duranyny başga bir uçup barýan garga görüp, dogry muňa garşy gaýdyberipdir. Ol gelen badyna, öňki garga tilkiniň «maslygyny» ondan gabanyp, gözüni oňa dikip, özi hem ýaňky tilkiniň garnynyň üstüne çykyp oturyberipdir.

Aşakda ýatan tilkijik gözüniň gyýgy bilen seredip görse, bu iki garga biri-birine boýunlaryny uzadyşyp, uruşmaga başlapdyrlar. Tilki hem bularyň ahmalyna garap, birden hasyr-husur turup gargalaryň birini şapba tutupdyr. Ol tutan gargasyny bagyr-bugur agzyna salypdyr.

Garga özüniň aldananyny bilip, tilkiniň agzyndaka, gözüni ýumup, başyny ýaýkapdyr. Ony gören tilki gargadan:

[1] №696b F bukja. Ertekini 1936-njy ýylda Ahmet Ahundow ýazyp alypdyr.

− Ýeri, garga dost, iller saňa «Paýpyl-paýpyl ýörişli, ýany gara gylyçly» diýip, matal düzüpdirler. Hany seniň gylyjyň? Näme gylyjyňy ýadyňdan çykaryp geldiňmi? Şonuň üçin hem başyňy ýaýkadyňmy? − diýip sorapdyr.

Garga bolsa:

− Ýok, tilki dost, men ertekilerde «Tilki-tilki tiň arslan, guýrujagy müň arslan» diýen sözi eşidip, tilki arslandan hem güýçli, ondan hem mekirmikä diýip, oý edýärdim. Emma beýle däl eken. Sen meni aldap tutduň. Men onda-da tutulanyma, seniň meni iýjegiňe gynanmaýaryn. Ýöne başga bir zada gynanýaryn. Ol hem bolsa sen meni haram iýjek bolýarsyň − diýipdir.

Onda tilki:

− Ol nähili haram iýjekmişim?! Ony halal etmek üçin näme etmelimiş?

− Ol şeýle, sen meni iýmezden öň, meniň hakyky − dogry adymy tutmaly.

− Bolýar. Men seniň diýeniňi edeýin. Seniň dogry adyň näme?

Onda garga:

− Meniň adym «Zakyja» diýipdir. Tilki hem onuň adyny tutjak bolup «Za-a-k...» diýip, agzyny açandan, ýaňky garga onuň agzyndan sypyp, asmana uçup gidipdir.

Tilkiniň muňa içi ýanyp: «Senjagaz gargajyk, duruber bakaly. Indi bir elime düşäýseň bolýar» diýip, lapykeç bolup, ahmyr edip galypdyr.

Ýaňky mekir tilki içiniň ýangyjyna aryny almak üçin, ýene şol garganyň ýolunda süýnüp ýatypdyr.

Hälki garga bu ýatan tilkini görüp: «Aý, sen hem bir akmak tilkisiň-dä, öli bolsaň-a başyma, diri bolsaň hem ol günki tilkini aldaýşym ýaly, seni hem aldaryn-da» diýip, tilkiniň gapdalynda gonupdyr.

Tilki bolsa bir tüýüni hem gymyldatman, şol bir ýatyşyndan üýtgemän ýatypdyr. Ýaňky garga ozalkysy ýaly, ilki bilen, tilkiniň guýrugyndan, soňra hem aýagyndan çokjalap, onuň garnynyň üstüne münüpdir.

Garga tilkiniň gözünden çokjak bolup, çüňküni ýaňy uzadyp barýarka, tilki ony agzy bilen garbap tutupdyr-da, dessine iýmäge başlapdyr. Onda garga:

− Tilki aga, bir azajyk howlukmasana. Meni iýjegiňi bilýärin weli, iýmeziňden ozal meniň çyn adymy bir tut-da − diýen.

− Asyl adyň näme.

− Meniň asyl adym Zakyja − diýen.

Ýaňky tilki munuň şol öňki hile bilen sypan gargadygyny bilip, içinden: «Kör hasasyny bir aldyr», bu gezeg-ä sypyp bilmeseň gerek» diýip, ýelegi-zady bilen şol durşuna lak-luk atypdyr.

## AKYLLY GUŞJAGAZ[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, çöl-beýewanda bir owadanja guş bar eken. Bu guşy bir gün bir awçy tutupdyr. Bu guş ol awça garap:

− Eý, awçy, gel, sen meni öldürme. Barybir meni öldüreniň bilen seniň agzyň ýagjarmaz, sebäbi meniň etim ajydyr. Sen meni goýber. Oňa derek men saňa üç sany akyl öwredeýin. Şol üç akyl saňa köp peýda berer − diýipdir.

Bu owadanja guşdan şeýle sözleri eşiden awçy ony goýbermekçi bolup:

− Hany, onda sen ýaňky öwretjek diýen üç akylyňy aýt. Soňra men seni boşadyp goýbereýin. Sen giň howada ganatyňy giňden aç-da uçuber − diýipdir.

Guş öwretjek akyllaryny birme-bir aýtmaga başlapdyr. Ol:

− Birinjiden-ä, hiç wagt geçen işe ökünme, ikinjidenem, öz göwnüňe sygmadyk söze ynanma, üçünjisini bolsa meni goýbereniňden soň aýdaýyn − diýipdir.

Awçy bujagaz guşy asmana goýberipdir weli, ýaňky guşjagaz bir agajyň üstüne gonupdyr-da:

− Eý awçy, sen ýaman aldandyň. Sebäbi meniň içimde goşa ýumruk ýaly gyzyl bardy. Sen şony alman, meni goýberdiň − diýipdir. Onda ýaňky awçy adam:

− Wah, dady-bidat, men aldanypdyryn − diýip, ol guşjagazy boşadanyna köp puşman edipdir.

[1] №696b F bukja. Ertekini 1936-njy ýylda Ahmet Ahundow ýazyp alypdyr.

Awçynyň puşman edip oturanyny gören guş:

– Eý, akmak awçy, men saňa: «Öten işe ökünme» diýip, ýaňyja aýtmadymmy näme. Onuň üstesine hem «Öz göwnüňe sygmadyk söze ynanma» diýdim ahyryn. Sen gaýta ýene-de ynanýarsyň. Sen bir pikir edip gör. Meniň içimde nireden gyzyl bolsun. Bar, aýdaly, bolaýanda hem, meniň göwräm tutuşlygyna ýeke ýumrukça-da ýok ahyryn. Onsoň, ýeri, içime nädip goşa ýumruk ýaly gyzyl sygsyn. Sen şoňa-da ynanýarmyň! – diýip, ol owadanja guşjagaz ganatlaryny açyp, göge uçup, dag-derelerden geçip gidiberipdir.

## «BUZ ÜSTÜNDE TOZAN ARAMA»[1]

Günleriň birinde bir gurt bilen bir geçi ýoldaş bolupdyrlar. Bular bir gün başga ýurda geçeli diýip, ýola düşen ekenler. Olar az ýöräp, köp ýöräp, menzil-menzil ýol aşyp, takyrmydyr gol aşyp, ahyrsoňy bir deňziň üstünden barypdyrlar.

Gyş paslynyň aýazly günleri bolany üçin, bu deňiz doňup, buz baglap ýatan eken. Geçidir gurduň ýollary hem edil şu buzly deňziň üstünden düşüpdir.

Olar iki tirkeş bolup, doňan deňziň üsti bilen gidiberipdirler. Gurduň içi eljuk diýip başlapdyr. Onsoň gurt açlygyndan näme ederini bilmän, iki-baka gezmeläp başlapdyr.

Geçiniň hem ýagdaýy gurduňkydan gowy däl eken. O-da açlykdan ýaňa janyndan bizar bolan eken.

Ol buzlukda bolsa, iýer ýaly hiç zat ýok eken. Onsoň gurt, başga alaç tapman, geçini iýmek üçin yrsarap başlapdyr. Ol dürli bahana gözläp, özi bilen deňje ýöräp barýan geçä igenip ugrapdyr:

– Eý, geçi, aňyrrakdan ýöre, tozan edýärsiň – diýipdir.

Onda geçi:

– Eý, gurt aga, buz üstünde tozan arap ýörme. Öňi-soňy iýjek bolsaň, gepiňi köpeltme-de iý-de dyn – diýip jogap beripdir.

---

[1] №696b F bukja. Ertekini 1936-njy ýylda Ahmet Ahundow ýazyp alypdyr.

Ine, türkmenleriň arasyndaky «Buz üstünde tozan arama» diýen gürrüň hem şondan galanmyş.

## PYŞDYL, KEÝIK WE GARGA ÜÇÜSINIŇ DOSTLUGY[1]

Bir zamanda bir pyşdyl, bir keýik, bir garga ýaran bolupdyrlar. Bular näme iş etselerem, maslahatly edermişler. Günleriň birinde keýik janawer duzaga düşenmiş. Garga-da ýanynda eken. Ol baryp çüňki bilen duzagy aýryp bilmändir. Garga pyşdylyň ýanyna gelip:

− Eý, pyşdyl dost, keýik dostumyz-a awçynyň duzagyna düşüpdir. Men boşadyp bilmedim. Sen synanyşmasaň, boljak däl − diýen.

Onda pyşdyl:

− Bolýar, ýöne men onuň nirededigini bilemok. Salgy bereňde-de nädip tapaýyn?! − diýýär. Onda garga:

− Men uçup ýol görkezip gideýin − diýen.

− Onda «wak-wak», «zak-zak» edip uçup gitme-de, garynja tümmegi ýaly üýşmejik gum görseňem, gonup git. Meni şeýdip, keýigiň üstünden eltmeseň, görýän ýerim barmy − diýen.

Garga pyşdylyň aýdyşy ýaly edip, pyşdyly keýigiň ýanyna alyp barypdyr. Pyşdyl duzagyň kirişlerini ýeke-ýekeden çeýnäp, keýigi boşadypdyr.

Onsoň olar keýigi boşadan ýerlerinden gaçmagy maslahat edip, bu ýerden gaýdypdyrlar. Pyşdyl janawer şubela mytdyllap gitse hem hiç ýol öndürip bilmändir. Keýik bilen garga hem ýoldaşlaryny taşlap, ondan aýrylyp gidibilmändir. Iň ýamany, pyşdylyň yzy ýerde ýol ýaly bolup ýalpyldap ýatanmaş. Şol wagt şemal hem turmandyr.

Basym duzagyň eýesi gelipdir. Görse, duzaga keýik düşen eken weli, bir zat duzagy kertip boşadypdyr. Ol töweregine ser salsa, pyşdylyň yzyny görüpdir. Duzagyň eýesi pyşdylyň yzyny yzarlap, bir salymdan pyşdylyň yzyndan ýetipdir-de:

[1] №303 F bukja. Ertekini Muhammet Ataşow ýazyp alypdyr.

− Aý, pyşdyl, dur entek, ozalam gämigimi az gyran dälsiň. Sen bedinebisi ýokarky çanagyňdan bir dyndaraýyn − diýip topulan.

Keýik janawer durup bilmän, pyşdylyň beýle gapdalyna ýykylypdyr.

Duzagyň eýesi «Ynha, maňa bir aw, belki, duzaga düşen keýikdir, aýagyny agyrdandyr» diýip, oňa topulan. Duzagyň eýesi ýetiberende, keýik turup gaçyp, elli-altmyş ädime baryp, ýene ýykylypdyr.

Duzagyň eýesi keýigi ýene kowalapdyr. Ol adam ýetiberende, keýik ýene gaçypdyr. Bular şeýdişip, esli gidýärler. Ahyrynda gün batyberende, keýik dars-dars edip, gözden gaýyp bolupdyr.

Şeýdip, keýigem pyşdyly ölümden halas edipdir.

Dostlar howpdan halas bolup, ýene-de agzybirje ýaşaberipdirler.

## JÖGI ÝOLBARS[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym eýýamda bir ýolbars bar eken. Ol ýolbars örän garrapdyr we aw awlamaga ýaramandyr. Şoňa görä, ol eklenjiň ugruny tapman, jögülik edip, bir gowaga girip ýatypdyr. Çöl haýwanlary ony soramaga, halyndan habar almaga gelip başlapdyrlar. Emma gelip, onuň gowagyna giren haýwanlaryň biri-de dolanyp çykmaýar eken. Ýolbars özüni soramaga gelen haýwanlary tutup iýýär eken we şeýlelik bilen, gün görýär eken.

Günlerde bir gün tilki hem, ýolbarsyň syrkawlygyny eşidip, onuň halyny soramaga gelipdir. Emma tilki beýleki haýwanlar ýaly, gowagyň içine girmän, daş işikde durup, ýolbarsdan:

− Neneňsiň, ýolbars aga, halyň niçik? − diýip sorapdyr.

Ýolbars oňa jogap berip:

− Halym agyr, näme üçin sen meniň ýanyma gelmeýärsiň, ýanyma gel ahyry − diýipdir.

Onda tilki oňa:

---

[1] №693 F bukja. Ata Salyhyň aýdan ertekilerinden.

– Barardym, emma syn edip görýärin welin, seniň ýanyňa barýan yz köp-de, seniň ýanyňdan çykyp giden yz görünmeýär – diýip, jogap beripdir-de, yzyna öwrülip gidipdir.

## ŞÄRIKLI EKIN[1]

Günleriň birinde bir göle, bir geçi we bir sakyrtga şärikli ekin ekmäge çykanlar. Bular baryp bir boşluk ýeri ekjek bolsalar, bir tilki gelip:

– Bu ýer meniň atamdan galan miras ýerdir. Meni hem şärik etmeseňiz, size ekdirjek däl – diýipdir. Onda göle:

– Bolýar, seni hem bir paý edäeris – diýipdir.

Ondan soň tilki:

– Men size azalyň gulak çöpüni getireýin – diýip gidipdir. Soň tilki gaýdyp gelmändir.

Bular bugdaýy ekip, orup, döwüp gyzyl edende, hälki tilki gaýdyp gelipdir. Göle tilkini görüp:

– Wiý, tilki dost, sen bir gün hem işlemediň. Saňa hiç zat berjek däl – diýipdir. Onda tilki:

– Geliň, şu ýerden ylgaşalyň, kim öňürti harmana barsa, harmany şol alsyn. Yza galana zat ýok – diýen.

Onda sakyrtga:

– Geliň, şeýle edeliň – diýipdir.

Muňa hemmesi razy bolupdyrlar. Ylgaşanlarynda, tilki öňe düşüpdir. Sakyrtga bolsa, tilkiniň guýrugyna ýapyşan eken. Tilki öň baryp, gyzylyň üstünde oturjak bolsa:

– Waý, meni öldürdiň – diýip, sakyrtga gygyrypdyr.

Tilki ondan:

– Sen haçan geldiň? – diýip sorapdyr.

---

[1] №872 F bukja. Ertekini Annamämmet Nepes ýazyp alypdyr.

Onda sakyrtga:

– Aý, men bir eýýäm geldim – diýipdir.

Şeýdip, harmany sakyrtga almaly bolupdyr. Soňra sakyrtga, göle we geçi harmany paýlaşypdyrlar. Tilki bolsa, öz emeline çolaşyp, gallasyz galypdyr.

## TILKINIŇ KÄBÄ GIDIŞI[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, bir tilki bar eken. Bir gün ýaňky tilki elini-ýüzüni ýuwup:

– Indi men pälimden gaýtdym, Käbä gidip, hajy bolup geleýin – diýip, Käbä ugran. Barýarka, öňünden bir horaz çykypdyr.

Ol:

– Ýeri, tilki dost, nirä barýarsyň? – diýip soran.

Tilki oňa:

– Eý, horaz dost, men pälimden gaýtdym, sopy boldum. Käbä barýaryn – diýip, jogap beren.

Horaz:

– Meni hem ýoldaş edinermiň?

Tilki:

– Köp ýagşy bolýar, äkiderin – diýip, ikisi bile ugranlar. Barýarkalar, öňlerinden bir bagyrtlak çykan. Ol:

– Ýeri, dostlar, nirä barýarsyňyz? – diýip soran.

Tilki:

– Käbä barýarys.

Bagyrtlak:

– Meni hem ekidermisiňiz?

Tilki:

– Asyl seni hem äkideris – diýip aýdan.

[1] №872 F bukja. Ertekini 1927-nji ýylda Hojaly Atanyýaz ogly ýazyp alypdyr.

Soň üçüsi tirkeşip ugranlar. Barýarkalar, öňlerinden bir käkilik çykan.

Ol:

− Ýeri, dostlar, nirä barýarsyňyz? − diýip soran.

Tilki:

− Käbä barýarys − diýip jogap beren.

− Meni hem ýoldaş edinermisiňiz?

Tilki:

− Köp ýagşy, ýoldaş edineris − diýip jogap beren.

Şeýdip, bular dört bolup ugranlar. Howa sowuk eken.

Tilki:

− Şu ýerde meniň babamyň salan jaýy bar. Geliň, şonda ýatybereliň − diýen. Ondan soň, bular bir sürene girip ýatanlar. Daň atyp barýarka, öň öwrenen endigi bilen horaz gygyran.

Tilki:

− Sen näme üçin bimahal gygyrdyň? − diýip, horazy iýipdir.

Daň atansoň tilki, bagyrtlak, käkilik üçüsi ýola düşüp ugranlar. Barýarkalar, öňlerinden bir atly çykan. Bagyrtlak gorkusyna güsürdäp uçupdyr welin, at ürküpdir. Ondan soň tilki:

− Sen  näme üçin ýolagçynyň atyny ürküzdiň? — diýip, bagyrtlagy hem iýen.

Şeýlelikde, tilki bilen käkilik ikisi galyp, ýollaryna ugranlar. Birnäçe wagt ýöränlerinden soň, tilki:

− Eý, käkilik, sen gaty ýöreýärsiň − diýen.

Käkilik:

− Kimiň gaty ýöreýänini biler ýaly bir şaýat getireýin − diýip jogap beren.

Tilki:

− Bolýar − diýip, onuň bilen razylaşan.

Käkilik bir obanyň gyrasyndan baryp, iki sany tazy gören. Olaryň ýanyna golaý baranda, tazylar oňa topulýarlar. Käkilik kä onda, kä munda gonup, tilkiniň ýanyna golaý baranda, tazylar tilkini görüp, kowmaga başlanlar. Tilki zordan gaçyp gutulan.

Soň käkilik:

– Eý, tilki dost, kim gaty ýöreýär eken? – diýip soran.

Tilki:

– Seniňki dogry – diýip, käkiligi iýip bilmän giden.

## BEDENEDEN ALDANAN TILKI[1]

Gadym eýýamda bir bedene bilen bir tilki dost bolan. Bular köp wagt bilen ýaşap gelenler. Günleriň birinde tilki bedenä:

– Eý, bedene dost, sen meni bir doýur, bir güldür, bir hem gorkuz – diýen. Bedene hem munuň sözüni  kabul eden.

Bir gün bir topar gyzjagaz biriniň gudasyna döş alyp barýan eken. Muny ýaňky ýorgaja bedenejik göräýýär. Soň bu bedene gelip, ýoldaşy tilkä:

– Bir topar gyzjagaz bir döş alyp barýar. Gel, bir hile edeli: sen şol gyzjagazlaryň yzyna düşüp git, men hem uçup bilmeýän kişi bolan bolup, öňlerinden ýorgalap gaçaýyn. Şol wagt gyzjagazlar meni tutjak bolup, ellerindäki döşlerini ýere goýup, meni kowalarlar. Sen hem baryp, döşi alyp gaçarsyň — diýen we gyzjagazlaryň öňüne düşüp gidiberen. Gyzjagazlar ony görüp, bir-birine: «Bedene bar-da, bedene bar» – diýişýärler.

Bedene hem ganatlaryny ýaýyp, uçup bilmediksirän bolup, gyzjagazlaryň öňünden pasyrdap gidiberen. Gyzjagazlar: «Uçup bilenok» diýşip, onuň yzyna düşýärler. Şol baryşlaryna «häli tutarys, şindi tutarys» bilen, begençlerine ellerindäki düwünçegi ýerde goýup kowalaýarlar. Gyzjagazlaryň yzyndan ogrynça ýaltaklap gelýän tilkijik-de döşi alyp, ökjäni göterýär. Oňa çenli bedene hem uçýar. Gyzjagazlar döşi gözläp, sermenişip ugraýarlar. Goý, bular munda galsyn. Biz gaçyp giden tilkini gözläliň.

Biraz wagtdan soň, bedene tilkini gözläp tapýar. Onuň ýanyna baryp:

– Ýeri, tilki dost, doýduňmy? – diýýär.

[1] №696b F bukja. Ertekini 1936-njy ýylda Ahmet Ahundow ýazyp alypdyr.

− Doýdum, onda-da ýagşy doýdum.

− Onuň ýaly bolsa, ilki bir güldürip, bir hem gorkuzmagym galdy-da.

− Hawa − diýip, tilki jogap berýär.

Günleriň birinde bir öýüň gapysynda iki sany aýal çäkmenlik ýüwürdýän ekenler. Biriniň elinde gazyk kakýan tokmagy bar eken. Beýlekisi hem oňa kömekçi eken. Ýaňky bedene bilen tilki bu aýallary görüp, birden durýarlar.

Bedenejik uçup baryp, kömekçi aýalyň kellesine gonýar. Eli tokmakly aýal hem: «Wiý, başyňa bedene gondy, gyz» diýip ýaňkynyň depesinden tokmagyny inderýär. Şol wagtda bedene uçýar. Tokmagyň badyna hälki aýal ýykylýar. Bedenäniň bu işine tilkiniň gülüp-gülüp içi gyrylýar. Tokmagyň badyna togalanyp giden aýal hem, goý, munda galsyn, kem-kem aýňalar-da!

Biraz wagtdan soň, bedene bilen tilki ýene bir-birlerine sataşýarlar. Bedene tilkiden:

− Tilki dost, ine, bu hem güldürenim, öň hem doýurdym, indi bir gorkuzmak galdymy? − diýip soraýar.

Tilki hem:

− Hawa, indi meni bir gorkuz!

− Sen gözüňi ýum-da, meniň yzyma düş. Men: «Bidi-bidi bedene, büdrär gider bedene» diýer gider oturaryn, men tä: «Gözüňi aç» diýýänçäm, sen gözüňi açmagyn − diýýär.

Şol şert bilen hem bular gidiberýärler. Bir wagtdan soň, bedene tilkä: «Gözüňi aç» diýýär. Tilki gözüni birden açýar, görse, yzyndan bir topar atly çapyp gelýär. Tilki gaçmaga başlaýar, atlylar hem tilkiniň yzyna düşüberýärler. Bular edil çynlakaý kowalaşýan ýaly, «häli aldym-da, şindi aldym» bolşup, sürrekleşip barýarlar, ahyrda tilki bu ýana sap atyp, sowulýar weli, atlylar-da ýüzleriniň ugruna geçip gidýärler. Atlylar toý atlysy ekeni. Goý, olar öz ýoluny dowam etdirsinler.

Bir wagtdan soň, bedene tilkiniň ýanyna barýar. Atlylardan gaçyp halys ýadan tilki heniz demini dürsemän eken. Ol bedenäniň eden işine gaharlanyp, ony iýjek bolýar. Onda bedene:

− Mende näme ýazyk bar. Men seniň öz aýdanyňy edip, gorkuzdym diýýär.

− Gorkuz diýlende, heý, şeýle gorkuzmak bolarmy. Sen meniň ýüregimi ýardyň-la − diýip, tilki gaharlanyp barşyna: «Indi seni iýmesem bolmaz» diýip, birden bedenäni agzyna alýar we ony gysyp öldürip barýar diýýär. Şol wagtda bedene tilkä:

− Biz öň ýagşy dostduk, her zat-da bolsa bir-birimizi şu güne çenli oňat tanamaýardyk. Indi bary bir sen meni iýjek. Gel, bir-birimizi tanap galaly. Men-ä Manangat ülkesinden bolaryn, sen nirelisiň? − diýip soraýar.

Tilki hem:

− Heý, Manangat diýen ülke bolarmy? − diýip, ýaňy agzyny açypdyr weli, bedene onuň agzyndan sypyp, uçup gidipdir. Tilki bolsa dodagyny dişläp, başyny ýaýkap galypdyr. Bedene asmana uçansoň, biraz wagt tilkiniň ýokarsynda ganat kakyp, ahyrda tilkiniň gulajygynyň üstüne tüýkürip gidiberýär.

## TOWUKLARYŇ PATYŞASY[1]

Gadym eýýamda, ýyllaryň bir aýynda, günleriň bir gününde: «Haýwanlary ýygnamaly, tilki towuklara patyşa ediljek» diýip, jar çekilýär. Bu sözi tilki eşidip:

− Meni towuklara patyşa etjekmişler − diýip, aglaýar eken.

Tilki bir gün aglan, iki gün aglan, üçünji güni gökde uçup barýan bir durna munuň sesini eşidip, ýanyna gelip:

− Näme aglaýarsyň, tilki aga? − diýip soran. Tilki hem:

− Meni towuklara patyşa etjekler, şoňa aglaýaryn − diýen.

Asmanda erkana uçup ýören durna «patyşa» sözüni eşidip:

− Patyşa etjek diýseler, bolman bolmaz, ýöne bize patyşa etmeseler bolýar − diýip, uçup gidiberen.

Birnäçe gün geçenden soň, bu tilkiniň üstünden bir şagalyň ýoly düşen. Ol şagal:

− Ýeri, tilki dost, nämä aglaýarsyň? − diýen.

[1] №696b F bukja. Ertekini 1936-njy ýylda Ahmet Ahundow ýazyp alypdyr.

– Meni towuklara patyşa etmek isleýärler.

– Eý, akmak tilki, sen nämä aglaýarsyň? Sen mydama towuk gözläp, gijeden-gije bukdaklap, ony keteginden ogurlajak bolup, azara galyp ýördüň. Indi bolsa seni olara patyşa edýärler, bagtyň getiripdir. Günde öz halanyňy getirip, iý-de otur.

Onda tilki şagala bakyp:

– Eý, şagal jan, men şol habar ýalanmyka diýip aglaýaryn, düşdüňmi? – diýýär.

## AGZYBIR KEÝIKLER[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda bir topar keýik bar eken. Bu keýikler günleriň birinde ýygnanyp:

– Biz nähili edip, özümizi ýyrtyjy haýwanlardan saklarys? – diýip, maslahat edýärler. Bu maslahatda bularyň içinden akyllyja bir keýik çykyp:

– Biz öň köp wagt ýyrtyjy haýwanlar tarapyndan horlanyp geldik, sebäbi biz şu güne çenli bir-iki bolup, onda-munda entäp gezdik, onuň üçin-de öňýeten duşman bizi horlap gelýärdi. Indi biz agzymyzy birikdirip, elliden, altmyşdan az bolman bir ýerräkde topbak gezeliň. Ýatanymyzda ýa-da otlanymyzda daşymyzda üç-dört sanymyzy garawul goýalyň. Ana, şonda biz arkaýyn gezip bileris – diýipdir.

Keýikler ýerli-ýerden: «Bolýar-da, bolýar» bolşup gygyryşypdyrlar. Emma bular heniz maslahatlaryny gutarmankalar, bir ýerden bir tilkijik gelip, olaryň sözüne gulak asyp durupdyr. Biraz wagtdan soň, ýaňky tilki:

– Siziň bu eden kararyňyz özüňize gaty zyýan, sebäbi ol garawullaryňyz uklar. Hemmäňizi birden bela duçar eder. Öň biriňizi gözläp, zordan tapýan duşman indi hemmäňizi eline düşürer – diýipdir.

Munuň bu sözüni eşiden keýikler:

---

[1] №872 F bukja. Ertekini 1951-nji ýylda Mary raýonynyň (häzirki Mary etraby) 2-nji Gökje obasyndan Gurandurdy Esenow ýazyp alypdyr.

− Ýeri, ugruňa gidiber, seniňem habaryňy eşitdik − diýip, ol tilkiniň ýeňsesinden itekläp, aralaryndan çykaryp goýberipdirler. Şondan soň ýaňky kowlan tilki şol gahary bilen baryp, bir möjegi tapyp:

− Möjek dost, bir bol aw tapandyryn − diýen.

Möjek oňa garap:

− Ol nähili bol aw, tizräk nirededigini aýdaweri.

− Şu taýda bir süri keýik daşlaryna garawul goýan kişi bolşup, özleri arkaýynja gezip ýörler. Daşlaryndaky garawullary hem otlaşyp ýörler. Birden baryp, hemmesini gapyllykda tutaýmaly − diýip, tilki aýdan.

Möjek tilki bilen ýola düşen. Bular az ýöräp, köp ýöräp, keýikleriň bir ýan çetinden baranlarynda, garawul bolup duran keýikler bulary görüp, öz ýoldaşlaryna habar berýärler. Ýoldaşlary hem ýüzleriniň ugruna hemmesi bir tarapa gaçyberenler. Şonluk bilen möjekdir tilkiniň eline bir zat hem ilmän galan.

Möjek tilkä garap:

− Tilki dost, meni ýaman aldadyň-ow − diýen.

Tilki hem:

− Ýok, dost, bular soňrak otdan doýup, pylan çeşmeden suw içip, agralyp, hemme zatdan bihabar bolup ýatarlar. Şol wagtda olary tutarys − diýen.

Möjek:

− Bolýar, onyňy hem göräýeris − diýip geziberen.

Biraz wagtdan tilkiniň aýdan mahaly bolýar. Bu ikisi tirkeşip, hälki keýiklere tarap barýarlar weli, olar ýene duýup gaçýarlar. Bu gezek möjegiň hasam gaty gahary gelipdir. Ol tilkiniň ýüzüne garap:

− Sen bular ýaly aldap ýörseň, ahyry özüňi iýerin. Meniň gaharym gelende, birden geläýýändir − diýen.

Tilki hem:

− Möjek dost, bulary bir wagt ele düşürmek boljak. Ol hem bolsa olar gündiz iýer, içer hem-de gezip- gezip, gaty ýadap, giç gelip ýatarlar. Gije ýarymdan soň, olar ýagşyja uka gidensoňlar, garawullary hem uklar, ana, şol wagt biz olaryň işini

göreris − diýen. Möjek munuň bu sözüne hem «bolýar» diýip jogap beren. Şonluk bilen, gije ýarym bolupdyr. Bular ýene keýiklere tarap gidipdirler.

Keýikler gije ýatanlarynda, ýygy-ýygydan garawullaryny çalşyryp durupdyrlar. Ýaňky tilki bilen möjek keýiklere ýakyn gelenlerinde, garawullary duýup, derrew beýleki ýoldaşlaryna-da ýagdaýy duýdurypdyrlar. Şunlukda, keýikler ýene-de gaçyp gutulanlar.

Ilkagşamdan: «Keýik etini iýjek» diýip, gijesini ýatman, özüni seýisläp ýören möjegiň bu gezek gaharynyň gelşi öňküleň dagy çaky bolmandyr. Şonuň üçinem ol ýanynda boýnuny aşak salyp duran tilkä gözüniň gytagy bilen garap:

− Indi seniň gezegiň, sen meni näçe gün aç-suwsyz saklap, ahyrda hem süýji ukymdan alyp galdyň. Seni iýmesem bolmaz − diýip, özüni tilkiniň üstüne oklapdyr. Şol wagt tilki ýapyrylyp gaçjak bolupdyr. Oňa çenli hem möjek tilkini bagyrt-bugyrt basan. Şonluk bilen, keýikler agzybirlikde ýaşap, hemişe özlerini ýyrtyjy haýwanlardan gorap gezipdirler.

## AW PAÝLAŞYGY[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanlarda garrap, halys tapdan düşen bir ýolbars bar eken. Ol bir gowakda kän ýatypdyr, emma gelip, onuň halyny soran bolmandyr. Ahyrda ýaňky ýolbars golaýdaky dereden bir aw awlapdyr-da:

− Meniň barha mejalym gaçýar, gün-günden awumy almagym kynlaşyp barýar. Gowusy özüme dost-ýar agtaryp tapaýyn-la − diýipdir-de, ýola düşüp gidiberipdir. Şol barmana onuň öňünden bir tilki çykypdyr.

Ýolbars oňa:

− Ýeri, tilki dost, nirä barýaň?− diýipdir.

Tilki:

− Men-ä hyzmat etmäge barýan − diýen.

Onda ýolbars:

[1] №1033 F bukja. Ertekini 1964-nji ýylda Mary raýonyndan (häzirki Mary etraby) Nepesow ýazyp alypdyr.

− Gaty gowy, meniň saňa bir maslahatym bar. Gel, ikimiz elmydama bileje aw edeli. Sen gidip, nirede aw baryny bilip gelseň bolar. Ony awlap gelmek meň bilen − diýipdir.

Tilki:

− Ýagşy, bolýar − diýipdir.

Olar şu maslahat bilen bu ýerden yzlaryna gaýdypdyrlar. Olar şol gaýdyşlaryna köp dagdan, köp dereden geçip, esli gidenlerinden soň, olaryň öňlerinden bir şagal çykypdyr. Ýolbars oňa-da:

− Eý, garyndaş, gel, biz üç bolup aw edeliň! Tilki awy tapyp geler, ownuk-uşagrak aw bolsa, ony sen awlarsyň, eger has ulurak aw bolsa, onda men awlaryn, şeýdip, biz gysylman agzybirlikde ýaşar ýöreris − diýen.

Şagal hem muňa razy bolan. Olar şeýdip ýaşaberenler.

Günlerde bir gün ýolbars ullakan bir gulany awlapdyr. Ýolbars ony läş edip taşlapdyr-da: «Indi-hä endamyma suw ýaýrap, biraz kuwwatlansam gerek» diýip oýlanypdyr.

Soň bir gün olaryň üçüsi hem bile awa giden. Ýanlary bilen ýolbarsyň barýandygy üçin şagal bilen tilki hem hekgerişip barýanlar. Garaz agşama çenli olar bir horaz, bir guzy, bir gulan tutupdyrlar. Olary bir ýere süýräp çekipdirler-de, üleşdirmäge başlapdyrlar.

Ýolbars şagala:

− Hany, garyndaş, bulary bir üleşdir bakaly − diýipdir.

Şagal kän bir oýlanyp durman:

− Maňa gulan, tilkä guzy, size bolsa, näzik et horaz bolar − diýen. Ýolbarsyň muňa uçursyz gahary gelip, şol bada şagaly läş edip taşlapdyr.

Şondan soň ýolbars tilkä ýüzlenip:

− Hany, tilki sopy, seniňem üleşdirişiňi göreýin − diýipdir.

Tilki sandyrap:

− Ýolbars aga, horaz-a ertir irden size bir çaý teýi bolar, guzyny bolsa günortan garbak-gurbak edersiň, gulan bolsa agşam naharyň bolar-da − diýipdir.

Ýolbars ýylgyryp:

– Sen beýle üleşdirmäni haçan öwrendiň, tilki beg! – diýip sorapdyr.

Onda tilki:

– Şagal baýyň şam bolan wagty – diýip jogap beripdir.

## SERÇELER[1]

Gadym zamanlarda guşlaryň diline düşünýän bir adam bar eken. Ol bir gezek «Gel, aý, serçeleriň söhbetini diňläýin-le» diýip, gyzgan agylynyň güneş ýüzünde ýaplanyp ýatypdyr. Bir salymdan soň, bir topar serçe başagaýlyk bilen uçup gelip, onuň edil ýokarsynda gyzgan agylynyň üstünde oturyp, söhbete başlapdyr. Olaryň biri:

– Indi gyrgydan gaçmalyň! – diýipdir.

Ýene biri bolsa:

– Eşitdiňizmi-ow, jemagat, söz-söz bolsun, indi gyrgydan gaçmaly däldiris – diýip, hemmelere eşitdirip aýdypdyr.

– Aý, elmydama-da şeý diýýäs-de, iş jygba-jyga gelende, görünýänimiz ýok. Gyrgy görnenden hemmämizem dyr-pytrak bolup, gaçyp gidýäs. Bu-da şonuň ýaly bolar-da – diýen.

Onda beýleki serçeler ala-goh bolup, şeý diýenmişler:

– Ana, gördüňizmi?!

– Işi bulaşdyrýan şular ýaly ütükler-dä!

– Öňki saparam biri tapyldy.

– Tüýs akmak serçe-dä!

– Akmak nirede, haramzada diýsene.

– Tüýs baryp ýatan deýýusyň biri.

– Eşek-laýt!

– Doňuz-la!

– Aý, şoňa ünsem bermeseňiz-läň!

– Hawa-da, walla...

[1] №692 F bukja. Ertekini 1939-njy ýylda Kerim Osmanow ýazyp alypdyr.

Bir tokarja serçe öňki karary ýamaşgandan jar edipdir:

– Eşitdiňizmi-ow, serçeler, indi gyrgy gelende kim gaçsa, şonuň başy ölümli, maly talaňly. Soňra: «Biz-ä, walla, şony eşitmändirisem ýa-da eşitsegem gaty bir ünsem bermändiris» diýlen gürrüň bolmasyn. Şu sapar ata-baba arymyzy şol gyrgydan çykarmalydyrys. Indi halys ýadadyk. Degnaňa deglensoň çekip-çydap oturmagam kyn-how! Biz munça bolup oturan wagtymyzda, bir gyrga özümizi horlatsak ýa-da dalatsak – bu bize masgaraçylyk ahyry. Geliň, indi mert durup, merdana bolalyň. Ölsegem mertlerçe öleliň! Nähili görýäsiňiz şu maslahaty?

– Gaty dogry!

– Hakyt şeýtmek gerek.

– Bolubilýär...

Şol wagt çetde oturan ütüjek serçe birdenkä:

– Dat, gyrgy geldi – diýip, çirkin gygyrypdyr. Şobada ýaňky topar tutup duran serçeler edil dary seçelenen ýaly dyr-pytrak bolupdyr. Olaryň kimsi çöplüge, kimsi hem gyzganyň içine siňip gidipdir. Esli wagtlap imi-salalyk bolupdyr. Özünden giden özünden gidip ýatyr, beýleki birtoparynyň bolsa huşy başyndan uçup ýatyr, başga birtopary bolsa: «Nähile-nähile bolýarka, hany entek bir ýataýyn» diýip ýatyrlar.

Bir haýukdan soň, bir ýerden bir «jürk» sesi eşidilipdir. Ýene biri «jürk» edipdir. Jagyl-jugul gürläp, şol barmana biri zomp edip, kellejigini çykarypdyr. Ol iki gapdalyna seredipdir. Onýança ýene biri kellejigini çykarypdyr. Şobarmana biri gyzganyň düýbünde ýatan ýerinden:

– Näme boldy? – diýip gygyrypdyr.

Serçeler şondan soň, ýeke-ýekeden çykyşyp başlapdyrlar.

– Be, dogrudanam, birdenkä, näme boldy?

– Bir zad-a boldy weli, biz-ä hiç zat aňşyrman galdyk.

– Asyl aňşyrar ýalam bolmady-laý.

– «Dat gelýär» diýdiler ahyry.

Serçeler şol «gelýä-gelýä» diýen gürrüňiň kimiň aýdandygyny bilmän, esli jedelleşdiler. Olar biri-birine azgyrylyşyp ugradylar:

– Sen aýtdyň!

– Ýok, sen aýtdyň!

– Ýok, ses menden beýleden geldi.

– Ýok, ony ilki bilen pylany aýtdy.

– Ýok, pylanyň sesine-de meňzänok.

Olar ahyry: «Şol ütük serçe aýdypdyr» diýen karara gelýärler.

– Hany şol ütük serçe?

– Dogrudanam, hany ol?

– Ol haramzada henizem özünden gidip ýatyrmyka?

– Gyrgy şol işi gaýdanyň özüni äkiden bolaýmasyn.

Serçeler ser salsalar, dogrudan hem şol ütüjek serçe ýok.

– Hä, öz-ä akyllyja guşdy...

– Gepi-sözem bolmazdy.

– Hä, näsini aýdýaň, hakyna jürlügi diýermiň, dogruçyllygy diýermiň, garaz...

– Edep-tertibini diýsene...

– Asyl eýgerder ýaly däldi...

– Henizem ýüregim awap dur.

– Özi gowudy-la! Ýöne pahyryň enesini weli öwmezdiler.

– Atasam şeýledi... Araky açlykda bir dary dänäň üstünde goňşusy bilen il masgarasy bolmadymy näme!

– Doganam şeýledi.

– Özünde-de ýetmezi kändi diýsene!

– Bir azajyk görübräkmidem?

– Bahyl ondan öňe geçmezdi.

– Arada şunuň elem egri diýäýdiler öýdýän.

– Oňa söz barmy näme. Tüýkesme ogryň biridi-le...

– Haramzadaň gideni gowy boldy-laý.

– Onsuzam özümiz ýygnajak bolup ýördük-le, henizem ujyz gutuldy ol!

– Enesi ýalamadygyň adyny tutmasaňyzlaň, ýüregim bulanýar.

– Bes ediň how! Ýüregime düşdüňiz. Şol ata-babasyna nälet siňeniň adyny öçüriň-de, gutaryň-da!...

Ine, samsyjak serçeleriň agzybirlik hakdaky maslahatynyň ahyr-a şeýle bolanmyş diýýärler.

## BEZZAT HORAZ[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Bir garryja kempir bar eken. Onuň hem bir horazy bar eken. Ol horazyň hem gözi çaşy, aýagy bolsa çaýşyk eken. Özem şeýle bir bezzat, şeýle bir jenjelçi eken weli, hiý, ýöne goýaý. Munuň ýaly dawaçy horaz heniz ýer ýüzünde bolmanmyş.

Öz howlularynda uruşmaga zat bolmansoň, ol horaz hemişe kesekiniň howlusyna sümler eken. Bardy-geldi towuga topulaýsa, onuň ýeleklerini tüýt-müýt eder eken. Eger-de bir horaza daga duşaýsa, garaçyny bilen urşar eken. Çaşygöz horaz hemmelere deger eken. Emma onuň özüne-de bir degjek bolup gör! Sähelçejik bir zat bolaýsa, uly ili bilen bogazyna sygdygyndan:

– Maňa degme, degme maňa! Men siziň howlyňyzdan däl. Men siziň horazyňyz däl. Garryja kempiriň horazy – diýip, gygyrar eken.

Garryja kempiriň özi-de bu horazdan bizar bolan eken. Goňşulary munuň üstüne ýeke bir gün däl, hemişe gelip, şikaýat eder ekenler.

Biri gelip:

– Sen şu bezzat horazyňy ýok etmeseň, boljak däl. Ol meniň pişijegimiň gözüni çokup, tas kör edipdi! – diýip gygyrsa, ýene biri:

– Seniň horazyň ýumurtga basyp otaran towugymy keteginden kowup, ýumurtgasyny döwüpdir – diýip, arz eder eken.

Üçünji biri aglajak-aglajak bolup:

– Seniň çaşygöz horazyň topulyp gelip, meniň jüýjelerimi gorkuzdy, iým berýän gabymy agdar-düňder etdi, suwy dökän-saçan etdi – diýip, zeýrener eken.

[1] №1163 F bukja. Ertekini 1970-nji ýylda Ýylanly raýonyndan (häzirki Gurbansoltan etraby) M. Sähetgulyýewa ýazyp alypdyr.

Ahyrynda bu garryja kempir bizar bolup, horaza:

− Nirä gitseň git-de, gümüňi çek. Meniň howlymda seniň garaň görünmesin! − diýip, ol çaşygözi kowup goýberipdir.

Horaz garryja kempirden gaty görüp:

− Aý, bolýar-da, ötägiderin! Näme sensiz ýaşap bilmez öýdýärmiň? − diýip, başyny alyp çykyp gidipdir.

Şeýdip horaz başga bir ýere barypdyr-da, ýeke özi ýaşaberipdir. Ol gündizine bütin obany gezer eken, däne çöplär eken, gijesine bolsa obanyň gyrasyndaky bede küdesiniň üstünde ýatar eken.

Günleriň bir güni bir tilki daň saz berende, aw awlamaga çykypdyr. Görse meýdanda bir küde bede bar, onuň üstünde bolsa hälki bezzat çaşygöz horaz ýatan eken. Tilki şatlykdan ýaňa uçganaklap baryp, garbap hälki horazy tutupdyr-da, jeňňeldäki hinine tarap alyp gidipdir.

Şol wagtlar garryja kempiriň goňşusy öz ýerini malalaýar eken. Görse, gapdalyndan bir tilki geçip barýar, agzynda bolsa horaz bar diýýä. Garryja kempiriň goňşusy eline taýak alyp, tilkini kowalamaga başlapdyr. Özem ol:

− Taşla horazy! Taşla horazy! − diýip gygyrypdyr.

Mekir horaz özüniň görýänje gözi bilen tilkä seredipdir-de:

− Tilki, sen neneň muňa çydaýarsyň. Ol adamyň biziň bilen näme işi bar. Men onuň horazy däl ahyryn! Men garryja kempiriňkidirin − diýipdir.

Tilki aýak çekip, ol adamyň üstüne gygyrjak bolupdyr, emma pikirlenip, goýbolsun edipdir-de, gidiberipdir.

Garryja kempiriň goňşusy bolsa onuň yzyndan galman:

− Eý, çypar tilki, ber horazy! Ber horazy! − diýip gygyrypdyr.

Şu aralykda horaz ýene:

− Tilki, sen nähil-ä! Ol saňa agzyndan gelenini diýýär, sen bolsaň jyňkyňy-da çykaraňok! Ýa ondan gorkýarmyň? Meni − kesekiniň horazyny alyp gaçmaly bolanda-ha sen edil iki paý ýaly! − diýipdir.

Tilki muňa çydam edip bilmändir. Ol garryja kempiriň goňşusyna tarap öwrülipdir-de, oňa agzyndan gelenini diýip başlapdyr:

− Seňki näme, ekilmedik ýerde gögeren narpyz! Horaz bilen näme işiň bar. Heý, onuň saňa dahylly ýeri barmy. «Taşla horazy, taşla horazy!» diýip bizar etdiň-le! Ediber-dä öz edip ýören işiňi. Heý, şu zatlaryň saňa azary barmy? Onsoňam, bu horaz seniň horazyň däl, zadyň däl. Bu horaz garryja kempiriň horazy ahyry. Ilki bilen, sen öz horazyňy, towugyňy köpelt, soňra bize − ynamdar tilkilere dil ýetir! Dogry-da walla, beýle-de bir ýürege düşgünç adam boljak eken-ow!

Tilkiniň şeýle bir kellesi gyzypdyr weli, agzynyň diýenini gulagy eşitmän, wagty bilen goýar ýerde goýmandyr. Şobarmana onuň horaz ýadyna düşüpdir. Görse, horaz eýýäm zym uçan ýaly bolup, gaçyp gidipdir.

Meýdandaky beýleki adamlar bolsa:

− Halal saňa, horaz! Gör, nädip tilkiniň başyny-gözüni aýlady! − diýip gülşüpdirler.

Tilki eden işine puşman edipdir. Ol şondan soň adamlar bilen hiç wagt gepleşmezligi şert edipdir. Tilkiniň adamy görende, ýüzüni kese-kese sowup, aýagaldygyna gaçyp ýörmeginiň sebäbi hem şonuň üçinmiş.

## PIŞIK BILEN SYÇAN[1]

Bir wagt iki sany goňşy bolan. Olaryň biri bagban, beýlekisi nilgär eken. Bu nilgäriň humy köp eken. Ol nilgär her gün bagban dostunyňkydan üzüm getirip, huma taşlar eken. Ol şeýdip, bir-iki humy dolduryipdyr. Humdaky üzümler turşap, ajapdyr we şerap bolupdyr.

Şol humlaryň aşagynda bir syçanyň hini bar eken. Ol syçan günleriň birinde humdaky şerapdan dadyp görüpdir-de: «Oňat zat eken» diýip, ep-eslije içipdir we mes bolupdyr. Şerapdan ýaňa kellesi göçen syçan özüni hamana ýolbars bolan däldirin öýtmändir. Şol barmaşa ol mesliginden ýaňa samrap başlapdyr:

[1] №91 F bukja. Ertekini Krasnowodsk raýonyndan (häzirki Türkmenbaşy etrabyndan) Molla Annahojaýew ýazyp alypdyr.

– Şu wagt şol bidöwlet pişik bir elime düşsedi, ýer bilen ýegsan edip, etlerini bir çişe düzüp, içimi sowatsamdym – diýip, arlap duran wagty, bir ýerden pişik geläýipdir. Ol syçanyň haýbatly sözlerini eşidip, oňa topulypdyr.

Pişigi gören syçan sapalak atyp, gaçyp, zordan hinine giripdir we hininde oturan ýerinden pişikden ötünç sorapdyr:

– Wah, pişik gardaş, bu zatlaryň hemmesine şerap günäkär, sen meni bagyşla – diýip, gaýdyp hininden çykmandyr.

## IT BILEN HORAZYŇ DOSTLUGY[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanlarda bir it bilen bir horaz bar eken. Günleriň birinde olar dostlaşýarlar we bileje gezelenje gidýärler. Olar uzyn gün gezýärler, lüt bolup ýadaýarlar. Howa bolsa garaňkyrap başlaýar. Ahyrsoňy olar ýoldan sowlup, içi köwek bir uly agajyň ýanyna barýarlar. Horaz belent şahaň üstüne münýär, it bolsa agajyň köwegine girýär. Şeýdip, olar şol ýerde uklap galýarlar.

Ertesi irden, daň ýaňy saz berende, horaz «Gy-gy-gy...» edip gagyrýar.

Şol ýerde aç sümsünip ýören bir tilki onuň sesini eşidenden ylgap, onuň ýanyna gelýär. Horazy gören badyna onuň horaz etini iýesi gelip, agzynyň gyllygyny akdyryp başlaýar. Ol horazyň golaýragyna dykylyp baryp, ony öwmäge başlaýar:

– Pah-pah, horaz diýseň, horaz jan-ow! Munuň ýaly owadan guşy men hiç wagt görmändim, ýelekleri nähili täsin, kekeji dagy nähili enaýy, tylla ýaly gyzyl öwüsýär, sesi nähili ýakymly! Meniň ýanyma uçup gelse dagy nähili gowy bolardy! – diýip, oda-köze düşmäge başlaýar.

– Meniň ol ýerde näme işim bar? – diýip, horaz soraýar.

Tilki:

[1] №112 F bukja. Ertekini 1929-njy ýylda Hojaly Atanyýaz ogly ýazyp alypdyr.

− Meniň öýüme myhmançylyga giderdik, men şu gün täze öýe göçdüm, dänäm hem köp, senem hezil edip çokardyň.

Onda horaz:

− Ýagşy, ýöne meniň ýeke özüm gidip biljek däl, meniň ýoldaşym hem bar − diýýär.

Tilki: «Gör, nähili bagtlylyk, bir horazyň deregine iki boljak!» diýip, pikir edýär we begenjine:

− Hany ýoldaşyň nirede? Men ony hem myhmançylyga çagyraýyn − diýýär.

− Hanha, köwekde ýatyr − diýip, horaz tilkä itiň ýatan köwegini görkezýär.

Tilki köwegiň ýanyna barýar welin, it onuň tumşugyndan ýapyşyp, bölek-bölek edip taşlaýar.

## «DÜŞÜNESIŇ GELSE, DOST GAZAN...»[1]

Bir gün bir gaýyň[2] awa diýip düze çykanda, bir köpek bilen taza duşýar. Onsoň bularyň üçüsi dostlaşýarlar. Bular çölde gezip ýörüşlerine, gaçyp barýan bir möjegi görüp, onuň yzyndan kowup ugraýarlar.

Möjek şol gaçyp barşyna bir hine girip gidýär. Ýaňky köpek, tazy we gaýyň hem hiniň agzyna gelip, aňkaryp galanlar.

Bular möjegi çykarjak bolup, her hili hile edip görüpdirler. Emma hiç çykaryp bilmändirler.

Soňra möjek bulara garap:

− Köpek bilen tazynyň meni kowalanyna-ha gaharym gelmeýär. Sebäbi köpegiň aýagy meňkiden çaman bolsa-da, uruşsa oýny kem geljek däl. Tazynyň-da haky bar, sebäbi kuwwaty meniňkiçe bolmasa-da, aýagy menden ýüwrük. Haw, gaýyň aga, seniňki nämäňkilik?! Uruşsaň-a güýjüň pes geljek, ýaryşsaňam − aýagyň − diýen.

Gaýyň hem:

[1] №696b F bukja. Ertekini 1936-njy ýylda Ahmet Ahundow ýazyp alypdyr.
[2] Gaýyň — köpek it bilen ganjyk tazydan dogan it.

− Oňa sen düşünmersiň, düşünesiň gelse, dost gazan − diýip, jogap beripdir.

## ÖÝKELÄN BEDENEJIK[1]

Gadym eýýamda, çöl-beýewanda, bir kölüň kenarynda bir gaz, bir leglek, bir hokgar, bir guw, bir-de bedenejik ýaşaýar eken. Bularyň öýleri bir bolsa-da, rysgy başga eken. Her kim näme tapsa, özbaşyna şony iýýän eken.

Bular öý işlerini hemişe bedenejige buýurýan ekenler. Bedenejik bolsa, köp wagtlap sessiz-üýnsüz bularyň işini edip ýörüpdir. Ahyrda-da, çydap bilmän, gaçyp gidipdir.

Bular bedenejigi gözläp-gözläp, hiç tapyp bilmändirler. Ine, onsoň günleriň birinde olar bedenejigiň nirede ýaşaýanyny bilipdirler-de, ony töwella-tagsyr edip, ýene yzyna alyp gelmek üçin, guw bilen leglegi iberipdirler. Olar bedenejigiň ýanyna baryp:

− Ýeri, bedene dost, saňa näme boldy, näme üçin bizden öýkelediň? − diýýärler.

− Meniň öýkelänimi siz nireden bilýärsiňiz? Men öýkelämok − diýip, bedenejik jogap berýär.

Onda guw aýaga galyp:

− Ýok, sen öýkeleýärsiň, ýöne näme üçin öýkeleýäniň sebäbini aýdanok. Gowusy, nämä öýkeläniňi açyk aýdaý − diýýär.

Bedenejik bolsa boýunjygyny uzadyp:

− Haw, gardaşlar, sözüň gysgasy, men siziň bilen birlikde ýaşap, oňşup biljek däl. Siz meni ejizje görüp, azar ýamanyny berýärsiňiz. Iş etmeli bolanda, siziň gözüňize menden başga hiç kim görünmeýär. Siz meni işe çemli ýorgaja görýärsiňiz. Şu leglek näme? Guşlaryň iň gelşiksizi, iň ýakymsyzy, iň ýaltasy. Şu hem etmeli işini maňa buýurýar − diýipdir.

Onda leglek:

[1] №696b F bukja. Ertekini 1936-njy ýylda Ahmet Ahundow ýazyp alypdyr.

– Sen maňa gelşiksiz, ýakymsyz, ýalta diýermiň?! – diýip, ganatyny bulap, bedenejigi urjak bolupdyr.

Bedenejik bolsa leglek ganatyny galdyrmanka, çaýyrlaryň arkasyndan ýorgalapdyr-da, bularyň gözünden ýitip gidipdir. Şeýdibem, ol kişiniň hyzmatyny etmekden dynanmyş. Şindi-şindilerem bedenejigiň ot-çöpleriň içinde ýorgalap ýörmesi şol özüne azar beren biderek ýoldaşlaryndan gizlenip ýördügimiş.

## DOSTUNA HAÝYNLYK EDEN TILKI[1]

Bir wagt bir sülgün bilen bir tilki dost bolupdyr. Bu ikisi birleşip, oňat ýaşap ýören ekenler. Günleriň birinde bularyň awlary oňman ugraýar. Bular birnäçe gün aç gezýärler. Ahyrda tilki çydap bilmän, sülgüni iýmegiň pikirine düşýär. Ine, onsoň, birdenkä ol amatly wagt tapyp, sülgüni agzyna alýar-da, gysyberýär.

Şonda sülgün:

– Eý, tilki dost, biz dogandyk-la, hiý, beýle-de iş bolarmy, sen näme iş edýäniňi aňlaýarsyňmy? – diýýär.

– Aý, sülgünim, «Gardaşdan garyn ýakyn», «Ajyň aňy bolmaz» diýip eşitmänmidiň? – diýip, tilki öňküden hem beter gysyp ugrapdyr.

Sülgün biçäre näme ederini bilmän: «Haýp, meniň ömrüm, haram öldüm» diýip, ölüminden närazy bolýar.

Onda tilki:

– Eý, sülgün dost, näme üçin beýle gynanýarsyň, ölmek şeýle kynmy? – diýip soraýar.

Sülgün hem oňa:

– Eý, tilki dost, dogrusy, men ölümime gynanybam duramak, ýöne meniň ölümim beýleki sülgünleriňki ýaly bolmady, şoňa gynanýaryn – diýýär.

Onda tilki:

– Hä, beýleki sülgünler nähili ölýärler? – diýip soraýar.

---

[1] №696b F bukja. Ertekini 1936-njy ýylda Ahmet Ahundow ýazyp alypdyr.

– Beýleki sülgünleri tilki iýende, şol iýýän tilki iýmezinden öň, üç gezek «Haýwan, haýwan, haýwan» diýip gygyryp, soň iýýärdi. Emma sen meni iýeňde, hiç bir zat diýmän iýýärsiň, men şoňa gynanýaryn – diýip, sülgün jogap beren.

Onda tilki:

– Eý, sülgün dost, sen menden bu güne çenli närazy bolmandyň. Indi hem göwnüň galmasyn. Seniň geregiň gygyrmak bolsa, näçe diýseň gygyraýaryn – diýen.

Soňra tilki: «Haýwan, haýwan haýwan» diýip, gygyryberjek bolanda, sülgün tilkiniň agzyndan sypyp, uçup gidipdir.

Şunlukda, dostuna haýynlyk eden tilki agzyny öweldip galyberipdir.

## BETNEBIS DOŇUZ[1]

Gadym eýýamda, bir welaýatda bir maýmyn bar eken. Bu maýmyn uly bir jeňňellikde ýaşaýar eken. Ýaňky maýmynyň ýaşaýan ýerindäki agaçlaryň arasynda injir agajy-da bar eken. Maýmyn onuň miwelerden iýip, wagtyny hoşlap gezer eken.

Bir gün maýmyn öz-özüne maslahat salyp: «Men şu wagt bol iýýän weli, soňra gyş düşse, bu miweler maňa tapdyrmaz. Ýagşysy, şu wagt iş edinip, gyş azygyny ýygnaýyn» diýip ýörkä, munuň ýanyna bir doňuz gelip:

– Ýeri, maýmyn dost, şu tomsuň yssy gününde näme gargynyp ýörsüň? – diýipdir.

Onda maýmyn hem:

– Doňuz dost, «Tomus depesi gaýnamadygyň, gyş gazany gaýnamaz» diýip eşitmänmidiň? Men gyşyň gamyny edýärin – diýýär.

Onda doňuz:

– Seniň bagyň injirleri örän süýji diýip aýdýarlar, hiý, meni bir doýrup bilmezmisiň? – diýýär.

---

[1] №696b F bukja. Ertekini 1936-njy ýylda Ahmet Ahundow ýazyp alypdyr.

— Päheý, seni doýurmak näme! Sen şu agajyň aşagynda dur. Men üstüne çykyp, injir kakaýyn − diýip, maýmyn ýokaryk dyrmaşýar.

Maýmyn agajyň üstünde durup, injir kaksa, doňuz aşagynda durup, kakan injirlerini iýip ýetişýärmiş. Maýmyn bir agajy kakýar, doňuz doýmaýar, ikinji agajy kakýar, ýene doýmaýar.

Şonluk bilen, maýmyn doňza alty sany injir agajyny kakyp berenmiş. Emma doňuz şonda-da doýmandyr. Ahyrda maýmyn oňa garap:

− Heý, beýle-de bir myhman bolarmy, özüňden bilmediň-le! Sen-ä meniň bir ýyllyk azyklyk injirlerimi iýip gutardyň, indi bes et − diýipdir.

Agajyň aşagynda ýalmanyp duran doňuz bolsa, oňa garap:

− Hoşluk bilen kaksaň-a kakarsyň, ýogsamam zorlap kakdyryn − diýýär.

− Hoşluk bilen-ä kakmaryn, zorluk bilen kakdyrjak bolsaňam eliňden geleniňi aýama, zorluga ýol ýokdur − diýip, maýmyn agajyň depesine garşy dyrmaşyberipdir.

Doňuz hem «Hop, ýagşy, saňa görkezerin» diýip, agaja çykmaga başlapdyr. Doňuz şol çykyp barşyna agajyň orta gürpüne ýetipdir-de, dynç almak üçin, inçejik bir şahanyň üstünde oturypdyr. Bir salym dem-dynjyny alyp, ýene ýokary galyberende, agajyň şahasy döwlüp, gütüläp ýere gaçypdyr. Uly agajyň başyndan gaçan garny doly doňzuň ýere ýeten badyna tarka jany çykypdyr.

Maýmyn betnebis doňzuň düşen gününe gülüp, hezil edinipdir.

Şeýdip, doňuz özüniň betnebisligi bilen heläk bolupdyr.

## ÖKÜNEN GURBAGA[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, bir obanyň gapdalyndan içi suwly bir ýap akýar eken. Bu ýabyň içinde bir gurbaga, ol ýabyň daşynda bolsa bir syçan ýaşaýar eken. Ýaz aýlarynyň maýyljak bir güni gurbaga ýabyň gyrasyna çykyp: «Şu gün howa örän oňat, bir şatlanaýyn» diýip, sazyny gurup, owaz edip başlapdyr.

---

[1] №692 F bukja. Ertekini 1939-njy ýylda Kerim Osmanow ýazyp alypdyr.

Hälki syçan hem şol wagt hininiň daşynda güneşläp oturan eken. Ol bu gurbaganyň owazyny eşidip: «Bu nähili zatka, munuň özüni bir göreýin-le» diýip, gurbaga tarap ugrapdyr. Ol gurbaganyň bäri ýanyna baryp, şoňa tarap bakyp oturypdyr. Soň şol oturan ýerinden gurbaganyň owazynyň heňine başyny yralamaga başlapdyr.

Gurbaga muny görüp:

− Hää.., meniň owazym syçana ýaraýar eken. Men munuň bilen dost bolaýyn. Hemişe bile oturyp, aýdym-saz ederis − diýýär. Şeýlelikde, bular dost bolýarlar.

Aradan gün geçýär, aý geçýär. Şonluk bilen her gün öýlän wagty syçan hininden, gurbaga hem suwdan kellesini çykaryp, saz-söhbet edipdirler.

Bir gün syçan wagtyndan irräk hininden çykyp, suwuň gyrasyna gelip, gurbagany çagyrýar weli, gurbaga onuň sesini eşitmeýär. Syçan hinine girensoň, gurbaga suwdan başyny çykaryp, syçany çagyrýar. Syçan hem onuň sesini eşitmeýär. Ol gün olar hiç saz edip bilmeýärler.

Şol günüň ertesi bular ýene bir-birlerine duş gelýärler.

Syçan:

− Gurbaga dost, düýn saňa gygyryp, meniň lütüm çykdy. Sen hiç eşitmediň − diýýär.

Onda gurbaga:

− Be-ýe, şeýle diýsene, ýöne düýn men hem saňa köp gygyrdym weli, eşitmediň öýdýän. Gowusy, gel ikimiz bir zat edeli. Sen bir ýerden uzyn ýüp tap. Şol ýüpüň bir ujuny seniň aýagyňa, bir ujuny meniň aýagyma dakaly. Kim-kime gerek bolsa, şol ýüpden çeksin − diýýär.

Syçan:

− Meniň öýümde ýüpden köp zat ýok − diýip, hinine ylgaýar. Biraz wagtdan soň, syçan bir ýüp getirýär. Gurbaga hem ol ýüpüň bir ujuny öz aýagyna, beýleki ujuny bolsa syçanyň aýagyna dakýar.

Günleriň birinde syçan aç galyp, niýetini üýtgedýär. Ol gurbagany suwdan dartyp çykarýar-da, hinine tarap çekýär. Gurbaga syçanyň hinine sygmaýar. Syçan

bolsa ony sypdyrman, dartyp duranmyş. Gurbaga şol ýerde germe-satan bolup durka, ýagşy tanaman, syçany özüne dost tutanyna ökünipdir.

## ALDANAN MÖJEK[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym eýýamda bir aç möjek bar eken. Günleriň birinde bu aç möjek aw gözläp ýörkä, çölde bir guzujyga gabat gelipdir. Möjek bu guzyny iýmegiň kastyna düşüp:

− Eý, guzujyk, men ýaş haýwanlary iýmerin diýip, şert edipdim ýöne weli, üç günden bäri goluma aw düşenok, halys aç ölüp barýan. Onsoňam, guzynyň eti gaty süýji bolýarmyş diýýärler. Oňa görä indi seni iýmesem boljak däl − diýýär.

Guzujyk:

− Aýby ýok, möjek aga, iýseň iýäý! Saňa: «Guzy eti süýji bolýar» diýip aýdanlarynyňam jany bardyr. Ýöne meniň etimi duz bilen burça garyp iýseň, has hem tagamly bolar. Ýogsam, entek agzymdan süýt ysy gitmänsoň, etim şeýle bir tagamly bolmazmyka diýip gorkýan − diýýär.

Onda möjek:

− Seniň şu aýdan sözüňi ozalam eşidipdim. Beýle bolsa ýör, gideli, öýüňizden burç bilen duz alyp çyk. Onsoň etiňe seper-de iýäerin − diýen.

Guzujyk:

− Weý, möjek aga, bu diýýäniň-ä bolmaz.

− Hä, näme bolman?

− Nämesi şol, seň bilen bile barsam, burçam bolmaz, duzam, eýelerim men-ä tutakga daňarlar, senem ýa öldürerler, ýogsa-da ýenjerler.

− Be, onda nätsekkäk?

− Gowusy, sen şu ýerde garaşyp dur. Men derrew gider-de, burç bilen duz alar geläerin − diýip, guzujyk jogap beren.

Möjek:

---

[1] №91 F bukja. Ertekini Krasnowodsk raýonyndan (häzirki Türkmenbaşy etraby) Molla Annahojaýew ýazyp alypdyr.

− Ýöne çalt gidip, çalt gelgin. Men halys ajykdym. Özüňem aldaýmagyn − diýip, oňa rugsat beren.

Guzujyk hem:

− Heý, senem bir aldap bormy, möjek aga! Ine, derrew gidip-gelerin − diýip, bökjekläp giden.

Möjek bir salym garaşyp durýar. Emma guzudan derek bolmaýar, onuň şol gidişi-gidişi bolýar.

Möjek özüniň aldananyny bilip, başyny aşak salyp, ýene-de seňkildäp gidiberenmiş. Şol barşyna öňünden bir geçi çykanmyş.

Möjek geçä garap:

− Eý, geçi dost, men örän aç. Şonuň üçinem seni iýmeli boljak − diýen.

Onda geçi:

− Bolýar, möjek aga, iýseň, ine, men taýýar. Ýöne, görýän weli, sen örän gaty ajygypsyň. Bir meni iýeniň bilen doýmazmykaň diýýän − diýip, söze başlan.

Möjek:

− Doýmamda näme, öňkim ýala-ha bolman, seni bir iýeýin, soňunam soň görübererin-dä.

− Beýdip soňlaşyp ýörenden bir maslahat bar, möjek aga!

− Hä, o nähili malshat?

− Ana, hol depäniň aňyrsynda meniň iki sany owlagym otlap ýör. Men gidip, olaram alyp geleýin. Sen üçümizem iý-de, oňat bir doý. Iň soňam meni iýseň, çagajyklarym ýetim galar. Ondan hem saňa gowy, hemem bize.

Möjek:

− Hany, onda ýör, owlaklaryň ýanyna bile gideli − diýen.

Geçi:

− Ýok, möjek aga, bile barsak bolmaz. Eger-de ikimiz bile gitsek, owlaklarym seni görüp, zut gaçyp gider. Sen şu ýerde dur, men özüm gidip, olary derrew alyp geleýin − diýen.

Möjek geçiniňem bu aýdan sözüne ynanyp, ony goýberýär. Geçi bolsa depäniň üstünden aňry aşyp, gaçýar gidiberýär.

Soňra möjek geçä şunça garaşýar weli, geçiden hiç derek bolmaýar. Birnäçe wagtdan soň, möjek bu gezegem özüniň kemsiz aldananyny bilip, ýene seňkildäp gidiberýär. Şol gidip barşyna onuň öňünden bir goýun çykypdyr.

Möjek öz-özüne: «Şuny beri derrew iýeýin-le» diýip, goýnuň ýanyna barypdyr-da:

− Goýun dost, gaty görme, men seni iýmesem boljak däl − diýipdir.

Onda goýun:

− Eý, möjek aga, saňa gerek bolsam, men elmydama taýýar. Ýöne sen birazajyk howlukma. Meniň gitjek ýerim ýok, haçan iýeňde-de bolar. Gowusy, meniň bir gaty gyzykly oýnum bar. Sen meni iýmänkäň, saňa şol oýnumy öwredeýin. Başyňa bir iş düşende, onuň saňa-da haýry degäýmegi mümkin − diýipdir.

Möjek hem oňa güp ynanyp:

− Beýle bolsa, hany öwret, göreli − diýipdir.

Ondan soň, goýun «Muňa bökejek oýny diýerler» diýen bolup, aýaklaryny jübüt urup, duran ýerinde bir-iki gezek ýokaryk böken bolupdyr. Soňabaka barha uzagraga böküp, ahyram batly ylgap, gaçypdyr-da, basym gözden ýitipdir.

Möjek ilkibada goýnuň oýnuna tomaşa etse-de, soňra ol gözden ýitip gidensoň welin, ýene-de elin aldananyny bilip, içi ýanyp galypdyr.

Aç möjek aldananyny bilip, ýene-de ýoluny dowam etdiripdir. Şol gidip barşyna onuň öňünden bir at çykypdyr. Möjegem hasyr-husur atyň ýanyna baryp:

− Men seni iýjek! − diýip, oňa topulmakçy bolupdyr.

At hem:

− Duraweri, möjek aga! − diýipdir.

− O näme üçin durmalymyşym?

− Sebäbi möjekligiň çyn bolsa-ha meni iýip bilmersiň!

− O nähili beýle bolýar?

− Sebäp diýseň, mende möjekleriň patyşasyndan siziň hemmäňize buýruk haty bar. Ol hatda ähli möjeklere meni iýmekligiň gadagandygy ýazylgy.

Onda möjek:

– At, dogan, men-ä örän ajygypdyryn. Şol haty gözüm bilen göräýmesem, sözüňe-hä ynanjak däl. Gös-göni iýjek oturyberjek – diýen.

At hem:

– Weý, gel, gör, ol hat meniň artky aýagymyň toýnagynyň aşagyna berkidilgi dur ahyry – diýen.

Möjek hem «Hany» diýip, atyň artky aýaklaryna ýakyn barýar. At bolsa: «Bardyr, oňatja seret, möjek aga!» diýip, ony ýagşy çemine salýar-da, goşa toýnagy bilen möjegiň çat maňlaýyna bat bilen depip goýberýär. Möjegiň bada-bat gözi peträp çykýar.

Möjek şol çabalanyp ýatyşyna zarynlap, şeýle aýdym aýdanmyş:

Gördüň-ä bir guzy,
Etini iý-de, süňkün gazy,
Nämä gerekdi burç-duzy.
Eý, waý, gözüm, waý, gözüm,
Ylaýta-da çep gözüm!

Gördüň-ä bir geçi
Etini iý-de, süňkün gaçy,
Nämä gerekdi üçi.
Eý, waý, gözüm, waý, gözüm,
Ylaýta-da çep gözüm!

Gördüň-ä bir goýun,
Etin iý-de, bir doýun,
Nämä gerekdi oýun.
Eý, waý, gözüm, waý, gözüm,
Ylaýta-da çep gözüm!

Gördüň-ä bir at,
Etini iý-de, ýanynda ýat,

Mollamadyň, müftümidiň,
Nä janyňa gerek hat.
Eý, waý, gözüm, waý, gözüm,
Ylaýta-da çep gözüm!

## «OL MENIŇ PÄLIMDEN...»[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym zamanlarda bir möjek bar eken. Onuň birnäçe çagasy bolupdyr. Emma olaryň ýekejesinden özgesiniň ýa özi ölüpdir, ýa-da olary awçylar atyp öldüripdir.

Günleriň birinde möjek özüniň şol ýeke çagasyna:

− Ýör, balam, aw awlamaga gideli, heý bir toklujyk ýa-da guzujyk tapyp bilmezmikäk?! − diýipdir.

Onda çagasy:

− Aý, men şu ýerde galaýaýyn-la, gowusy, sen özüň gidip getiräýsene − diýipdir.

− Men niçezar saňa taýýar aw getirip berer öýdýäň. Basym senem öz başyňy çarap, özbaşdak aw awlamaly bolarsyň ahyry. Şoň üçinem meniň bilen bile gidip, aw etmegi öwrenmegiň gerek. Ýör, hany, gideli − diýip, möjek çagasyna düşündirip aýdypdyr.

Ine, onsoň, olar tirkeşip, dereden-derä seňkildeşip ugrapdyrlar. Barýarkalar öňlerinden bir belentlik çykypdyr. Olar şol beýigiň üstüne çykyp, aşak seredipdirler welin, hol aşakda akly-garaly goýun sürüsi agyp-dönüp, gezişip ýören eken. Goýunlaryň daşynda bolsa, iki sany daýaw köpek hem aýlanyp ýör diýýär.

Möjegiň çagasynyň gözi bulara düşüp:

− Eje, aý eje, ol aşakdakylar näme? − diýip sorapdyr.

Onda ene möjek:

[1] №383 F Ertekini 1936-njy ýylda Rejep Gulamdan Muhammet Ataşow ýazyp alypdyr.

– Balam, olara goýun diýerler, şol saňa getirip berýänlerim şolaryň etýagydyr – diýip, agzyny şapbyldadypdyr.

– Bä-ä, olar ne beýle köpelipdirler. Biz olary hernäçe iýsegem, azalmandyrlar-la. Seniň-ä çagaňy iýýänem ýok welin, näme üçin menden başga çagaň ýok? – diýip, möjek çagasy ýene sorag tapypdyr.

Möjek uludan bir demini alypdyr-da:

– Wah, balam, onuň sebäbi meniň pälimiň ýamanlygyndadyr. Biler bolsaň, meniň niýetim örän ýaramaz. Gözüm mydama kişiň zadynda, üstesine-de garnym doýsa-da, mydama gözüm aç. Şoňa görä-de meniň neslim köpelmeýär. Goýnuň bolsa päli pes, niýeti gowy, oňa görä-de ony hemmeler gowy görýär. Şoň üçinem biz oňa hernäçe zyýan bersegem, ullakan eden zadymyz bolmady, onuň tohumy dünýä ýaýrady – diýip, möjek gönüsinden gelenmiş.

## ÜÇ ÖKÜZ HEM BIR ÝOLBARS[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Gadym eýýamda bir daýhan bar eken. Onuň hem üç sany öküzçe gölesi bar eken. Olaryň biri gara, biri sary, ýene biri bolsa ala eken. Bu göleler ulalyp, üçüsi hem öküz çykyberen mahallary, günleriň birinde olar özara maslahat edip, şeýle karara gelenmişler:

– Eger biz mundan beýläk-de bu ýerde galsak, eýämiz biziň üçümizi hem goşa goşup, tä ölýänçäk ýer sürdürer. Geliň, gowusy, üçümizem tokaýa gaçyp gideliň. Ol ýerde biz dok hem dynç ýaşarys – diýipdirler-de, gijäniň garaňkysynda eýelerine bildirmän, gaçyp gidipdirler.

Şeýdip, bular bir tokaýa baryp, şol ýeri özlerine mesgen tutunypdyrlar. Ana, onsoň günleriň birinde bular tokaýda otlaşyp ýörkäler, olaryň üstüne on sany ýolbars çozupdyr. Ýolbarslaryň hyýaly öküzleri iýmek eken. Emma öküzleriň üçüsi hem arkalaryny bir beýik depä diräp, uzyn hem ýiti şahlaryny ýolbarslara tarap gezeşip duruberipdirler. Şunlukda, ýolbarslar bulara hiç zat edip bilmän, bialaç bolupdyrlar.

---

[1] №904 F bukja. Ertekini 1958-njy ýylda Şahan Teke ýazyp alypdyr.

Şol wagt ýolbarslaryň biri ýoldaşlaryna garap:

− Beýdişip, hemmämiz aç galyp durmalyň. Menden özgäňiz gidiň-de, başga aw awlaberiň. Şu üç öküziň hötdesinden bolsa meniň ýeke özüm geljek bolaýyn − diýipdir.

Şeýdip, dokuz ýolbars öz ugruna gidipdir. Ýaňky bolsa, gür otlugyň içinde bukulyp, gizlenip ýatyberipdir.

Öküzlerem arkaýynlaşyp, hersi öz peýwagtyna otlamaga başlapdyr. Şol otlap ýörşüne, birdenkä, ala öküz ýaňky ýolbarsyň üstünden barypdyr. Ol geňirgenip:

− Eý, ýolbars, sen bu taýda näme işläp ýörsüň? Näme üçin ýoldaşlaryňdan galdyň? − diýip sorapdyr.

Onda ol ýolbars:

− Öküz gardaş, biler bolsaň, meni ýoldaşlarym taşlap gitdiler. Olar: «Sen aw awlamany başaraňok, biziň bilen tirkeşmäňi goý» diýip, meni öz aralaryndan kowdular. Indi siz meni özüňize ýoldaş edinip alaýsaňyz diýýän. Siz-ä üç, meniň bilenem dört bolup, dogan ýaly ýaşabereliň diýýän men-ä − diýipdir.

Onda ala öküz:

− Hany, sen biraz garaş, men beýleki öküz doganlarymdan soraşyp göreýin. Olar näme diýerlerkä? Eger razylaşsalar, seni özümize dogan edinäeris − diýip, ol sary hem gara öküziň ýanyna barypdyr we ýolbarsyň diýýän zatlaryny maslahatlaşypdyr. Olaram pikirlenipdirler-de:

− Aý, näme eger, dogrudanam, doganymyz boljak bolsa, bizem razy − diýipdirler.

Şeýdip, öküzler ýolbarsy özlerine dogan saýyp geziberipdirler. Özlerem:

− Indi biziň ýolbars doganymyz bar, mundan beýläk bize hiç kim azar berip bilmez. Heý, ýolbars bilen dogan bolanam zatdan gorkarmy? − diýip, gaty arkaýyn bolup, islän ýerlerine gidip, otlap ýörüpdirler.

Günleriň birinde gara öküz, şeýle arkaýynlyga salyp, has uzagraga otlamaga gidipdir. Şol wagt ýolbars ala öküz bilen sary öküziň ýanyna baryp:

− Eý, doganlar, şu gara öküziň-ä päli azypdyr, görüň ony, otlamak bahanasy bilen, nirelere gidipdir. Näme, siziň ýanyňyzda otlasa oňa zat ýokmuşmy? Beterem

bar. Ýöne ol sizem, menem äsgerenok. Şoň üçinem ýeke saýlanan bolýar. Bu bolşuna ol hökman başymyza bir bela getirer. Iň gowusy, eger razy bolsaňyz, men şu gara öküziň çäresini göreýin, ýogsam, soňra ökünenimiziň peýdasy bolmaz − diýipdir.

Ala öküz bilen sary öküz hem:

− Dogrudanam, onuň päli azypdyr, heý, beýle-de bir uzaga gidip, doganlaryňy äsgermezlik etmek bolarmy diýsene! Bar, ýolbars dogan, onuň çäresini özüň gör! − diýipdirler.

Ýolbars baryp, sen-men ýok, dessine gara öküzi öldüripdir. Şeýdip, ol bir aýlap dagy gara öküziň etini iýip, hezil edip ýaşapdyr.

Soňra bir gün sary öküz ota gyzygyp, uzaga gidipdir welin, ýolbars derrew ala öküziň ýanyna baryp:

− Eý, ala öküz dogan, diýseň-diýmeseň, şu saryjamyzyňam-a bolşy düzüw däl. Bizi taşlap, onuň gezip ýören ýerlerine bir seret. Haý, şu biziň başymyza bir bela getiräýmäbilseýdir-ow. Görýän welin, muňam temmisini bermeli bolupdyr. Eger razy bolsaň, men-ä şoňam çäresini göräýjek − diýipdir.

Onda ala öküz:

− Bar, çäresini gör! − diýipdir.

Şeýdip, ýolbars sary öküzi hem iýipdir.

Ana, onsoň günleriň birinde ýolbars ala öküze garap:

− Eý, akmak ala öküz, gel bärik, häziriň özünde seniňem etiňi çişe düzübermeli edeýin. Inde gezek seňki − diýipdir.

Ala öküz geňirgenip:

− Eý, ýolbars, hany, sen biziň bilen dogan-dost bolup ýörmänmidiň näme? Bu näme diýdigiň boldy ahyry. Ýeri, öňküler-ä uzaga otlamaga gidip eden günäleri üçin jezalandyrypdyň. Sen meni näme üçin iýjek bolýarsyň, how! Men seniň ýanyňdan aýrylman otlap ýörün ahyry! − diýipdir.

Onda ýolbars:

− Eý, akmak diýsäni, heý, et iýýän ýyrtyjy bilenem ot iýýän haýwanyň dogan-dost bolanyny görüpmidiň?! Bu zatlar meniň özümiň siziň agzyňyzy alardyp, ýeke-

ýekeden iýjek bolup tapyp ýören toslamalarym. Ýogsam, üçiňiz bir bolaňyzda, biziň onymyza-da aldyrmadyňyz ahyry. Indi bolsa sen ýeke. Maňa edip biljek zadyň ýok − diýip, munam öldürip iýipdir.

## GAZ HEM DURNA[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, bir öwünjeň gaz bar eken. Bu gaz her bir guşuň ýanyna baranda: «Dünýäde meniň ýaly başarjaň haýwan barmykan!» diýip, öwner eken.

Bir gün şu gaz bir topar guşuň ortasynda oturyp, şolara garap:

− Hiç biriňiz mençe ýoksuňyz. Men uçaýyn diýsem, asmanda ganat ýaýyp uçup bilýän, ýüzeýin diýsem, uly deňiz, derýalarda, göm-gök köllerde suratymy suwa düşürip, bäý, ýüzüp bilýärin-ä, ýöräýin diýsem hem gury ýerde-de, çöllerde-de ýöräp bilýän − diýip, öwnüp otyrka, onuň ýanyna bir durna gelipdir.

Ol oňa:

− Eý, gaz dost, sen bu hünärlerine guwanyp, öwnüp oturma. Ol hünärleri başaryşyň ýöntem. Hemmesi birigip, emelli-başly ýeke hünäre degmez − diýipdir.

Gaz oňa:

− Hany, sen düşündir. Näme üçin beýle diýdiň?

− Howada laçyn ýaly uçup bilmeýäň. Suwda balyk ýaly ýüzüp bilmeýäň. Çölde keýik ýaly ýöräp bilmejegiňe hem gözümiz ýetýär. Şolaryň haýsy biriniň öňüne düşseň-de, seni derrew basjaklar. Onuň üçin özüňi öwüp ýörme. Şol hünärleriň birini bil, emma pugta bil, ýogsam bu bilşiňden saňa hiç hili peýda ýokdur − diýip, durna gazyň öwünmesini terk etdiren.

## GARYNJA WE KEPDERI[2]

[1] №696b F bukja. Ertekini 1936-njy ýylda Ahmet Ahundow ýazyp alypdyr.
[2] №872 F bukja. Ertekini Annamämmet Nepes ýazyp alypdyr.

Günleriň birinde bir garynja suw içjek bolup, ýabyň başyna barypdyr. Şol wagt bir tarapdan tüweleý gelip, suwy tolkundyryp, ýaňky garynjany suwa gaçyrypdyr.

Şol wagt asmanda uçup ýören bir kepderi garynjanyň bu ýagdaýyny görüp, oňa rehimi inip, kömek etmekçi bolupdyr. Şondan soň ol kepderi ýerden bir uzyn çöp alyp, ony garynjanyň ýanyna oklapdyr. Garynja bolsa, ol çöpe durmaşyp, suwdan çykypdyr we onuň eden kömegi üçin kepderä köp alkyş okapdyr.

Soň bir gün kepderi çöplük ýerde otyrka, bir mergen ony tüpeňlemäge çemeleşip duran eken. Hälki garynja bolsa, muny görüp, derrew ylgap barypdyr-da, mergeniň aýagyndan dişläpdir. Ýaňky mergen tisginip, kepderini atyp bilmän, tüpeňini başga tarapa myçyp goýberipdir. Kepderi bolsa pasyrdap uçup gidipdir. Şeýdip, garynja hem kepderini ölümden gutarypdyr.

## GURBAGA WE IÇÝAN[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, bir gurbaga bar eken. Gurbaga suwdan çykyp duran wagty, onuň ýanyna bir içýan gelipdir-de:

– Eý, gurbaga, gel, ikimiz dost bolaly – diýipdir.

Gurbaga oňa:

– Bolýar, bolsak bolaly. Men hem suwuň içinde gezip ýadadym. Belki, seniň bilen gury ýerlere gezmäge gideris – diýip aýdypdyr.

Soň bu ikisi tirkeşip barýarkalar, olaryň öňünden içi akar suwly bir ýap çykypdyr.

Şonda içýan:

– Gurbaga dost, indi sen meni şu ýapdan göterip geçirmeseň, men-ä geçip bilmen – diýipdir.

Onda gurbaga:

[1] №872 F bukja. Ertekini 1951-nji ýylda Mary raýonynyň (häzirki Mary etraby) 2-nji Gökje obasyndan Gurandurdy Esenow ýazyp alypdyr.

− Bolýar, dost, men seni arkama alar-da, ýabyň aňyrsyna geçiräerin − diýipdir.

Içýan gurbaganyň arkasyna münüpdir. Gurbaga hem suwa girip, ýabyň beýleki gyrasyna tarap ýüzüp ugrapdyr. Suwuň ortaragyna baranlarynda, içýan gurbaganyň arkasyndan jazyladyp çakypdyr. Awunan gurbaga bolsa, şol ýerde durupdyr-da:

− Ýeri, içýan dost, seniň bu näme etdigiň? − diýip sorapdyr.

Içýan:

− Şeýtmek meniň häsiýetim-dä, gurbaga dost − diýip, jogap beripdir.

Gurbaganyň muňa gahary gelip:

− Seniň häsiýetiň şeýle bolsa, bize hem beýle häsiýetli dost gerek däl − diýip, suwa çümüp gidipdir. Içýan bolsa suwa gark bolup, ölüp galypdyr.

## ÝOLBARS WE SYÇAN[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, öň zamanda  bir ýolbars bar eken. Ol ýolbars uklap ýatyrka, bir syçanjyk gelipdir-de, onuň bir eýlesine, bir beýlesine bökjekläp, ahyry ýolbarsy ukudan oýarypdyr. Muňa ýolbarsyň gaty gahary gelipdir. Ol bu syçanjygy tutup, öldürmekçi bolupdyr.

Şonda syçanjyk oňa:

− Eý, ýolbars aga! Sen meni öldürme, belki, bir wagt meniňem saňa kömegim deger − diýipdir. Syçanyň aýdan sözlerine ýolbarsyň gülküsi tutup:

− Aý, akmak syçan, heý, syçanyň hem ýolbarsa kömegi degermi, hany göreli, seniň nähili kömegiň degýärkä! − diýip, syçany öldürmän goýberipdir.

Soň bir gün adamlar hälki ýolbarsy tutup, ony ullakan bir agaja daňyp goýupdyrlar. Ýolbars arlap, hernäçe iki baka urunsa-da boşanyp bilmändir. Muny hälki syçanjyk görüp, ýolbars daňlan ýüpi dişi bilen kertip üzüpdir we ýolbarsy boşadypdyr.

---

[1] №872 F bukja. Ertekini 1951-nji ýylda Mary raýonynyň (häzirki Mary etraby)  2-nji Gökje obasyndan Gurandurdy Esenow ýazyp alypdyr.

Soň ýaňky syçanjyk ýolbarsa garap:

− Ýolbars aga! Men birwagt seniň eliňden gutuljak bolup: «Meni goýber, belki, bir wagt meniňem saňa kömegim deger» diýemde, sen meniň aýdanlaryma ynanman: «Heý, syçanyň hem ýolbarsa kömegi degermi?» diýip gülýärdiň. Ynha, indi syçanyň hem kömeginiň degjekdigini gördüňmi? − diýipdir.

## DÜÝE BILEN EŞEK[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Bir adamyň bir düýesi bilen bir eşegi bar eken. Ol adam düýesi we eşegi bilen ýük çeker eken. Bir sapar eşegiň ýüki agyrrak düşüpdir. Şonuň üçin eşek düýä ýalbaryp:

— Doganjan, bu sapar meniň ýüküm gaty agyr boldy, birazyragyny sen alyp göteräýseň! — diýipdir.

Düýe:

— Men öz ýükümi näme etjegimi bilemok, seniň ýüküňi nähili götereýin? — diýen.

Şeýlelik bilen, bular birazajyk ýol ýöränlerinden soň, eşek ýüküni göterip bilmän, ýykylyp ölüpdir. Şondan soň, düýekeş ölen eşegiň ýüküni hem, onuň hamyny, içirgisini — barjasyny-da düýäniň üstüne ýükläpdir. Onsaň agyr ýük astynda galan düýe:

— Wah, arman, eşegiň sözüne gulak salyp, onuň bir bölek ýüküni göterşen bolsam, beýle agyr ýüküň aşagynda galmazdym, görgüli eşek hem ölmezdi — diýip, özüniň eden ýalňyşyna ökünipdir.

Her bir işiň öňünden pikirini etmeli, soňundan ökünениň peýdasy ýok.

## GOTUR TILKI[2]

[1] №872 F bukja. Ertekini 1951-nji ýylda Mary raýonynyň (häzirki Mary etraby) 2-nji Gökje obasyndan Gurandurdy Esenow ýazyp alypdyr.

[2] №692 F bukja. Ertekini 1939-njy ýylda Kerim Osmanow ýazyp alypdyr.

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym eýýamda kellesi kel, gözi kör, endamy gotur bir tilki bar eken. Bu tilki bir gün köne ýurtlaryň ojaklarynynyň külüni dörüp ýörkä, bir gara köpük  tapýar. Ýaňky tilki şol tapan gara köpügini gözüne sürtüpdir welin, gözi gutulypdyr, endamyna sürtüpdir welin, endamynyň gotury aýrylypdyr, kellesine sürtüpdir welin, kellesi kellikden gutulypdyr. Onsoň ýaňky tilki küle agynapdyr, täze geýimli bolupdyr, hine aýagyny sokupdyr, aýagy ädikli bolupdyr, ýapdan böküpdir, atly-ýaragly bolupdyr, depä çykanda hem han bolupdyr.

Ýaňky tilkijik ýol ýöräp barýarka, bir tanyş tilkä duşupdyr. Ol tilki mundan:

− Ýeri, goturja tilki, bu zatlary nireden tapdyň? − diýip sorapdyr. Ol bolsa şeýle diýipdir:

Bir köpük tapdym,
Gözüme çaldym.
Açyldy gözüm,
Sagaldym özüm.
Aýagymy hine sokdum,
Ädikli boldum.
Bir ýapdan bökdüm,
Atly-ýaragly boldum.
Depä çykamsoň,
Hanlyga ýetdim.

Ondan soň beýleki tilki hem köpük gözlemäge başlan. Ol hiç ýerden köpük tapyp bilmän, ahyrda şol köpüklije tilkiniň köpügini ogurlap alypdyr. Ol bu köpügi endamyna sürtüpdir, gotur bolupdyr, aýagyny hine sokanda, ýylan çakypdyr, ýapdan bökende hem aýagy döwlüpdir, iň ahyrda ol agsajyk aýakly, körje bolup, öz hinine zordan baryp ýetipdir.

## MESIRGÄN EŞEK[1]

[1] №112 F bukja. Ertekini 1929-nji ýylda Hojaly Atanyýaz ogly ýazyp alypdyr.

Bir bar eken, bir ýok eken, bir wagtlar bir eşek bilen bir gulan bar eken. Ol ikisi dost bolupdyrlar. Olaryň ýakyn ýanlarynda bir adamyň çarbagy bar eken. Eşek bilen gulan ikisi şol çarbaga otlamaga gidipdirler. Bular ol baga baryp, säher çagynda doýup, şady-horram bolup ýör ekenler. Garny otdan doýan eşek gulana garap:

‒ Eý, gulan dost, gel ikimiz bir saz edeli ‒ diýipdir. Onda gulan:

‒ Päheý, eşek dost, seniňem bir sazyň bolarmy, öň bir wagtda bir topar ogry eýesi ýokka, baga baryp, ogurlyk etjek bolanlarynda, olaryň sesine baýyň iti üýrüp, ogrulary tutupdyr. Şonuň ýaly, sen aňňyran bolarsyň welin, bagyň eýesi duýup, ikimizi hem daňar — diýipdir. Emma eşek gök otdan doýup, mesligine çydap bilmän aňňyrmaga başlapdyr welin, şol pursatda bagyň eýesi çykyp, bularyň töweregine aýlanyp, boýunlaryna tanap atyp, ikisini hem daňyp goýupdyr.

## DIL ‒ BELA, DIŞ GALA[1]

Barlar bar eken, ýoklar ýok eken, çöl ýerde bir syçanjyk bar eken. Bu syçanjyk köp wagtdan bäri hiç bir pişik garasyny görmän, çöl ýerde han özi, soltan özi bolup, özünden ejizje haýwanlary urup-ýenjip, horlap ýören eken. Ýaňky syçan dura-bara semräp, mes bolup öz-özüne:

‒ Indi men pişik bilen dawa salsam-da, ýeňilmesem gerek — diýip, garşy-garşy aýdýar eken. Ol syçan bir gün salkyn düşen wagty hininiň agzyna çykyp:

‒ Haý, bu çolaja ýerde pişik awlap gezsemdim — diýip, gara görmän, mes bolup, kükräp otyrka, gumda gezip ýören bir ýabany pişik munuň sesini eşidip, diňläp ýatyr eken.

Bu syçanjyk:

‒ Alla, meniň pişik bilen bir oýun salyşmak höwesim bardy-ow. Wah, arman, pişik görünmedi ‒ diýip, heniz sözüni soňlap-soňlamanka, hälki pişik ýeňsesinden gelip, syçanyň bilinden tutup, gysmaga başlaýar. Syçanjygyň gözi hanasyndan

[1] №696b F bukja. Ertekini 1936-njy ýylda Ahmet Ahundow ýazyp alypdyr.

çykyp barýar. Şol wagtda ol syçanjyk zordan yzyna gaňrylyp, pişigiň ýüzüne seredip:

Eý hanym-a, eý hanym,
Ýuwaş gys, çykdy janym.
Çola ýer diýip aýdypdym,
Sen ýokmukaň öýdüpdim

diýip, zarynlap başlapdyr. Emma ol sözler pişigiň gulagyna hem ilmändir. Pişik on iki üzüp, bir ýalmapdyr.

## SOPY BOLAN PIŞIK[1]

Günleriň bir gününde hemme syçanlar ýygnanyp:

− Biz hinden çykman ýatsak, pişikler ajyndan öler, ondan soň hinden çykyp, arkaýyn ýaşarys − diýşip, maslahat edýärler. Şondan soň bu syçanlar birnäçe wagtlap hinlerinden çykman ýatýarlar.

Bir gün bir pişik ullakan bir depäniň üstüne çykyp:

− Syçan gardaşlar, indi men toba etdim, size degmezlige ant içýärin, özüm-de haja gitjek! Indi hinden çykyň, hoşlaşalyň! − diýýär.

Syçanlar pişigiň sözüne ynanyp, bir-birden hinden çykmaga başlaýarlar.

Pişik hem eline tesbisini alyp, aşak bakyp oturýar. Biraz wagt geçensoň, pişik täret kylyp gelip:

− Geliň, namaz okalyň − diýip, syçanlary çagyrýar:

Syçanlar täret kylyp gelýärler. Pişik bulara ymam bolýar. Syçanlar bu ymamyň hilesine aldanyp, namaz okamaga başlaýarlar. Syçanlar öň hatara durup görmändirler. Oňa görä-de pişigiň yzyndan deň hatara durmagy oňarmaýarlar.

Pişik olara garap:

− Siz häzir hatara durup biljek däl, öwrenýänçäňiz, sizi ýüpe düzüp goýmaly boljak − diýýär.

---

[1] №696b F bukja. Ertekini 1936-njy ýylda Ahmet Ahundow ýazyp alypdyr.

Syçanlar hem:

– Bolýar – diýip, razy bolýarlar.

Pişik syçanlaryň baryny bir ýüpe düzüp, özi olaryň öňünde ymam bolup:

– Allahu ekber – diýip egilýär, şonda syçanlar hem munuň bilen eglip, maňlaýlaryny ýere goýýarlar. Şol wagtda pişik syçanlary bir ujundan tutup, iýmäge başlaýar.

Pişik ilki ýeke-ýekeden agzyna salyp ugran bolsa, soňabaka ikiden-üçden agzyna atyp başlaýar.

Şol wagtda heniz iýilmän galan gulagy gabaja bir syçanjyk:

Pişim-pişim pişledi,
Pişim peşin taşlady,
Ozal birden gapýardy,
Indi jüpläp başlady

diýýär-de, pişige garap:

– Pişik aga, hany sopy boldum, toba etdim, haja gitjek diýýärdiň-le?! – diýýär.

Onda pişik gülümjiräp:

– «Sopy sogan iýmez, tapsa gabygyny goýmaz» diýip eşitmänmidiň? – diýip, ony hem lak-luk atypdyr.

## BÄŞ DOSTUŇ BIR DUŞMANY[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, bir eşek bar eken. Bir wagtlar ol eşek otlap semremäge meýdana gidipdir. Ol barýarka, öňünden bir alaja geçi çykypdyr. Ol geçi eşekden:

– Nirä barýarsyň? – diýip sorapdyr.

Eşek:

– Semremäge barýaryn – diýip jogap beripdir.

[1] №872 F bukja. Ertekini 1951-nji ýylda Mary raýonynyň (häzirki Mary etraby) 2-nji Gökje obasyndan Gurandurdy Esenow ýazyp alypdyr.

Onda geçi:

− Menem äkitsene − diýipdir.

− Ýör, gitseň − diýip, eşek jogap beripdir.

Şeýlelikde, bu ikisi bile gidiberipdirler. Olaryň öňünden bir horaz, bir tomzak we bir düşdüş çykypdyr. Bular hem bile gitmekçi bolupdyrlar. Eşek olaryň goşulanyna garşy bolman, bulary hem özi bilen alyp gidipdir.

Olar bäş tirkeşik bolup barýarkalar, öňlerinden bir möjek çykypdyr. Möjek bulary görüpdir-de, ylgap ýanlaryna gelip:

− Men siziň haýsyňyzy iýeýin? − diýipdir.

Onda eşek:

− Biziň hiç birimiz hem häzir iýere ýaramaýarys. Biz häzir arryk. Özümizem otlamaga barýarys. Otlap, semräp geleli, ondan soň birimizi iýseň hem seni doýrarys − diýipdir.

Möjek eşegiň gepine ynanyp, olaryň hiç birine hem azar bermän öz ugruna − başga bir tarapa gidipdir.

Bular tirkeşip gidip barýarkalar, bir otluk ýer tapypdyrlar. Şol ýerde uzak wagtlap otlap semräpdirler. Semränlerinden soň, düşdüş tomzak ýaly, tomzak horaz ýaly, horaz geçi ýaly, geçi eşek ýaly, eşek hem ýaby ýaly bolupdyr. Soňra yzlaryna gaýdypdyrlar.

Ýola çykanlaryndan soň, eşek birden aňňyranyny duýman galypdyr. Eşegiň sesini eşidip, hälki möjek ylgap gelipdir-de:

− Siziň haýsyňyzy iýeýin? − diýipdir.

Onda eşek:

− Meni iýäý. Ýöne weli meniň art aýagymdan iýip başla − diýipdir.

Möjek eşegiň art aýagynyň arasyna kellesini sokup, iýjek bolupdyr weli, eşek şol wagt möjegiň kellesini aýaklarynyň arasyna alyp, ony gysmaga başlapdyr. Edil şol mahal hem horaz ganatlaryna kakyp gygyrypdyr, geçi möjegiň ýeňsesinden süsüpdir, tomzak ýer gazypdyr, düşdüş bolsa kerep örmäge başlapdyr.

Möjek öler ýaly horlanyp, zordan diýen ýaly eşegiň aýaklarynyň arasyndan kellesini sypdyryp, zut gaçyp gidipdir. Ol şol gidişine bir topar möjegiň arasyna barypdyr. Möjekler onuň gaçyp gelmeginiň sebäbini sorapdyrlar.

Onda ol möjek:

− Ýapynyň aňyrsynda bir topar bela bar eken. Olaryň birini iýäýjek boldum weli, bir ak çäkmenli bela aýagy bilen gysdy, bir ala çäkmenli bela şahy bilen süsdi, bir gyzyl çäkmenli bela depä çykyp, töweregine gygyrdy, bir gara çäkmenli bela gabrymy gazmaga başlady, başga bir kiçijik çalja çäkmenli bolsa kepenlik dokamaga başlady. Doganlar, hiý, ýöne goýaýyň, zordan sypandyryn. Eger şunça sypmadyk bolsam, gysyp öldürip, kepene dolap, hezil edip gömjekdiler. O belalar bu ýerik gelmänkä, turuň, bu ýerden gaçalyň! − diýipdir. Muny eşiden beýleki möjekler hem ol ýerden gaçyp gidipdirler.

Eşek, geçi, horaz, tomzak we düşdüş möjekleriň gaçyp giden ýerlerinde mekan tutup, arkaýyn ýaşamaga başlapdyrlar.

## KIM NÄMEDEN GORKDY?![1]

Bir bar eken, bir ýok eken, bir öýüň toklujygy, horazy, pişijegi ellerine sebetlerini alyp, tokaýa miwe ýygmaga gidenler. Bular tokaýdan miwe ýygyp, sebetlerini dolduryp, öýlerine gaýdanlar. Iň öňde tokly, yzynda horaz, iň yzyndan pişijek gelýän eken. Olaryň barýan ýolunyň gyrasynda gür alma agaçlygy bar eken. Bir agajyň aşagynda bolsa bir towşanjyk ýatan eken. Şol wagt şemal turup, agajy yrgyldadypdyr. Bir alma agaçdan gaçyp, edil towşanyň maňlaýyna degipdir. Towşanjyk bolsa, oýaly-ukuly halda ýatan ýerinden turup, toklynyň deňinden atylyp geçipdir. Tokly hem gorkusyna sebedini taşlap gaçypdyr. Baryp bir agajyň düýbünde bukulypdyr.

Towşan şol gaçyp barşyna horazyň hem deňinden dazlap geçipdir. Horaz hem gorkusyna sebedini taşlap, gaçyp baryp, bir ýerde bukulypdyr.

[1] №872 F bukja. Ertekini Annamämmet Nepes ýazyp alypdyr.

Towşan gorkup, gaty ylgap barýar eken. Şol barşyna pişijegiň hem deňinden geçýär welin, pişijek gygyryp, sebedini taşlap, gaçyp baryp, bu hem bukulypdyr. Bular biraz salymdan howp sowlandyr diýip, bukulan ýerlerinden çykypdyrlar.

Tokly aýdypdyr:

− Aman-sag möjekden gutuldym.

Horaz:

− Şagaldan gutulanyma şatlanýaryn. Eger meni tutan bolsa lak-luk atardy − diýen.

Pişijek hem:

− Gör, men nahili bagtly. Ýolbarsdan zordan gutuldym − diýen.

Towşan bolsa şol gaçyşyna bir gür jeňňelige ýetip, ýapraklaryň aşagynda gizlenip, özüni bilmän, köp ýatypdyr. Birnäçe wagtdan soň, özüne gelip:

− Eger meni tutaýan bolsalar, işimi görerdiler. Derimi soýup, duz bererdiler. Duşmanlardan ujyz gutuldym − diýen.

## PILDEN AR ALNYŞY[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, uly tokaýy eýeläp ýören bir mes pil bar eken. Ol bir gün omzuny gaşamak üçin bir agaja oýkanýar weli, ýokarsyndan naýynjar ses eşidilýär. Agajyň üstünde özüne höwürtge edinen bir gumry:

− Pil dost, bu agaçda biziň öýümiz bar, onuň içinde hem ýumurtgalarym we çagajyklarym bar. Tokaýda agaç gyt däl, sen başgasyna oýkansaň bolmaýarmy! − diýip, pile ýalbarýar.

Pil bolsa ýüzüni ýokary galdyrýar-da, oňa jort atyp:

− Tokaýyň eýesi men. Siz höwürtgäňizi arkaňyza alyň-da, başga ýere ötägidiň − diýip, omzy gijese-gijemese-de, häli-şindi gelip, oýkanyp, gumrynyň ýumurtgasyny döwýär. Gumry pahyr ýumurtgasynyň ýere gaçyp döwlenini görüp, aglap-eňräp, garga dostunyň ýanyna baryp, arzyny aýdýar:

− Heý, bu pilden dynmagyň alajy bolmazmy? − diýip, ondan kömek soraýar.

[1] №951b bukja.

Garga hem onuň ýumurtgasynyň döwlenine gynanyp:

− Meniň özümiň-ä muňa edip biljek alajym ýok, sebäbi pil bir äpet peläket, ýöne weli meniň bir gaty akylly ary dostum bar, hany şonuň ýanyna baryp bir maslahat soraly − diýip, ikisi tirkeşip, arynyň ýanyna gidenler.

Ary bulary görüp:

− Geleweriň, oturaweriň, ýeri näme habaryňyz bar? − diýip soran.

Bular işiň bolşuny birin-birin ara gürrüň edip beripdirler. Ary bu işe gaty gynanyp:

− Meniň-ä pil bilen edip biljek oýnum ýok weli, ýöne meniň gaty akylly bir gurbaga dostum bar, hany ýörüň, şonuň ýanyna bir baralyň − diýip, üç tirkeşik bolup, gurbaganyň ýanyna barypdyrlar.

Gurbaga bulary gadyrly garşylap, habarlaryny alypdyr.

Bular bolşy ýaly edip gurbaga hem gumrynyň ýagdaýyny gürrüň edip beripdirler.

Gurbaga:

− Aý, işiňiz şol bolsa, onuň bir alajy tapylar. Hany, ary dost, sen derrew baryp, piliň gulagyna hoş owazly wyzzyldyňy et, pil seniň sazyňa gyzygyp, gözüni süzer weli, şol wagtda hem garga baryp, piliň gözüni çokup kör eder, ol pil kör bolandan soň, hiç zady görmez. Soňam ol suwsar-da, suw gözläp eýläk-beýläk çyrpynar, edil şol wagt men baryp, warryklap gygyryn. Piliň bolsa: «Gurbaga bolan ýerde suw bardyr» diýip, göwnüne geler, şeýlelikde, meniň sesimiň yzyna düşüp ugrar. Men muny bir çuň gorpa ýykaryn, şol guýudan çykyp bilmänem ol ölüp galar − diýip, maslahat edip, piliň ýanyna barypdyrlar.

Ozaly bilen ary baryp, wyzzyldap, piliň gulagynyň ýanynda saz edipdir, piliň oňa keýpi gelip, gözüni süzüpdir. Şol pursatda garga munuň gözüni çokup, kör edipdir.

Bir wagtdan soň, piliň suw içesi gelip, iki ýana çyrpynyp ugrapdyr. Hiç ugur tapmandyr. Onýança bir tarapdan gurbaga warryklapdyr weli, piliň göwnüne: «Şu ýerde suw bardyr» diýen pikir gelipdir-de, ýaňky gurbagynyň sesiniň yzyna

düşüberipdir. Gurbaga şol warryklap barşyna bir gorpuň gyrasynda saklanypdyr. Pil hem onuň yzy bilen baryp, guýa ýykylyp gidipdir.

Şunlyk bilen, dostlar birleşip, ejize ganym bolan mes pilden dynypdyrlar.

## UÇMAGY HÖWES EDEN GURBAGA[1]

Gadym eýýamda, bir duruja köl bar eken. Bu kölüň kenarynda birnäçe gurbaga saz-söhbet edip gezer ekenler. Bulardan başga bir topar ördek hem häli-şindi şu köle gelip, wagtyhoşluk eder ekenler.

Hälki gurbagalardan biri şu ördekler uçup gelende, hemişe şolara seredip, olaryň uçuşlaryna höwes edýär eken. Şoňa görä-de bu gurbaga beýleki gurbagalaryň saz-söhbetine hem goşulman, bar küýüni şolaryň uçuşlaryna berip oturar eken. Bu gurbaga: «Wah, bir uçsadym» diýip, öz-özi arman çeker eken. Ol köp wagt iýmekden-iýmekden hem galyp, horlanyp, arryklamaga başlan.

Başga gurbagalar ondan:

– Näme üçin sen biziň saz-söhbetimize goşulmaýarsyň, hiç bir zat iýip-içmeýärsiň, saňa näme bolýar? – diýip soranlar.

Ol:

– Siziň saz-söhbet ýadyňyza düşýär. Meniň başga gaýgym bar. Men ördekleriň uçuşyna höwes edip, şolardan uçmagy öwrenjek bolýaryn. Emma hernäçe uçjak bolup bükülýän-ýazylýan weli, asyl ýerden galyp bilmeýän. Men tä uçup, giň meýdanlary görýänçäm, ne siziň sazyňyza, ne-de söhbetiňize goşulmaryn – diýen.

Onda beýleki gurbagalar:

– How, dost, bu pikiriňden el göter. Sen nämeleri hyýal edýärsiň! Saňa gurbaga diýerler. Senden hem uçan bolarmy? Sen ördeklere öýkünjek bolup ýörme, bir garganyň gaza öýkünip, şonuň ýörüşini, ädim edişini etjek bolup, çatanyny aýranyny sen eşitmänmidiň? Sen hem şeýle bolaýma – diýenler.

---

[1] №112 F bukja. Ertekini 1929-njy ýylda Hojaly Atanyýaz ogly ýazyp alypdyr.

Ol gurbaga onda-da bularyň sözüne gulak asman:

− Men siziň ol aýdýan gargaňyz ýaly däldirin, hökman uçmak maksadyma ýeterin − diýen.

− How, sen ölseň-de uçup bilmersiň, biderek görgä galma − diýip, köp aýtsalar-da, ol ýoldaşlarynyň beren maslahatyna gulak asmandyr.

Soň bir gün şol topar gurbaganyň içinden biri ýaňky gurbagynyň ýanyna gelip:

− Men saňa bir emel öwredeýin − diýen.

− Wah, şeýtsene dogan, bir öwretsene − diýip, uçmagy höwes edip ýören gurbaga ýaňky gurbagynyň ýüzünden, gözünden öpmäge başlaýar.

Onsoň soňky gelen gurbaga:

− Sen baryp, şol ördekleriň birine, meni arkaňa alyp uç-da, maňa dünýäni bir görkez diýip ýalbar. Onuň saňa rehimi geler. Ördek diýilýän guş, örän rehimli guş bolýandyr. Seni arkasyna mündürer − diýen.

Ol gurbaga-da muny eşidip, ýoldaşynyň özüne beren maslahaty üçin oňa hoşallyk bildirip, ýola düşen. Az ýöräp, köp ýöräp, iň ahyrda ýaňky ördekleriň ýanlaryna golaý baran.

Ol ördekler bu moýmuldap gelýän gurbagany görüp aňk-taňk bolanlar. Gurbaga ördekleriň ýanyna baryp:

− Jan doganlar, dostlar, meni hem özüňize ýoldaş edinseňiz-le − diýip, ýalbarmaga başlan.

Ördekler onuň ýalbaryp, özelenip durşuna dözmän, ony özleriniň arasyna goýberenler.

Bir gün bu gurbaga öz islegini bir ördege aýdypdyr-da, soňam:

− Meni bir asmana çykar, men dünýäni bir seýil edeýin − diýip ýalbaran.

Ol ördek hem gurbaganyň sözüni kabul eden. Ördek gurbagany arkasyna mündürip, uçmaga häzirlenip durka, gurbaga garap:

− Men kyn görmän, seniň ýumşuňy ýerine ýetirjek weli, sen ýokary galanymyzdan soň, meniň ýeleklerimden örän berk ýapyşgyn, bolmasa ýykylarsyň. Eger bardy-geldi ýykylaýsaň çigidiň çaşar, bilgin şony − diýip, örän berk tabşyran.

Gurbaga:

− Ýok-la, ömür ýykylarynmy? Sen ýöne meni asmana çykarsaň bolýar − diýip, ýene-de şol bir heňine tutan.

Soňra ördek gurbagany arkasyna alyp, pasyrdap, ýokaryk uçan. Bular asmana ýagşy galansoň, gurbaga:

− Dat, ördek dost, başym aýlanyp, ýüregim bulanýar − diýip, gygyrmaga başlan.

Ördek arkasyna seredip:

− Howlukma, gurbaga dost, azajyk gaýrat et-de, berkiräk ýapyş, ine, gonýaryn − diýip, sözüni gutaryp-gutarmanka, gurbaga atan-satan bolup, ördegiň arkasyndan başaşak gaýdan.

## «TOZANY GAPAN EÝESI GELENDE GÖRERSIŇ...»[1]

Günleriň birinde, atalar döwründe, bir garry gurt bilen bir tilki dost bolupdyr. Bular aw-awlamaga hemişe bile gidýän ekenler.

Bir gün olar ertirden günorta çenli hiç bir awa duşmandyrlar. Günortan bir agajyň kölegesinde saýalap ýatypdyrlar.

Ilki ýatan wagtlarynda, howa örän yssy bolup, hiç bir tarapdan ýelem öwüsmeýär eken. Bular bir uklap-oýanýançalar, howa serginleşip, bir tarapdan ýuwaşraga-da şemal öwüsmäge başlapdyr.

Tilki ukusyndan oýanyp, ýokary galyp, gernip durka, bir ýerden ýakymly ys gelýänligini duýýar. Emma ol bu ysyň nireden gelýändigini bilmän, ýanynda hor çekip ýatan gurdy dürtüp turuzýar. Gurt turan badyna nämäniň ysydygyny aňyp, tilkä garap:

− Tilki jan, sen meni bir hoş habara turzan ýaly-la, ýagşy zadyň ysy gelýär-le − diýipdir.

− Hawa, ys-a ýagşy zadyň ysy welin, nirede kä?

[1] №1033F bukja. Erteki Mary raýonyndan (häzirki Mary etraby) ýazylyp alnypdyr.

– Onuň niredeligini bilmek isleseň, öňürti ýeliň nireden öwüsýändigini bil.

– Ýeliň nireden öwüsýänini bilmek aňsat-la, ýel şu öň ýanymyzdaky goşaja depäniň üstünden öwüsýär.

– Onuň ýaly bolsa, ys hem şol tarapdan gelýändir, ýör şoňa baka gideli — diýip, gurt tilkini yzyna tirkäp, alyp giden.

Şol baryşlaryna tilki:

– Ýeri, gurt aga, eger sen ys duýagan bolsaň, şu ys nämäniň ysy, bil-dä! — diýen.

– Meniň ys duýýanlygymy kim aýtdy?

– Biriniň aýtmagy nämä gerek, şunça ýaşap-da, şony hem biljek dälmi?

– Ol ys maňa tanyş ys-la, nämäniň ysydygyny sen bilýäňmi?

– Meniň burnuma bolmasa, yslanyp zaýa bolan köprüň ysy ýaly.

– Köpür diýeniň näme, heniz eşiden zadym däl-le?!

– Köpür – balygyň bir hili jynsydyr.

Onda möjek:

– Ol ys köprüň ysy däl, ol ys goýnuň guýrugynyň ysy – diýen.

Şonluk bilen, bular köp ýöräp, az ýöräp, ahyry şol ysyň gelýän ýerine ýetenler. Görseler bir goýnuň tutuş guýrugy ýatyr eken.

Bu guýrugyň töwereginde eýläk-beýläk giden adam yzy bar eken. Ilki bu yzlary tilki görüp, öz-özüne: «Bu guýruk ýönelige ýatan bir guýruk däl. Megeram bolsa, munuň bir belasy bardyr» diýip, gapana düşmekden gorkup, çekilibräk duran. Ondan soň tilki gurda garap:

– Egrem-bugram ýol ýatyr,
Töwerekde il otyr.
Bir belasy bolmasa
Munda guýruk nä ýatyr

diýen. Onuň jogabyna gurt:

– Bu guýruk bir jan guýruk,
Nesibäm, bolan guýruk.
Iýmeseň, gaýra çekil,

Maňa goýulan guýruk

diýipdir-de, özüni guýrugyň üstüne oklapdyr.

Gurduň agzy guýruga ýetip-ýetmänkä artky aýagy hem gurulgy gapana düşýär. Gurt:

− Waý, aýagym − diýip, gygyrmaga başlaýar.

Tilki bolsa haýdan-haý guýrugy iýmek bilen bolýar. Gurt hernäçe iki-baka urunsa-da, gapandan sypyp bilmän, kuwwatdan düşüp ýatýar we tilkiniň ýüzüne seredip:

− Tilki dost, birneme tozan edäýýäňmi? − diýýär.

Tilki hem guýrugy bir kemsiz iýip bolup, ýyljyraklap:

− Mundan tozan etdik bolmaz. Tozany gapan eýesi gelende görersiň, dost jan − diýip, turup gidiberýär.

## EŞEK BILEN ÖKÜZ[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanlarda bir daýhanyň iki sany öküzi hem bir eşegi bar eken. Bu daýhan her ýyl öküzleri bilen özüniň çöpli-çalamly gaty ýerini sürüp, bugaý, arpa, pagta we başga ekinler ekýär eken. Emma daýhanyň ýer sürýän wagtlary eşegini işletmäge eli degmäni üçin, eşek ýatagynda dynç alýar eken.

Günlerde bir gün eşek öküzleriň otuny özi iýmek üçin, olary bir hili ýol bilen aldamak isläpdir we agşam ýer sürüp, ýadap gelen öküzleriň ýanyna baryp:

− Armaweriň dostlarym, ýer sürmek bilen nädýärsiňiz? − diýen.

− Bar bolaweri, eşek dost, biz-ä şu günler ertirden agşama çenli ýer sürüp, gaty ýadaýarys. Ylaýta-da meniň garrylygymdanmy nämemi, agşam gelenimde, ot-iýmimi hem doly alyp bilmeýärin − diýip, garry öküz zeýrenen.

Onda eşek:

− Bilýärsiňmi, öküz dost, men saňa ýer sürmekden galmagyň tärini öwredeýin − diýen.

---

[1] №112 F bukja. Ertekini 1929-njy ýylda Hojaly Atanyýaz ogly ýazyp alypdyr.

Muny eşiden öküz begenjinden eşegiň ýanyna ýakynlaşyp, tizräk aýtmagyny islän.

Eşek:

− Ynha, eýäň öňüňe ot döker weli, ondan bir agyz hem datma, ertir hem ýeriňden galman, ýüzüňi sallap ýatan bol, eýäň bolsa: «Garry öküz-ä syrkawlapdyr-ow» diýip, seni ýer sürmekden galdyrar − diýen.

Garry öküz:

− Bolýar onda − diýip, eşegiň aýdyşy ýaly eden.

Daýhan ertir gelip görse, garry öküzi otuny iýmän ýüzüni sallap ýatyrmyş. Onda daýhan:

− «Ýaman ýerde gaý tutdy» diýen ýaly, sürümiň ortasynda bu öküziň syrkawlaýşyna seret! − diýip, zeýrenen we onuň öňündäki iýmedik otlaryny:

− Eşek han! Sen iýäý! − diýip, eşegiň öňüne oklan.

Eşek bolsa hiç zatdan habarsyz bolan bolup, garry öküziň otuny bütinleý iýen.

Daýhan «Ýeke öküz bilen ýer sürüp bolmaz» diýip, beýleki öküz bilen eşegi goşup, ýer sürmäge başlan. Eşek ilkibada bir azrak wagt öküziň aýagyna eýeren bolsa-da, soňabaka ýadap, halys ýaraman, yza galmaga başlaýar. Şeýle bolsa-da daýhan ýerini basym sürüp gutarjak bolup, eliniň ýetişdiginden eşegi saýgylap, ertirden agşama çenli ýer sürýär. Agşam eşegiň halys sütüni süýnüp, ýatagyna gelýär.

Ýatakda galan öküz eşekden:

− Ýeri eşek dost, armaweri, neneň, ýer sürmek kyn ekenmi? − diýip soran. Eşek syr bildirmejek bolup:

− Bar bol, ýer sürmeg-ä kyn däl welin, gürrüň seniň üstüňde gidýär − diýen.

Öküz eşegiň sözüne haýran galyp:

− O nähili gürrüň? − diýen.

− «Garry öküzi öldüräýmesek boljak däl, ol syrkawlap, işe hem ýaranok» diýip, daýhan gürrüň edýär − diýen.

Muny eşiden öküz gorkusyndan:

− Onda näme edeýin, eşek dost?! − diýip soran.

Eşek:

− Sen ondan gorkma, öňkiň ýaly eýäň beren otlaryny iý, üstesinede ertir ýanyňa gelende, mesirgäp, bökjeklän boluber − diýen.

Garry öküz ýene-de eşegiň aýdyşy ýaly, eýesiniň beren otuny iýen we ertir eýesi gelende, oýana-buýana bökjeklän.

Daýhan muny görüp:

− Garry öküzä gutulypdyr-ow! − diýip, ýene-de öküzleri bilen ýer sürmek işini dowam etdiren.

Şunluk bilen, eşek hem ýer sürüp, taýak iýmeden dynan.

## PIŞIK, GEÇI WE GOÝUN[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, bir garry kempiriň pişigi, geçisi we bir goýny bar eken. Olar örän agzybir ýaşaýar ekenler. Bir gysym bedejikleri bolsa-da paýlaşar ekenler. Emma biri urulmaly bolsa diňe pişik ular eken, çünki ol ogry we bir ýerde betlik bolsa gyrasynda eken.

Bir gün geçi bilen goýun dynç alyp, özara gürrüň edişip oturan ekenler. Şol wagt bir ýerden pişik gelip, zaryn-zaryn aglapdyr. Geçi bilen goýun ondan:

— Pişik, aý pişik, sen näme üçin aglaýarsyň? — diýip sorapdyrlar.

Onda pişik:

— Näme üçin aglamaýyn? Kempir meni öldir ýaly urdy, gulagymy towlady, aýagymy agyrtdy hem-de meni öldürmekçi boldy — diýen.

Geçi bilen goýun ondan:

— Beýle derde duçar bolar ýaly nähili günä etdiň? — diýip sorapdyrlar.

Pişik bulara:

— Bilmän, atanlykda gaýmagyny ýalaýdym — diýipdir. Ertesi ýene-de şonuň ýaly aglap gelipdir.

[1] №872 F bukja. Ertekini 1951-nji ýylda Mary raýonynyň (häzirki Mary etraby) 2-nji Gökje obasyndan Gurandurdy Esenow ýazyp alypdyr.

Geçi bilen goýun:

— Pişik, ak pişik, ýene näme üçin aglaýarsyň? — diýipdirler.

Onda pişik:

— Näme üçin aglamaýyn, şol gaýmagy iýenim üçin, kempir meni ýene urdy. Özi bolsa: «Ynha, giýewim geler, menden gaýmak sorar, şonda men näme bererin? Geçi bilen goýny öldüräýmesem bolmaz» diýdi.

Şonda geçi bilen goýun gaty mäleşipdirler-de:

— Ah, akmak pişik, seniň kelläň işlänok, Seni öldürseňem azdyr. Näme üçin bizi-de ölüme duçar etdiň? Seni ýene-de ýençmek gerek, bolýa-da, birinji gezek bolany üçin bagyşlaýaly — diýipdirler. Onsoň bular pikirlene-pikirlene ahyrynda:

— Üçimiz hem birlikde gaçalyň — diýişipdirler.

Şeýlelikde, üçüsi-de gaçyp gidipdir. Şol barmana bir ýerde durupdyrlar.

Şonda pişik:

— Jan doganlar, men indi mundan aňry gidip biljek däl. Gaty ýadadym. Ölüp barýaryn — diýipdir.

Geçi pişigi arkasyna mündürip, ýene-de ylgaşyp gidipdirler. Gije diýmän, gündiz diýmän halys ýadaýançalar gaçypdyrlar. Ahyrynda dynç almal üçin bir ýerde gonupdyrlar. Güýzüň sowuk gijesi eken. Ot ýakynmasalar, üşäp barýarlar diýýär. Ony-da nädip ýakjaklaryny bilmändirler.

Pişik:

— Duruň, men gury çybyklary ýygnaşdyryp, geçiň şahyna ildirişdireýin. Onsoň goýun ikiňiz süsüşiň, şonda şahyňyzdan ot çykar-da, gury oduna ot düşer welin, bolar duruberer — diýipdir.

Pişigiň aýdyşy ýaly, bular süsüşipdirler welin, ýaňky gury çybyklara ot düşüpdir. Onsoň pişik bir petde ýandak getirip otlapdyr. Bular oda çoýunup otyrkalar, garaşylmadyk bir myhman aýy gelipdir.

Olar aýydan:

— Nireden gelýärsiziň? — diýip sorapdyrlar.

Onda aýy olara:

— Bal ogurlamak üçin, bal saklanýan jaýa bardym welin, bir topar adam oturan ekeni. Olar bilen uruşdym. Uruşdym-da gaçdym. Tasdan meni tutupdylar — diýipdir.

Onda bular:

— Gel, aýy dost, biz bilen boluber — diýipdirler. Ol hem razy bolupdyr. Soň bular dört bolup ýatmakçy bolupdyrlar, aýy küde ýandagyň aşagynda, pişik küdäniň üstünde, geçi bilen goýun oduň başynda ýygrylyşyp gyşarypdyrlar.

Gijäniň bir wagty eken. Pişik seredip görse, ýedi sany möjek dogry küdäniň ýanyna gelýärler diýýär.

Möjekleriň biri:

— Baý-baý! Bu ýerde kimler ýaşaýarka? Geliň, urşalyň, kim güýçlükä? — diýen.

Muny eşidip, geçi bilen goýnuň ýüzi gorkularyna ak tam bolanmyş.

Onýança pişik möjeklere garap:

— Möjekler, biziň ulymyzyň gahary geläýmesin. Eger onuň gahary geläýse, her bölegiňizi bir tike eder. Onuň sakgalyny görmeýärmisiňiz? Ol şol sakgaly bilen men diýen ýyrtyjyny öldürýär, şahlary bolsa hamyny soýýar. Iň gowusy, siz baryňda biziň kiçi doganymyz bilen oýnaň. Ol, ynha şu küde ýandagyň aşagynda ýatandyr — diýipdir.

Möjekler geçiniň ýanyndan aýrylyp, aýynyň üstüne barypdyrlar-da, ony gozgamaga başlapdyrlar. Aýynyň gahary gelip, her penjesi bilen bir möjegi urupdyr welin, möjekler uwlaşyp-uwlaşyp, guýruklaryny ýamyzlaryna gysypdyrlar-da gaçypdyrlar. Möjekler gaçanlaryndan soňra, geçi bilen goýun pişigi hem alyp, tokaýa gaçyp gidipdirler. Gaça-gaça ahyry ýene ýaňky möjeklere gabat geläýipdirler.

Bular başda näme etjeklerini bilmändirler. Soňra pişik bir agajyň iň ýokarsyna çenli dyrmaşypdyr. Geçi bilen goýun bolsa zordan orta gürpüne çykypdyr. Möjekler agajyň aşagynda durup, dişini gyjapdyrlar. Geçi bilen goýny iýesi gelendiklerini aýdyp, uwlaşmaga başlapdyrlar.

Pişik işiň ýamandygyny aňyp, arçanyň püründen ýolup, möjeklere tarap zyňyp ugrapdyr.

Pişik her zyňanda:

— Bir möjek, iki möjek, üç möjek. Ähli möjek doganlara! Men çal maňlaý pişik, iki möjegi süňkjagazlary bilen iýdim. Häzir bolsa men dok. Emma geçi dogan, sen aýylaryň yzyndan gidip, tutup bilmän geldiň. Meniň paýymy hem şolardan alaý — diýipdir.

Pişik bu sözleri aýdyp-aýtmanka, geçiniň oturan şahasy döwlüp, möjekleriň üstüne şakyrdap gaýdypyr.

Pişik bolsa:

— Tut ony, tut! — diýip gygyrypdyr.

Möjekler gokularyna aýak aldygyna gaçyp gidipdirler. Soňra geçi bilen goýun pişigi hem alyp, kempirden gaçyp gaýdanlaryna puşman edip, öýlerine gaýdypdyrlar. Bularyň sag-aman gelenine kempir örän begenipdir. Geçi bilen goýny bedejik bilen bakypdyr, pişige bolsa käsejige guýup, süýt beripdir.

## SERÇE BILEN SYÇAN[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, bir serçe bilen syçan bar eken. Bularyň hersi bir ýurtda ýaşaýan ekenler. Bu ikisi görüşmezden, biri-biriniň adyny eşidip, dost bolupdyrlar. Soň bir gün bularyň ikisi hem ýurdundan çykyp, bir-birini görmäge ugraýarlar.

Serçe bir günde kyrk menzil ýol ýörese, syçan kyrk günde bir menzil ýol ýöreýär eken. Şonluk bilen kyrk birinji güni bular biri-birine duşýar. Ilki görşüp, aman-saglyk soraşýarlar, soň syçanyň öýi ýakyn bolansoň, şoňa tarap ugraýarlar.

Ýolda baryşlaryna öňlerinden bir tomzak çykýar.

Bular ondan:

— Ýeri, Garahan, nireden gelip, nirä barýarsyň? — diýip soraýarlar.

[1] №696b F bukja. Ertekini 1936-njy ýylda Ahmet Ahundow ýazyp alypdyr.

Ol hem:

— Meniň dogry adymy tutuň, meniň adym Garahan däldir, kim maňa Garahan diýip aýtsa, ol maňa göwni ýetmän aýdýandyr. Meniň adym Tomuzgan baýdyr — diýen.

— Bar, Tomuzgan baý bolsun, nireden gelýärsiň?

— Şu ýakyn ýerde biri toý edýär. Şoňa çagyrylypdym.

— Ýolda-yzda näme gördüň?

— Üýtgeşik bir gören zadym-a ýok. Ýöne ýaňy ýolda gelşime bir harmanyň başynda bir garga bilen bir geçiniň dawa edip duranlaryna-ha gördüm.

— Olar nämäniň üstünde dawalaşýarlar?

— Aý, bilmedim. Geçi aýdýar. «Men haýwanlaryň mollasy, onuň üçin hem harmanda galan arpalar meniňki» diýýär. Garga hem: «Men ekilende-de, orlanda-da, döwlende-de ýanyndan aýrylmadym, şonuň üçin-de galak-gaçagy meniňki bolmaly» diýýär.

Syçan-da ony eşidip:

— Dat, serçe jan, ýöräweräli, bize hem zat ýetmezmikä? — diýip, ylgap şol harman jaýa tarap gidipdirler. Baryp görseler, hiç janly-jemende ýok diýýär.

Syçan ýoldaşyna garap:

— Serçe dost, sen maňa bir kömek et, ikimiz şu harmanyň başynda bir ammar gazaly. Şoňa gyş üçin azyk salyp goýaly, hem saňa, hem maňa bolar — diýip, duran ýerinden ammar gazmaga başlan. Serçeden oňa kömek bolmandyr.

Az salymdan syçan agzy dar, düýbi giň hin ýasap çykypdyr.

Soň syçan bilen serçe harman ýerdäki hemme dänäni şol hine daşapdyrlar. Hiniň agzyny bolsa gömüp, däneleri gyşa gamlap goýupdyrlar.

Şonluk bilen, aradan birnäçe gün geçipdir, aý geçipdir, ahyry gyş gelipdir. Bular ammary açmaly bolupdyrlar. Syçan ammaryň agzyny açyp, özi içine girip, garnyny doýrup çykypdyr. Serçe girjek bolupdyr weli, ammara sygmandyr.

Soň ol syçana garap:

— Syçan dost, men hem sygar ýaly, munuň agzyny biraz giňeltsene — diýipdir.

Syçan:

— Serçe dost, zähmetiň hemmesini diýen ýaly men çekendirin, onuň üçin rehnedini hem özüm göreýin. Sen bolsaň, men işlämde, ýöne ýanymda durupdyň, şonyňa hak bereýin — diýip, bir penje arpany serçäniň öňüne sepipdir.

Serçe gahar edip, olary-da alman:

— Indi ikimiziň dostlugymyz şunuň bilen gutardy — diýip, syçandan öýkeläp gidipdir.

Serçe şol barşyna bir garaguşuň ýanyna baryp, oňa arz eden.

— Syçan kim bolupdyr, seniň hakyňy iýerçe, ýör, sen maňa onuň bolýan jaýyny bir görkez — diýip, garaguş serçäni öňüne salyp gaýdypdyr. Şol wagtlar syçanyň hem hiniň daşyna çykyp, güneşläp oturan wagty eken. Syçan garaguşy yzyna düşürip gelýän serçäni görüp, gözüniň gytagy bilen seredip oturan.

Serçe şol gelşine yzyna gaňrylyp, garaguşa garap:

— Holha, syçan hininiň agzynda otyr, bildirmän üstüni basaýmasak, soň bize aldyrmaz — diýipdir.

Garaguş öz güýjüne buýsanyp:

— Göreris, nähili aldyrmaýşyny. Sen şu taýda dur — diýip, özi syçana topulypdyr.

Garaguş ýakyn gelende syçan hine giren. Garaguş badyny saklabilmän, özüni bat bilen ýere urupdyr. Şol ýerde hem jany çykypdyr.

Syçan bolsa öz zähmetini arkaýyn özi iýmäge başlapdyr.

## ÜÇ DOST[1]

Bir pyşbaga, bir ördek, bir sakarbalak – üçüsi dost bolup, bir kölüň ortasyndaky adada ýaşapdyrlar. Günlerde bir gün bu kölüň töwereginde bir mergen peýda bolup, aýlanyp başlapdyr. Ördek bilen sakarbalak muny aňlap, gaçmagy maslahat edişipdirler. Olar özleriniň dosty pyşdyl bilen hoşlaşmakçy bolup:

---

[1] №693 F bukja. Ata Salyhyň aýdan ertekilerinden.

Gardaş pyşdyl, biz-ä gidýäris, görýäs weli, bizi bu taýda goýmajaklar, senem sag bol — diýýärler.

Onda pyşdyl:

— Doganlar, nirä gitseňizem meni hem özüňiz bilen bile alyp gidiň — diýipdir.

Onda bular:

— Biz seni nädip alyp gidili, sen bir duran daş ahyry — diýýärler.

Onda pyşbaga:

— Nähili etseňiz ediň-de, meni hem şu ýerde galdyrmaň — diýýär.

Ördek pähimlenip, pyşdyly alyp gitmegiň ýoluny tapypdyr. Olar bir agaçjyk tapypdyr, ol agajyň bir ýanyny sakarbalagyň üstünde, bir ujuny hem öz üstünde goýup, boýunturuk ýaly edip, pyşbaga dostlaryna hem: «Agajyň ortasyndan pugta dişle-de otur!» diýip tabşyrypdyrlar. Pyşdyl hem tabşyryşlary ýaly edipdir. Şeýdip bu iki guş uçupdyr. Olar uçup barýarkalar, bir obanyň üstünden geçmeli bolupdyrlar. Şol wagt obanyň çetinde bir topar oglanjyklar oýnaşyp ýören ekenler, olar bu guşlary görüp:

— Päheý, hanha iki sany guş bir pyşbagany alyp barýar! — diýşip gygyryşýarlar.

Şol wagt pyşdyl:

— Bu men. Bu men… — diýip gygyrypdyr weli, aşak gütläp gaçypdyr.

Sakarbalak ördege:

— Dost, ol-a aşak gaçdy — diýen.

Onda ördek:

— Bizden gowyny tapýan bolsa gaçybersin, olam agzyna berk bolan bolsady, ýetjek ýerine ýeterdi — diýipdir.

Olar şeýdip aňyrlygyna baka uçup gidiberenler.

## TAPYŞYK ÝERI[1]

[1] №693 F bukja. Ata Salyhyň aýdan ertekilerinden.

Günlerde bir gün bir tilki bir kemput kagyzyny tapyp, ony maňlaýyna ýelmäpdir. Bu kagyzy bilen, ol bir süri tilkiniň arasyna barypdyr. Tilkiler:

— Ýeri dost, seniň maňlaýyňdaky näme? — diýip soranlar.

— Siziň habaryňyz ýok, men ömürlik arkaýyn ýaşamaga mergenlerden hat aldym, indi siz arkaýyn ýaşaberiň — diýen.

Tilkiler muňa şatlanyp, iýip-içip, seýle çykyp, bir oýa toplanyşyp, arkaýyn ýatýarlar.

Günlerde bir gün bir mergen bir süri tazysy bilen bu tilkileriň üstünden gelýär. Hatly tilki mergeniň gelýänini öňünden duýup, gaçyp başlaýar, beýlekilerem onuň yzyndan ökje göterýär. Mergeniň tazylary hem ala tozan turzup, häli aldymda-şindi aldym edip barýar. Onsaň tilkiler hatly tilkä:

— Dogan, hatyňy görkezsene! — diýip gygyran.

Onda hatly tilki:

— Aýdan kim, diňlän kim, ýöne gatyrak gaçyň! — diýip jogap beren.

Onda ol tilki:

— Onda, dogan, tapyşyk ýerimiz nire bor? — diýip sorapdyr.

Hatly tilki:

— Possun bazarynda tapyşarsyňyz — diýip, gaçyp giden.

Beýleki tilkiler bolsa, tazylaryň demine düşüp, mergeniň elinde galanlar. Mergen olaryň dersini sypyryp, possun bazarynda satanmyş.

## TOWŞAN BILEN PIŞIK[1]

Günlerde bir gün aýy, ýekegapan we tilki üýşüp, towşanyň öýüne gezmäge gelen pişigi aýynyň öýüne myhmançylyga çagyrmakçy bolýarlar. Towşana «Myhmanyňy alyp gel» diýip, habar  iberýärler. Özleri bolsa aýynyň öýünde palaw bişirmäge oturýarlar.

[1] №872 F bukja. Ertekini 1951-nji ýylda Mary raýonynyň (häzirki Mary etraby)  2-nji Gökje obasyndan Gurandurdy Esenow ýazyp alypdyr.

Şol wagt aýagyny ýere ýuwaşja basyp, gyrmyl-gyrmyl edip, syçan girip gelýär. Syçan bularyň ojak bejerip, odun aýryp, gara başlaryna gaý bolup ýörenlerini görüp:

— Ýeri, haw, bu bolup ýörşüňiz näme? — diýip soraýar.

Onda ojak bejerip, ýüzüni-gözüni palçyga bulap ýören ýekegapan kellesini galdyryp:

— Biziň dostumyz towşanyň öýüne adamzat arasyndan bir myhman gelipdir, şony biz hem myhmançylyga çagyrjak bolýarys — diýen.

Syçan:

— Ol nähili myhman? — diýip soraýar.

— Onuň adyna pişik diýýärler — diýip, ýekegapan jogap beren.

— Ahaw, zaluwatlar, eger ol geläýse, siziň hemmäňizi iýer. Görseňiz, ynha, bir şirjagazyň bardyr — diýip, olaryň ýüregine howsala salan.

Muny eşidip, ýekegapan, aýy, tilki we syçan dördüsi maslahat edýärler. Ahyry tilkini, entek towşandyr pişik gelmänkä, ony görüp gelmäge synçy edip iberýärler.

Tilki pişigi görmäge ugraýar, galanlary bolsa, palaw bişirmek bilen boluberýärler.

Tilki çöpden-çöpe, dagdan-daşa bukulyp, towşan dostunyň öýüne gelýär. Ol öýüň içine girmäge gorkýar. Öýüň işiginden yşyklap görse, bir kiçijik «ýolbars» myrlap ýatyr. Muny görüp, tilki ýuwaşlyk bilen yzyna çekilýär-de:

— Ahow, towşan dost, hany bir daşary çyk — diýip gygyrýar. Towşan bu sesi eşidip daş çykýar.

Tilki ondan:

— Ýeri, dost, myhmanyň ýaman bethaýbat görünýär-le, onyň nähili zat? — diýip soraýar.

Onda towşan:

— Heý, sen ýöne goýaý, hiç iýip doýanok. Şu wagt dokuz öküziň hamyny berip, zordan uklatdym — diýýär.

Tilki muny eşidip:

— Bo-how, syçanyň aýdýany dogry eken-ow — diýip, yzyna, öz ýoldaşlarynyň ýanyna gaýdýar.

Tilki olaryň ýanyna gelip, gören-eşiden zatlaryny ýoldaşlaryna birin-birin aýdýar. Bularyň hem ýüregine howsala düşýär. Soň olar bişirenje palawlaryny hem iýmän, hersi bir ýerde gizlenýär. Tilki daşyň syrtynda, aýy agajyň başynda, ýekegapan ojakdan çykan külüň içinde gizlenýär. Syçanjyk bolsa, pursatdan peýdalanyp, gazandaky palawdan garnyny doýrup, eliniň ýagyny murtuna çalyp çykyp gidýär.

Biraz wagtdan soň, pişik bilen towşan gelip, öýe girýärler. Görseler, öýde hiç kim ýok eken. Palaw bolsa gazanda bugaryp duran. Towşandyr pişik ikisi biraz garaşyp, soň ellerini ýuwup, palaw iýmäge başlaýarlar.

Pişik palaw iýip otyrka, küle gömlüp ýatan ýekegapanyň guýrugyna gözi düşýär. Onuň guýrugy gömülmän galaýan eken. Jontujak, çalja guýruk titräp duransoň, pişik hem syçandyr öýdüp, oňa garşy okdurylýar. Ýekegapan özüni iýer öýdüp, küli tozadyp göterýär ökjäni. Şol aljyraňňylykda aýynyň münüp oturan agajyna urlup ýykylýar. Pişik bolsa ýüzüniň ugruna agaja dyrmaşýar.

Agajyň üstünde oturan aýy: «Bo-how, bu zalym eýýäm ony-ha agzyna atdy, indi hem meniň kastyma düşdi» diýip, şol ýokardan özüni aşak goýberýär-de, güpüläp ýere düşýär. Onuň düşen ýeri hem ýekegapanyň üsti bolýar. Şondan ikisi hem alakjaşyp gaçyp gidýärler. Olar bir meýdan gaçyp, bir ýere baryp duranlarynda, bir ýerden tilki çykyp:

— Nätdiňiz aýt, sag-aman çykyp bildiňizmi? — diýip, özi hem sandyrap dur diýýär.

Onda aýy:

— Hawa, gören horlugymyzy hasap etmesek, sag-aman çykdyk — diýip jogap beren.

Bular şeýdip tirkeşip, aňyrylygyna gidiberýärler. Towşandyr pişik hem palawdan garynlaryny doýrup gaýdýarlar.

## JIK-JIKI[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Jik-jiki diýen bir guşjagaz bar eken. Jik-jiki joňk-joňk edip, ol agaçdan bu agaja böküp, uçup-gonup ýörkä, bir ýandagyň üstünden barýar. Ýandagyň gülüne, ýapragyna guwanyp, uçup, onuň üstüne gonanda, aýagyna ýandagyň tikeni urýar.

Jik-jiki muňa gamgyn bolup, tikenli ýandaga gaharlanyp:

— Seni geçi agama iýdirmesem bolmaz — diýip, uçup gidipdir. Baryp bir geçiniň ýanynda gonýar-da:

− Jik-jik etdi, jik-jige,  
Ýüwürip çykdy ýandaga,  
Ýandak urdy aýaga,  
Oturdy aglamaga −

diýip, yzyndan hem:

— Geçi aga, geçi aga, sen şol ýandagy iýip bermezmiň? — diýýär.

Geçi:

— Men bu ýerdäki gülli ýorunjany goýup, seniň tikenli ýandagyňa gitmen — diýipdir.

Geçiden bu gaýtargyny eşiden jik-jiki:

— Möjek agama aýdyp, sen geçini iýdirmesem bolmaz — diýip, uçup möjegiň ýanyna gidipdir.

Möjegiň ýanyna baryp:

— Möjek aga, möjek aga, şu ýerde bir päli azan geçi bar, şony iýip, meniň bir içimi sowatsana — diýýär.

Möjek:

— Bu ýerdäki guýrugy kersen ýaly semiz goýny goýup, men seniň arryk geçiňe gitmen — diýen.

Jik-jiki:

---

[1] №872 F bukja. Ertekini 1927-nji ýylda Hojaly Atanyýaz ogly ýazyp alypdyr.

— Men mergen agama aýdyp, seni atdyrmasam bolmaz — diýipdir.

Soň uçup, mergen agasynyň ýanyna barypdyr-da:

— Mergen aga, mergen aga, şu ýerde möjek bar, şony bir atyp bersene — diýipdir.

Mergen:

— Daranyşyp oturan meýdan horazlary we towuklary barka, olary goýup, men seniň porsy möjegiňi atmaga gitmen — diýipdir.

Jik-jiki:

— Baryp syçan agama aýdyp, seniň däri gutyňy deşdirmesem bolmaz — diýip, syçanyň ýanyna uçup gidipdir.

Jik-jiki syçanyň ýanyna baryp:

— Syçan aga, syçan aga, şu ýerde bir mergen bar, şonuň däri gutusyny deşip bersene — diýip ýalbaran.

Syçan:

— Men bu ýerdäki gyzyl harmany, alty aýlyk jöwenleri goýup, seniň däri gutyňy deşmäge gitmen — diýipdir.

Onda jik-jiki:

— Pişik agama aýdyp, sen syçany iýdirmesem bolmady — diýen.

Jik-jiki mundan uçup gidip, pişik agasynyň ýanyna barypdyr-da:

— Pişik aga, pişik aga, şu ýerde bir syçan bar, şony bir iýip bersene — diýipdir.

Pişik:

— Bu ýerdäki süýt bilen mele bugdaýyň nanyny goýup, seniň porsy syçanyňy iýmäge gitmen — diýipdir.

Jik-jiki:

— Garry mamama aýdyp, sen pişigi öldürtmesem bolmady — diýip, uçup giden.

Jik-jiki uçup barşyna, bir ýüň saýyp oturan garry mamanyň üstünden baran. Garry mama bolsa ýüňüni ýele bermejek bolup oturan eken.

Jik-jiki garry mama ýüzlenip:

— Garry mama, garry mama, şu ýerde bir pişik bar, şony urup öldürmeseň bolmady — diýen.

Garry mama pikirlenip, içinden: «Şu guşjagaz ýöne guş däldir. Şu guşjagaz geçdi weli, şemal ýatyberdi» diýip, ýerinden turup, hasasyny eline alyp ugrapdyr. Muny pişik görüp syçana, syçan däri gutuly mergene, mergen möjege, möjek geçä, geçi ýandaga tarap duran-duran ýerlerinden turup topulýarlar.

Jik-jiki bularyň hemmesiniň mamadan gorkup, öňki öz islän zatlaryny ýerine ýetirmäge gidişlerine begenip, bökjekläp gaýdypdyr.

## GUÝRUGY GYZYL TILKI[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, gadym zamanda bir aldawçy tilki bar eken. Günlerde bir gün aldawçy, guýrukman tilki agynamak üçin, bir uly ýola baryp, eýläk-beýläk guma togalanypdyr. Tilki öz ýanyndan hondan bäri gomalyp durka, onuň üstünden bir hatar kerwen gelipdir. Tilki ol kerweni gören badyna beýle ýanyndaky sürene kürsäp urupdyr. Aňyrdan ýadap gelýän kerwenler şu ýerde ýük ýazdyryp, üç günläp dynç almagy makul görüpdirler. Tilki olar eýýäm gidendir öýdüp, süreniň agzyna gelende, olaryň hümürdilerini eşidip yzyna çekilipdir. Ýene yzly-yzyna seredipdir weli, olar heniz hem gitmändirler. Tilki olaryň entek gitmejegine gözi ýetensoň, aç-suwsuz ýatmaga razy bolupdyr. Kerwenler üç güni geçirip, dördünji gün gitmekçi bolanlarynda, olaryň bir suw küýzeleriniň gulpy döwlüpdir. Kerwenler hem hälki gulpy döwük küýzäni tilkiniň süreniniň agzyna taşlap gidipdirler. Boş küýzäniň agzyna ýel düşüp, seslenip başlaýar. Tilki hininiň agzyna gelip, çykmakçy bolanda, hälki küýzäniň sesini eşidip:

— Baý-bow, bu gün dört gün boldy, bu gitmän geçenler gitjek dälmikä? — diýip, ýene yzyna çekilipdir. Tilki az garaşyp, köp garaşyp, ahyrda açlygyndan ölere gezek gelensoň, nätjegini bilmän:

---

[1] №806 F bukja. Ertekini 1946-njy ýylda Tejen raýonyndan (häzirki Tejen etraby) Çary Karabekow ýazyrp alypdyr.

— Aç ölenimden-ä her zat edenimem gowudyr — diýip, bat alyp, süreninden çykyp gidipdir. Bir wagtdan soň yzyna garap görse, süreniň agzynda adam ýaly bolup, bir döwük küýze ýatan eken.

Tilki ony gören badyna:

— Hä... küýzejik, sen meni dört gün aç goýduň. Garnymy doýrup gelemsoň, seni bir edişime seret — diýip gidipdir.

Tilki az ýöräp, köp ýöräp, bir bölek etiň üstünden baryp, ony iýjek bolupdyr. Emma ol ýerde gapan gurulgydygyny bilip, iýip bilmän gaýra çekilipdir. Onýança aňyrdan bir möjek gelip:

— Ýeri, tilki dost, nämä aňalyp dursuň? — diýipdir.

Tilki möjege garap, ýalym-ýulum edip:

— Salawmaleýkim, möjek aga! — diýipdir.

Şonda möjek:

— Şunça salam bermedik bolsaň, seni lak-luk atardym — diýipdir.

Tilki gorkusyna ýaranjaňlyk edip:

— Hawa, munyň-a bolmajak zat däl, ýöne meni lak-luk atýançaň, hol eti lak-luk at — diýip, eti görkezipdir.

Möjek tilkiniň bolşuna has geňirgenip:

— Beýle taýyn et barka, sen näme üçin iýmediň? — diýipdir.

Tilki:

— Men seniň geleriňe goýdum — diýende:

Möjek:

— Bu et süýjümikä? — diýip sorapdyr.

Tilki:

— Elbetde, süýjüdir, etiň hem ajysy bolarmy? Maňa galsa-ha lak-luk edäýjek — diýipdir.

Onda möjek tilkä garap:

— Işdäň sogan alýarmy? Ýok... tilki dost, bu etden sen tamakin bolma — diýip, baryp, eti iýmekçi bolanda, aýagy gapana düşüpdir. Möjek aýagynyň

agyrysyna çydap bilmän, ikibaka urnup, daş-töweregini ala-tozan edipdir. Uly sesi bilen gygyryp uwlapdyr. Tilki bolsa möjege garap:

— Hä, möjek dost, sen gaty batyrsyň, seniň gözüň entek näme görýär — diýip, ýaňky eti özi alyp iýipdir.

Möjek tilkä boýun burup:

— Jan tilki dost, meniň şu tozanda bulaşyp ýatyşyma seniň haýpyň gelenokmy? Gaýta sen maňa gyjalat berip, hemle urýarsyň — diýip ýalbarypdyr.

Tilki bolsa möjegiň üstüne abanyp:

— Seniň asyl gözüň gyzarypdyr, indi aýagyň gapanly, gözüňi mölert-de ýatyber — diýip gidipdir.

Onsoň ýaňky tildki hälki küýzäniň ýanyna baryp, ony suwa gark edip öldürmekçi bolupdyr. Tilki ýaňky küýzäni öz guýrugyna pugta daňyp, süýräp suwuň içine oklapdyr. Küýzäniň agzyndan suw girip, lakyrdap başlapdyr.

Tilki bolsa oňa:

— Gap sesiňi, näme öljegiňe gülýärmiň — diýip haýbat atypdyr. Emma küýze şonda-da sesini goýman, gaýta suw girdigiçe has gaty lakyrdap başlapdyr.

Tilki oňa:

— Sesiňi gap diýdigim gap, bolmasa gark bolup ölersiň — diýip, ýene haýbat atypdyr. Emma gitdigiçe küýzäniň içiniň suwy köpelip, tilkiniň guýrugyna agram salyp başlapdyr, ol barha agralyp, tilkini suwuň düýbüne dartyp ugrapdyr.

Tilki küýzäniň yzy bilen suwa gark bolup barýanlygyny duýansoň, çydap bilmän:

— Eý, waý, küýze jan, guýrugymy gopardyň-la, meni goýber, men ýalňyşdym — diýip, ýalbaryp başlapdyr. Emma tilki näçe ýalbarsa-da, küýze ony goýbermän, gaýta barha aşak dartypdyr.

Küýzäniň gazabyna düşen tilki özüniň sag-aman sypmajagyna mazaly göz ýetirensoň:

— Goýber, dogan küýze, men ölýän — diýip bat bilen yzyna dyzanda, guýrugy sypba-sypyrylyp, gyzyl guýruk tilki bolup, suwdan çykypdyr. Şol wagtlar hem hälki gapana düşen möjek gelip:

— Ýeri, tilkijik, ele düşmen öýtdüňmi? — diýip, tilkiniň ýanyna barypdyr.

Ýaňky tilki bolsa gorkan öňürder edip:

— A-how, möjek dost, sen maňa näme üçin ajyňy pürkýärsiň? Näme men seniň bereniňi iýmedimmi? — diýipdir.

Möjegiň tilkä içi ýanyp duransoň:

— Näme üçin sen meni aldap, gapana düşürdiň? Indi seniň gözüň näme görerkä, sen bir dur bakaly — diýip, haýbat atyp başlapdyr.

Onda tilki oňa:

— Aý, goýa, ol nähili tilkidi? — diýip, mönsürän bolupdyr.

Onda möjek:

— O nähili tilkidi diýip bilmediksirän bolma-da, aýagy töle — diýipdir.

— Ahaw, möjek dost, seniň aýagyň maýyp bolmagyna nähili tilki sebäp boldy, gyzyl guýruk tilkimi ýa-da sümek guýruk tilkimi? — diýip soran bolupdyr.

Onda möjek:

— Guýrug-a edil sümek ýalydy öz-ä — diýipdir.

— Onda ol seniň diýýän tilkiň men däl, men guýrugy gyzyl tilkilerdendirin, ynanmasaň, guýrugymy göräý — diýip, dym-gyzyl bolup duran guýrugyny görkezipdir.

Şeýdip tilkijik ýene-de möjegi aldap, gaçyp gidipdir.

## NADARA TILKIJIK[1]

Bir bar eken, bir ýok eken gadym zamanda bir tilkijik bar eken. Ol göçülen ýurtlaryň ýerinde sümsünip gezip ýörşüne ýarty ikbaş tapýar. Bu tapan ýarty ikbaşyny alyp, bir öýüň işiginden baryp salam berýär. Öýüň eýesi munuň salamyny alyp:

— Geleweri, tilki dost! — diýýär. Tilki, şeýlelik bilen, bu öýe myhman bolup ýatýar. Ertir bilen turup ýaňky tilkijik aglaberýär.

Öý eýesi:

---

[1] №872 F bukja. Ertekini 1935-nji ýylda Mürze Hüseýin oglundan Muhammet Ataşow ýazyp alypdyr.

— Ýeri, tilki dost, sen näme üçin aglaýarsyň? Saňa näme boldy? — diýýär. Tilki aglamagyny dowam edip:

— Gije ýatyrdym welin, başujymda bir şakyrdy boldy. Men hem ertirden soň turup seretsem, başujymdaky bitinje ikbaşym bardy, şol döwlen eken. Meniň şol ikbaşymy bitinje edip bermeseňiz aljak däl — diýýär. Öý eýeleri tilkijige bitinje ikbaş berip, ony ýola salýarlar.

Tilkijik ýola düşüp gidip barýarka, öňünden bir obalyk çykýar. Tilkijik bir öýe baryp myhman bolýar. Agşam ýatyp, ertir turanda ol ýene-de aglamaga başlaýar.

Öý eýesi:

— Eý, tilki dost, näme aglaýarsyň? Saňa näme boldy? — diýip, tilkijikden soraýar.

Tilkijik:

— Men agşam gelip ýatamda, ikli ikbaşym bardy welin, indi diňe ikbaşym galypdyr. Indi şony igi bilen bermeseňiz aljak däl — diýip, öňküsinden hem beter aglaýar.

Öý eýesi:

— Tilki dost, goý, aglama, ikbaş bilen igiňi beräeris — diýip, oňa bir ikbaşly ik berip, ýola salýarlar.

Tilkijigiň öňünden ýene bir oba çykýar. Tilkijik ýene-de bir öýe myhman bolýar. Agşam ýatyp, ertir turanyndan soň, ýene aglamaga başlaýar. Öý eýesi onuň näme üçin aglaýanyny soranda tilki:

— Men agşam gelip ýatamda bir zadym bardy welin, siz şony alypsyňyz. Indi meniň şol zadymyň ýerine ýagly kümeç bermeseňiz aljak däl — diýýär. Onuň ýagly kümeç diýýäni çörek ekeni. Öý eýeleri tilkijige çörek berip, ony ýola salýarlar.

Tilkijik çöregi alyp barýarka ýene bir obanyň üstünden barýar we bir öýe myhman bolýar. Ol ir bilen turup, ýene-de aglamaga başlaýar.

Öý eýeleri:

— Ýeri tilki dost, sen näme aglaýarsyň? Saňa näme boldy? — diýip soraýarlar.

Onda tilki:

— Men agşam ýatamda başujumda ýagly çöregim bardy. Şony gije siziň çagalaryňyz iýipdir. Indi şonuň ýerine gaty gowy ýagly döş bermeseňiz alman — diýip, öňküsi ýaly aglap oturypdyr. Öý eýeleri muňa ýaglyja döş berip ýola salypdyrlar.

Tilkijik ýol bilen gidip barýarka, öňünden çykan obada bir öýe baryp, ýene-de myhman bolupdyr. Ol ertir turup:

— Men agşam ýatamda, başujumda bir ýaglyja döşüm bardy. Şony gije siz alypsyňyz. Indi şonuň ýerine bir gurjak gyz bermeseňiz aljak däl — diýip, uly ili bilen aglamaga başlapdyr. Ahyry öý eýeleri näme etjeklerini bilmän, oňa bir gurjak gyz berip ýola salypdyrlar. Tilkijik az ýöräp, köp ýöräp, ýene-de obaçylyga baryp ýetýär. Obanyň bäri başyndaky öýe baryp myhman bolupdyr. Tilkijik ertir bilen turup, ýene-de aglamaga oturýar.

Öý eýesi:

—Tilki dost, saňa näme boldy? Näme üçin aglaýarsyň? — diýip sorapdyr.

Tilkijik:

—Men agşam gelip ýatanymda bir gyzjagazym bardy, şony siz gurjaga öwrüpsiňiz. Indi şonuň ýerine janlyja gyz bermeseňiz alman — diýip, öňküsi ýaly aglapdyr.

Öý eýesi:

— Tilki dost, aglama, geregiň bir gyz bolsa beräeris — diýip, bir güjügi torba salyp, ony tilkiniň arkasyna daňypdyrlar-da, ýola salyp goýberipdirler. Tilki gidip barýarka arkasyndaky güjük çyňsaýar. Tilkijik torbasyndakyny çagadyr öýdüp, ony hüwdülän bolup, ýoldaky eden işlerini aýdýar:

Ýüwrüp-ýüwrüp çapanym,
Ýarty ikbaş tapanym.
Ol boldy bitinje ikbaş,
Bitinjäm ikli ikbaş.

Huwwa janym, huwwa-hüw.

Ikli ikbaş, ýagly kümeç
Ýagly kümejim ýagly döş.
Ýagly döşüm gurjak gyz.
Gurjak gyzym dirije gyz
Huwwa janym, huwwa-huw.

Tilkijik hernäçe hüwdilese hem, güjük sesini goýmaýar. Ahyrsoňy tilkiniň gahary gelip, arkasyndaky çagany ýere bulap urýar welin, görse onuň alyp barýany güjük eken. Bu güjük ýerinden turup, tilkä topulýar. Tilkiniň ýüregi ýarylan ýaly bolup gaçýar. Güjük hem yzyndan kowýar. Tilkijik bir hine girip, zordan öz janyny ölümden gutarýar.

## GAPLAŇ, PIL WE ÝOLBARS[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, bütün jandarlaryň hemmesi gepleşip bilýän mahalynda meýdan haýwanlaryndan gaplaň, ýolbars we pil üçüsi bir-birlerine duş gelýärler we kimiň güýjüniň zordygyny bilmek maksady bilen özara güýç synanyşmagy maslahat edýärler. Bular ýakyn ýerde ýaşaýan aýynyň örän berk edilip salnan öýüni itip agdarmaklygy şertleşýärler. Aýynyň öýüniň ýanyna barýarlar.

Pil:

— Gaplaň, sen öňünçä synanyp gör? — diýip aýdýar. Onda gaplaň:

— Men onuň ýaly owunjak işlere elimi hem degirmerin. Başga näme et diýseňiz ederin, nämäni at diýseňiz hem ataryn. Emma bular ýaly bolgusyz işlere murtumy bulajak däl — diýipdir.

Onda pil:

— Sen biziň at diýen zadymyzy atarmysyň? — diýip soraýar. Gaplaň:

[1] №872 F bukja. Ertekini 1951-nji ýylda Mary raýonynyň (häzirki Mary etraby) 2-nji Gökje obasyndan Gurandurdy Esenow ýazyp alypdyr.

— Hawa, meniň sözüm birdir. Ýa ataryn ýa-da özümi öldürerin — diýen.

Pil gaplaňyň garagulakdan gorkýanyny bilip, oňa:

— Bolýar, beýle bolsa, men garagulakdan gorkyma giýjeler ýatyp bilemok. Sen iň gowusy şony atyp beräý — diýipdir. Gaplaň pişikden uly bolmadyk garagulagyň adyny eşidip, dili tutulyp, gepläp bilmän durýar. Sebäbi gaplaň garagulakdan gorkunjyna gijeler ýatyp bilmän, çagasy bolsa hem agzyna alyp gezer eken.

Gaplaň bu tabşyrylan işi edip bilmän ýeňlen. Pil özüniň syçandan gorkýanynyň üsti açylaýmanka:

— Men şol aýynyň öýüni ýykaýyn — diýip aýdypdyr.

Onda ýolbars:

— Bolýar, ýör ýyksaň — diýip barýarlar. Pil aýynyň öýüni itip agdaryp göýberýär-de:

— Ine, indi boldumy? — diýipdir.

Onda ýolbars:

— Sen bu şerti bitirdiň, oňa köp sag bol. Emma «Syçança duşmanyň bolsa, arslança gör» diýipdirler. Şol aýdylyşy ýaly, biziň bir kiçijik duşmanymyz syçan bar. Her gün öýden çykanymyzda öýde goýan zadymyzy öz hinine daşap gutarýar. Syçanyň hininde biziň zadymyz örän köp. Seniň bolsa burnuň uzyn. Sen indi burnuňy syçanyň hinine sokup, syçany öldürip, biziň zatlarymyzy alyp ber. Bolmasa biz seni atyp öldüreris — diýip aýdan.

Piliň özi hem syçandan gorkup ýatyp bilmeýärdi. «Ýatsam syçan burnuma girer» diýip gorkýardy. Bular bolsa pile: «Burnuňy hine sokup syçany öldür» diýýärler.

Onda pil:

— Siz onda maňa bir gün rugsat beriň. Meniň öýümde syçanyň hinini gazýan kepjäm bar. Şony alyp geleýin — diýip, gaçyp gitjek bolan.

Ýolbars:

— Bolýar, bar gidip gel, emma örän tiz gel! — diýip tabşyrýar.

Pil bularyň rugsat berenlerine begenip gidýär. Bir depe ara salanda öňünden iki sany mergen çykyp, muňa tüpeňlerini çeneýärler. Şonda pil elini galdyryp:

− Haý, mergenler meni atmaň! Men size ýagşy iki sany aw tapdym, bärik geliň − diýip, mergenleri çagyrýar. Mergenler gelýär.

Mergenleriň biri:

− Hany aw ýa sen bizi aldadyňmy? − diýen.

Pil:

− Siz meniň bilen ýöriň. Meniň gapdalymdan aýrylmaň. Men size iki sany aw görkezerin. Siz hem ikisini hem atyp öldüriň − diýen. Mergenler piliň diýenini edip, onuň gapdaly bilen baryberipdirler.

Pil bulary gaplaň bilen ýolbarsyň ýanyragyna eltýär welin, mergenler hem gaplaň bilen ýolbarsy atyp öldürýärler. Mergenler gaplaňyň we ýolbarsyň derisini soýup alýarlar-da, pili tüpeň tutup gorkuzyp, obalaryna alyp gaýdýarlar we eldeki edip, ondan peýdalanýarlar.

## GYSSANAN TILKI[1]

Bir tilki guýrugyny süpürgi ýaly sömeldip, leňk-leňk edip ýörkä, bir awçy taza gabat gelýär. Awçy tazy tilkini görüp, kowup başlaýar. Tazy tilkiniň yzyndan ýetip aldym-berdime salyberýär. Tilki örän gyssanypdyr. Şonda tilki

− Ýa, Bahaweddin diwana, ýoluňa bir put dary. Şu beladan meni gutar − diýip aýdypdyr. Şondan soň tilkiniň sapalagy artyp, tazydan gutulypdyr. Soň ýaňky tilki bir depäniň üstüne çykyp dynjyny alyp,şeýle diýipdir:

− Eý, akmak Bahaweddin diwana, men bir adam bolmasam, meniň ýerim, ekinim, suwum bolmasa, ol daryny saňa nireden alyp berer öýdýäň?!

Biraz wagtdan hälki tazy ýene-de ýaňky tilkä gabat gelip, ony kowup başlaýar. Tazy bu sapar tilkini örän ahmyrly kowup, aldym-berdime salan. Şonda tilkiniň ýadyna ýene-de Bahaweddin diwana düşüpdir. Tilki, örän gyssanyp:

[1] №872 F bukja. Ertekini 1951-nji ýylda Mary raýonynyň (häzirki Mary etraby) 2-nji Gökje obasyndan Gurandurdy Esenow ýazyp alypdyr.

– Ýa, Bahawetdin diwana, daşdyr tereziň bolsa tizräk alyp ýetişeweri – diýip, bogazyna sygdygyndan gygyrmaga başlapdyr.

Bu sapar tilkiniň sesini eşiden hem bolmandyr. Tazy bolsa, tilkiniň yzyndan ýetip, ony dessine gaňryp basypdyr.

## POSSUNÇY TILKI[1]

Bir wagtlar bir tilki aç galyp, iýmäge hiç zat tapman, özüne aw gözläp ýören eken. Bir wagt bu tilkiniň öňünden çopan çykdy.

Çopan tilkä garap:

— Hä, tilki dost, bu ýerde näme işläp ýörsüň? – diýdi. Onda tilki çopana näme jogap berjegini bilmän ahyrynda:

— Meniň özüm possunçy, şonuň üçin possun tiker ýaly deri gözläp ýörin — diýdi. Onda çopan tilkä garap:

– Maňa hem bir possun dikip ber – diýdi. Tilki hem:

– Bolýar – diýdi.

Çopan:

– Näçe goýundan bir possun bolýar? – diýip, tilkiden sorady. Tilki:

– Otuz goýundan bir possun bolýar. Her gün üç goýundan getirip beriber – diýdi.

Çopan her gün üç goýundan getirip berýän eken. On günde otuz goýun getirip berdi. Tilki bu goýunlaryň hemmesiniň etlerini iýip, derilerini hem gömdi.

Günlerde bir gün çopan gelip:

– Tilki aga, possuny tikdiňmi? – diýdi. Tilki muňa näme jogap berjegini bilmän:

– Possunyň hemme ýerini tikdim. Emma ýakasy bilen etegine şirazy guzynyň derisi gerek – diýdi.

Onda çopan:

[1] №872 F bukja. Ertekini 1951-nji ýylda Mary raýonynyň (häzirki Mary etraby) 2-nji Gökje obasyndan Gurandurdy Esenow ýazyp alypdyr.

− Men ony hem alyp geleýin – diýip öýüne gitdi. Tilki bolsa «Indi bu çopandan nähili gutularkam» diýip, pikirlenip duran wagty, çopan bir sany şirazy guzyny alyp geldi. Tilki hem guzyny alyp:

− Çopan aga, ertir gel, şoňa çenli men possunyňy tikip goýaýyn – diýdi. Çopan bolsa, arkaýyn bolup öýüne gaýtdy. Tilki bu guzynyň-da etini iýip, derisini hem owalky derileriň ýanynda goýdy. Tilki gije ýatdy, oýlandy, ahyrynda näme etjegini bilmän, ertesi turup, bu ýerden gaçyp gitdi. Birnäçe sagatdan soň, çopan hem gelip, tilkiniň öýüne seretdi. Görse tilki nirede, zat nirede, possun üçin beren goýunlarynyň derileri hem gömülgi eken. Çopan muny görüp, tilkiniň yzyny alyp, kowup başlady. Tilki hem gaçyp baryp, bir hine girdi. Çopan şol hiniň ýanyna gelip, näme etjegini bilmän ahyrynda: «Men şu ýerde gitmän duraýyn, belkem, tilki ajygyp hininden çykar, ondan soň, tilkini tutup, goýunlarymy tapdyryn» diýip, pikirlenip oturdy.

Gün ýaşyp, howa garaňkyrap başlady. Çopan gaty ajykdy. Tilki bolsa, hininden çykmady, ahyry çopan näme etjegini bilmän, bir ýerden agzy döwük küýze tapyp, onuň agzyny şemala tarap öwrüp, tilkiniň hininiň ýanynda goýdy. Küýzäniň içine şemal girip, «howlap» başlady. Çopan, bolsa öýüne gitdi. Tilki hem bu küýzäniň sesini eşidip: «Heniz hem bu çopan otyr, eger çykaýsam, hökman meni tutup öldürer» diýip oýlandy. Biraz wagtdan soň, tilki hem ajygyp öler ýaly boldy.

Ol näme etjegini bilmän, ahyrynda: «Näme bolsa şol bolsun, indi şu hiniň içinde açlykdan ölenimden meýdana çykyp, çopanyň elinden öleýin» diýip, bat alyp, hinden çykyp gaçdy. Beýleräk baryp seretse, hiç kim görünmedi, diňe bir agzy döwük küýzäniň içine şemal girip, ses edip duran eken. Tilki:

− Sen, küýzejik, meni birnäçe günden bäri aç goýup, köp gynanyň üçin men hem saňa azap bererin − diýip, küýzäniň bokurdagyndan ýüp daňyp, ýüpüň bir ujuny hem özüniň guýrugyna daňyp, nirede tikenli ýandakly, gyzganly ýer bolsa süýredi. Küýze ýerden süýrelende «jyryň, jyryň» ses etdi.

Tilki küýzä garap:

− Hä, seniň öýüňi ýykmadymmy, ýene-de sen meni aldarmyň? − diýip, muny öňkünden hem beter tikenli ýerlerden süýredi. Ahyrsoňunda:

− Sen küýzäni suwa gark etmesem bolmaz − diýip, derýanyň ýakasyna baryp, küýzäni suwa zyňdy. Küýze bolsa tilkiniň guýrugyna daňylgydy. Küýzäniň içi suwdan dolup, tilkini hem derýanyň içine çekip başlady. Tilki özüniň hem derýa çümjegini duýup, bar güýjüni toplap, öňe tarap zor bilen dyzady weli, küýze onuň guýrugyny gopardy. Tilkiniň guýrugy jontuk bolup galdy. Possunçy tilki özüniň ýoldaşlarynyň ýanyna bardy. Barsa, ýoldaşlarynyň ýedi sanysy duran ekeni. Ýoldaşlary bu tilkiniň guýrugyny görüp gülüşdiler. Ondan soň munuň adyna «Jontuk tilki» diýip at goýdular. Guýrugy jontuk tilkiniň bolsa, ýoldaşlaryna gahary gelip, şolardan aryny almagyň pikirini edip geziberdi.

Günlerde bir gün bu tilkileriň üzüm iýesi gelip, bir baýyň bagyna üzüm ogurlamaga gitdiler. Üzümligiň içine baranlaryndan soň, guýrugy jontuk tilki ýoldaşlaryndan aryny almak maksady bilen olara garap:

− Eý, dostlar, üzüm iýeniňizde guýrugyňa ýüp daňyp iýseň, gaty süýji bolýar. Geliň, siz guýruklaryňyzy üzüme daňyň, men bolsa, guýrugym bolmany üçin alaçsyz galýaryn − diýdi.

Ýoldaşlary munuň sözüne ynanyp, hemmesi guýruklaryny üzüm agajyna daňdylar we üzüm iýip başladylar. Birden üzümiň eýesi geläýdi. Tilkiler muny görüp gaçmakçy bolup, zor bilen bökdüler welin, hemmesiniň guýrugy ýolunyp galdy. Şeýdip, guýrugy jontuk tilki hem ýoldaşlaryndan aryny aldy.

## TILKI HEM GEÇI[1]

Bir tilki çöl meýdanda gezip ýörkä, birden gurruguň içine düşüpdir. Ondan çykyp bilmän, birnäçe gün şol gurruguň içinde galypdyr. Bir gün ol gurrugyň ýanyndan geçip barýan geçi baryp, gurrugyň agzyndan garasa, ine, onuň içinde bir tilki dur. Geçi ol tilkä garap:

---

[1] №872 F bukja. Ertekini 1951-nji ýylda Mary raýonynyň (häzirki Mary etraby) 2-nji Gökje obasyndan Gurandurdy Esenow ýazyp alypdyr.

− Ýeri, dogan, sen bu gurruň içinde näme işleýärsiň? − diýip sorapdyr

Tilki:

− Meýdan örän yssy, durar ýaly däl. Bu ýer bolsa gaty salkyn hem örän süýji suwly. Sen hem bu yssyda meýdanda ýanyp-bişip ýörenden meniň ýanyma geläý − diýip, geçini öz ýanyna çagyrypdyr.

Geçi tilkiniň sözüne ynanyp, gurruga düşüpdir. Düşen wagty tilkini aýagy bilen basyp, tas mynjyradan ekeni. Şondan soň näme etjegini bilmän aljyrapdyr. Tilki bolsa derrew geçiniň boýnuna ilişip, gurrugyň daşyna towsyp çykypdyr-da geçä garap:

− Eý, akmak geçi, indi tä ölýänçäň gurrugyň içinde galyber. Seniň sakalyň şunça uzyn bolsa-da, akylyň ýok ekeni – diýip gaçyp gidipdir.

Soň şol ýerde goýun bakyp ýören çopanlar geçiniň çekireýän – gygyrýan sesini eşidip gelip, ony gurrukdan çykaryp, ol beladan halas edenmişler.

## PIŞIK BILEN SYÇAN[1]

Bir bar eken, bir ýok eken, bir wagt bir il söküp ýören syçan bar eken. Ol syçan şol gezip ýörşüne bir ýerden bir çakmak daşyny tapan. Ol çakmak daşyny biraz wagt göterip: «Men çopan bolmasam, ot ýakmasam, maňa çakmak daşy nämä gerek» diýip taşlapdyr.

Ýene-de ýurt söküp aýlanyp ýörkä bir aşyk tapan. Muny hem göterip ýörip: «Men oglan bolmasam, oýnamaga ýoldaşym bolmasa, aşygy näme edeýin» diýip taşlapdyr.

Soň ýaňky syçan ýene-de sümsünip aýlanyp ýörkä, bir tokga duz tapypdyr. Ony ak gantdyr öýdüp girt-girt edip iýipdir. Ol duzuň şory syçanyň kellesine urupdyr, syçany huşsuzlandyrypdyr.

Syçan arak-şerap içip, huşsuzlanan ýaly özüni mes bolan şekilli duýupdyr. Soň syçan dik oturyp şeýle diýipdir:

[1] №872 F bukja. Ertekini 1951-nji ýylda Mary raýonynyň (häzirki Mary etraby) 2-nji Gökje obasyndan Gurandurdy Esenow ýazyp alypdyr.

− Arak içip, mes bolupdyr bu syçan,
Pişik gelse, bir danyşjak bu syçan.

Guýrugyny tarp-tarp edip, ýere urup duran syçanyň atýan bu haýbatyny bir pişik eşidip duran eken. Pişik ýere bagryny berip, bukulyp baryp syçanyň bogazyndan tutup:

− Ýaňky aýdan sözleriň bilen eden haýbatyňy ýene bir gaýtala − diýip soran. Şonda syçan:

− Bilmezlikden aýtdyk bir söz hanymyz,
Ýuwaş gys peňjäňi çykdy janymyz

diýip, pişige ýalbaryp başlapdyr. Emma onuň peýdasy bolmandyr. Şeýlelik bilen, pişik ol syçany iýipdir.

## TILKIDEN ALDANAN ŞAGAL[1]

Öň zamanda bir garryja aýal bar eken. Bu aýal örän garry bolany üçin, özüne oňşuk bolar ýaly bir towuk basyrypdyr. Bu towuk birnäçe jüýje çykarypdyr.

Towujyk öz jüýjejiklerini ekläp ýörýär. Günlerden bir gün bir şagal garrynyň bujagaz towugyny alyp gaçýar. Bu garryja pahyr näme ederini bilmän, bagyryp başlapdyr. Munuň sesine ondan-mundan adamlar ylgaşyp gelýärler:

— Näme boldy? — diýip soraýarlar.

Garryja aýal:

— Öýüne ot düşmüş şagal meniň birtopar jüýjämi ýetim goýup, bir ullakan ene towugymy alyp gaçyp gitdi – diýip gygyrypdyr.

— Eý, garry, towugyň gaty ulumydy?

— Hawa, meniň towugym 5-10 gadak bardy — diýen.

Bu söz bu ýerde galsyn, indi habary towugy ogurlap giden şagaldan eşidiň. Şagal towugy alyp barşyna öňünden bir tilki çykýar. Ajygyp barýan tilki şagaldan:

— Şagal dost, bu aýalyň galmagaly näme? — diýip soraýar? Şagal:

---

[1] №872 F bukja. Ertekini 1951-nji ýylda Mary raýonynyň (häzirki Mary etraby) 2-nji Gökje obasyndan Gurandurdy Esenow ýazyp alypdyr.

— Aý, tilki dost, bizä bu garry aýalyň aýda-ýylda bir towugyny aldyk. Bu garry başymy bizara goýdy. «Meniň towugymyň pylança jüýjesi bardy, agramy pylança gadakdy» diýip, halys bizarymy çykardy — diýip jogap berýär.

Onda tilki:

— Näçe gadak şagal dost? Belki, garryja pahyryň aýdaýany dogry bolaýmasyn. Sen şol towugy maňa ber, men bir saldamlap göreýin — diýýär.

— Onuň ýaly bolsa, hany bir gör-le dost — diýip, şagal towugy tilkä berýär-de, özi depä çykyp yzyna seredýär. Tilki agramyny gören bolup, ýagşyja ýerine ýetirip, bu towugy iýýär.

Ondan soň şagal gelip:

— Hany, tilki, dost gördüňmi? Garryja aýalyň aýdany dogry ekenimi? — diýip soraýar.

— Şagal dost, bar aýt, şol garryja aýal ýalan sözläp agzyna gelenini ýaňrap ýörmesin. Bäş gadak, on gadak diýip ýören towugy zordan bir adama nahar boldy — diýip, tilkijik gidiberen. Towuk ogurlan şagalyň özi hem tilkiden aldanyp, aç galypdyr.

Atalar sözi: «Ogrudan ogurlasaň, Taňryň gülesi geler».

## BÄŞ OWLAKLY GEÇI[1]

Bir bar eken, bir ýok eken. Bir wagt bir basa-baslyk bolan eken. Hemme kişi obadan mal-garasyny we zatlaryny alyp göçüpdir. Ýurtda bir bogaz geçi galan eken.

Günlerde bir gün bu geçi guzlapdyr. Onuň bäş owlagy bolupdyr. Biriniň adyna Helili, ýene biriniň adyna Jelili, üçünjisiniň adyna Hyştserdennur, dördünjisiniň adyna Daraýy, bäşinjisiniň adyna Derbike diýer eken.

Geçi her gün bulary öýde goýup, gapyny gulplap, özi otlamaga we çagalaryna ot getirmäge gider eken. Gapydan gelende: «Helili, Jelili, Hyştserdennur, Daraýy,

[1] №872 F bukja. Ertekini 1951-nji ýylda Aşgabat raýonyndan Çary Durdy ogly ýazyp alypdyr.

Derbike, garagan iýdim ganym köpeldi, süýtleňňeç iýdim süýdüm köpeldi, şahym bilen ot getirdim, emjegim bile süýt getirdim gapyny açyň» diýer eken. Onsoň çagalary gapyny açar ekenler, ýogsam açmaz ekenler.

Günlerde bir gün bir möjek geçiniň aýdýanlaryny öwrenipdir. Geçi gapyny gulplap gidenden soň, möjek ýaňkylary sanap: «Gapyny açyň» diýýär. Olar öz enelerimikä diýip gapyny açýarlar. Möjek bularyň hemmesini iýýär.

Geçi gelip: «Helili, Jelili, Hyştserdennur, Daraýy, Derbike, garagan iýdim, ganym köpeldi, süýtleňňeç iýdim, süýdim köpeldi, şahym bilen ot getirdim, emjegim bilen süýt getirdim, gapyny açyň» diýýär. Gapy açylmaýar. Şahy bilen itýär welin, gapy açylýar. Görse, çagalary ýok eken. Geçi çagalaryny gözlemäge çykýar. Gözläp ýörkä, bir şagala sataşýar. Geçi:

− Eý, şagal, meniň çagalarymy sen iýdiňmi? − diýip soraýar. Şagal:

− Ýok, men iýemok, ýöne hol taý-da bir möjek bar, şondan sora − diýýär. Geçi möjegiň ýanyna barýarka öňünden bir tilki çykýar. Geçi:

− Eý, tilki, meniň çagalarymy sen iýdiňmi? − diýýär. Tilki:

− Men iýemok, ýöne hol taýda möjek bardyr, şondan sora − diýýär. Ondan soň, geçi az ýöräp, köp ýöräp, möjegiň ýanyna barýar we möjege:

−Sen meniň çagalarymy tap! − diýýär.  Möjek:

− Men iýemok – diýýär.

− Iýmeseň hem sen tap! − diýip, ikisi köp dawalaşýarlar.

Ahyrda ikisi ertir kaza gitmekçi bolýarlar. Ondan soň, geçi agşam süýdüni bişirip, basyryp, gowy gatykdan bir ýanlyk edip, ertesi arkasyna göterip, kazynyň ýanyna gidýär. Agşam möjek hem hapa zatlardan bir ýaglygy doldurýar. Ertesi ýaglygyny arkasyny atyp, kazynyň ýanyna ugraýar. Bular kazynyň ýanyna barýarlar.

Kazy möjegiň sowgadyny açyp görse, onuň içindäki zatlar tamyň içini ysdan doldurýar. Onda geçi:

− Meniňkini hem açyp gör − diýýär. Kazy açmajak bolýar. Ahyrda geçi ýalbaryp açdyrýar. Görse, bir oňatja gatyk eken.

Kazy:

− Näme arzyňyz bar? − diýip soraýar.

Geçi:

− Şu möjek meniň çagalarymy iýipdir − diýýär. Onda möjek:

− Iýemok − diýýär.

Ondan soň kazy möjegiň dişlerini sogrup, geçiniň şahlaryna ýiti demir geýdirýär we:

− Hany, ikiňiz uruşyň − diýýär. Ondan soň geçi bilen möjek ikisi uruşýarlar. Ahyry geçi möjegiň garnyndan şahyny ildirip silkýär. Möjegiň garny ýarylýar. Geçiniň çagalary hem möjegiň içinden çykýarlar. Geçi kaza sag bolsun aýdyp, çagalaryny yzyna tirkäp gaýdyberýär. Gelip, öňki ýerlerinde, öňki dessurda ýaşamaga başlaýarlar.

**MAZMUNY**

**Kimiň ýaşy uly?.....................................................**

**Möjek bilen tilkiniň dostlugy.................................**

**Ýylan, çybyn we garlawaç...................................**

**Aýrylmaz dostluk.................................................**

**Horaz bilen it……………………….........................**

**Aýdymçy horaz……………................................**

**Towuk bilen tilki....................................................**

**Möjekleri gorkuzan geçi bilen goýun......................**

**Garganyň, tilkiniň we syçanyň dostlugy..................**

**Ýylan bilen garga..................................................**

**Eşegiň, horazyň hem geçiniň döwleri aldaýyşlary.....**

**Iki tilkijigiň dostlugy................................................**

**Toty we tilki...............................................................**

**Guş toýy..................................................................**

**Küýzeden ýeňlen tilki...........................................**

**Tilki bilen şagal.....................................................**

**Gurt bilen tilki......................................................**

**Tilkiniň ýolbarsy ýeňşi..........................................**

**Tilkiniň aw awlaýşy………...............................**

**Şermende şagal......................................................**

**Öküz bilen eşegiň möjekleri gorkuzyşlary..........**

**Almytyny alan möjek..........................................**

**Möjegiň geçiden ýeňlişi..........................................**

**Goýun bilen möjegiň dawasy.................................**

**Gülki bolan tilki.....................................................**

**Ylgasy gelen tilki................................................**

**Möjegi aldan tilki...............................................**
**Hokgar bilen şagal.........................................**
**«Aý, şagaldyr-da…».......................................**
**Kyrk kelleli ýylan..................................................**
**Sütemkär ýolbars...............................................**
**Gurbaganyň gyzyny alan gögeýin........................**
**Gargadan ýeňlen tilki.........................................**
**«Gülme goňşyňa...»...........................................**
**Tilkiniň baýramy................................................**
**Guýa düşen tilkijik............................................**
**«Gorkana goşa görner»........................................**
**«Azyrganan aç galar»...........................................**
**«Kör hasasyny bir aldyr»....................................**
**Akylly guşjagaz.............................................**
**«Buz üstünde tozan arama»................................**
**Pyşdyl, keýik we garga üçüsiniň dostlugy..........**
**Jögi ýolbars.......................................................**
**Şärikli ekin....................................................**
**Tilkiniň käbä gidişi.........................................**
**Bedeneden aldanan tilki.................................**
**Towuklaryň patyşasy .....................................**
**Agzybir keýikler.............................................**
**Aw paýlaşygy.................................................**
**Serçeler..........................................................**
**Bezzat horaz......................................................**
**Pişik bilen syçan.............................................**
**It bilen horazyň dostlugy .................................**
**«Düşünesiň gelse, dost gazan...».......................**
**Öýkelän bedenejik...........................................**
**Dostuna haýynlyk eden tilki ............................**

**Betnebis doňuz...............................................**

**Ökünen gurbaga..............................................**

**Aldanan möjek.................................................**

**«Ol meniň pälimden...».....................................**

**Üç öküz hem bir ýolbars..................................**

**Gaz hem durna................................................**

**Garynja we kepderi..........................................**

**Gurbaga we içýan.............................................**

**Ýolbars we syçan............................................**

**Düýe bilen eşek...............................................**

**Gotur  tilki ......................................................**

**Mesirgän eşek..................................................**

**Dil — bela, diş — gala.....................................**

**Sopy bolan pişik...............................................**

**Bäş dostuň bir duşmany...................................**

**Kim nämeden gorkdy?!.....................................**

**Pilden ar alnyşy...............................................**

**Uçmagy höwes eden gurbaga...........................**

**«Tozany gapan eýesi gelende görersiň...»........**

**Eşek bilen öküz...............................................**

**Pişik, geçi we goýun.......................................**

**Serçe bilen syçan............................................**

**Üç dost..........................................................**

**Tapyşyk ýeri...................................................**

**Jik-jiki............................................................**

**Guýrugy gyzyl tilki.........................................**

**Nadara tilkijik ................................................**

**Gaplaň, pil we ýolbars....................................**

**Gyssanan tilki..................................................**

**Possunçy tilki..................................................**

**Tilki hem geçi....................................................**
**Pişik bilen syçan................................................**
**Tilkiden aldanan şagal......................................**
**Bäş owlakly geçi...............................................**